***TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI***
***TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY***

*Nepesowa B.*

# “PUDAGYŇ YKDYSADYÝETI”

***Aşgabat 2010***

# Giriş.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda täze Galkynyşyň zamasynda tutuş ýurdymyzy gurşap alan beýik özgertmeleri türkmen halky agzybirlik we jebislik bilen durmuşa geçirýär.

Ajaýyp ösüşleri gazanmaga, hil taýdan täze sepgitlere ýetmäge işgärleriň döwrebap hünärlik derejeleri, adamlaryň intelektual mümkinçilikleriniň giňden açylmagy hem-de ruhy taýdan üznüksiz baýlaşmagy ýardam berýär. Munuň üçin mähriban ýurdumyzda maddy önümçilik we durmuş pudaklary bilen ugurdaş adamynyň ruhuny galkyndyrýan milli gymmatlyklary, şanly seneleri dabaralandyrýan toý-baýramlaryň giňden tutulmagy üçin ähli işler döredilýär.

Berkarar demokratik türkmen döwleti täze Galkynyşyň zamanasynda adamy iň ýokary gymmatlyk diýip yglan etdi. Bu kadany Hormatly Prezidentimiz “Döwlet adam üçindir” ýörelge boýunça gyşarnyksyz durmuşa geçirýär. Türkmen döwletiniň binýadynyň pugtalanmagy, sagdyn jemgiýetiň gurulmagy, raýat jemgiýetiň emele gelmegi, demokratiýanyň mundan beýläk-de dabaralanmagy üçin giň ýol açyldy.

Türkmenistanyň suw-energetike we ekologiýa howsuzlygy, ýaragsyzlanmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary BMG-sy goldaýar we olara ýokary baha berýär. Bu syýasat diňe türkmen halkynyň däl, eýsem tutuş dünýä bileleşiginiň bähbitlerine laýyk gelýär we derwaýys meseleleriň çözülmegine ýardam berýär. Paýtagtymyzdaky BMG-nyň Merkezi Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi, üstaşyr energiýa geçirijileriň howpsyzlygy baradaky Rezolýusiýa, döwlet Baştutanymyzyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sessiýalarynyň wise-başlyklygyna saýlanmagy şu ugurda işleriň netijelidiginiň mysallarydyr.

Ýurdumyzda kanunçylyk demokratiýa esasda kämilleşýär: eýeçiligiň dürli görnüşleri hereket edýär, döwlet

tarapyndan goraglygy üpjün edilýär, kiçi we orta telekeçilik üçin ýeňillikli şertler, umumy orta bilimiň hökmanylygy, onuň döwlet mekdeplerinde mugt, şeýle hem belli tertipde tölegli hem bolmagy we başgalar.

BMG-nyň bilim, ylym we medenýet meseleleri boýunça guramasy ÝUNESKO hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna uly goşandy üçin Hormatly Prezidentimize “Awisenna” Altyn medaly gowşyryldy.

Türkmen tebigatynyň täsin künjekleri Süýnt Hasardag, Badgyz, Amyderýa, Repetek, Hazar, Köýtendag goraghanalaryny, Garagum kölüni Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak barada ÝUNESKO guramasy bilen teklipleriň üstünde işlenilýär.

Dünýä ýurtlarynyň oba we suw hojalygy boýunça alymlary Garagumda “Altyn Asyr” türkmen kölüniň daşky gurşawy sagdynlaşdyrmaga, suw serişdelerini rejeli peýdalanmaga diňe Türkmenistan üçin däl, sebitiň hem ekologiýa howpsyzlygyny üpjün etmekde ähmiýetiň ulydygyny belleýärler. Suwarymly ýerleri zaýalanmakdan, öri meýdanlaryny drenaj suwlaryndan gorap saklamaga, giň tarp ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik döredýär. Häzirki wagtda bu ägirt uly desganyň ikinji nobaty güýçli depginde gurulýar.

Tükmenistan döwleti jemgiýetiň sagdyn bolmagy barada yzygiderli alada edýär. BMG-nyň neşe serişdelerine gözegçilik maksatnamasy boýunça hyzmatdaşlyk edýär we bu ugurda maglumat – utgaşdyryjy merkezini döredýär.

Kanunçylygyň kämilleşmegi ýurdumyzda oba ilatynyň durmuş ýaşaýyş şertlerini 2020-nji ýyla çenli özgertmäge mümkinçilik berdi. Oba ýerlerinde multymediýa tehnologiýaly we interaktiw usully çagalar baglary, umumy orta we ýokary mekdepler gurulýar, medenýet öýleri, kitaphanalar açyldy, medenýet we sungat, sport ugurlary boýunça hem mekdepler işleýär, degişli binalar desgalar işe girizilýär.

Türkmen halkynyň milli gymmatlyklary halkara kadaly bilen sazlaşykly alnyp barylýar we umumy adamzat

bähbitlerine hyzmat edýär. Galkynyş, Agzybirlik, Türkmenistanyň Konstitusiýasy röwşen geljegimiziň nurana binýadydyr, asylly durmuşy gurmakda ruhlandyryjy güýçdir.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleň talyplary, magisterleri, bakalawyrlary, aspirantlary we pudagyň,kärhanalaryň, kompaniýalaryň ykdysadyýetini öwrenmek bilen gyzyklanýan ähli şahslar üçin niýetlenen.Okuw kitaby nebit gaz toplumynyň kärhanalarynyň ykdysadyýet işiniň (hereketiniň) esaslaryny öwrenmäge bagyşlanan

Okuw kitaby aşakdaky görkezilen baplardan ybarat.

1-nji Bap. Türkmenistanyň nebit gaz pudagy
2-nji Bap.Ýurduň nebit gaz resurslaryny dolandyrmak
3-nji Bap.Nebit gaz toplumynyň kärhanalarynyň esasy fondlary (gaznasy)
4-nji Bap.Nebit gaz toplumyndaky kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleri.
5-nji Bap.Nebit gaz toplumynyň kärhanalardaky işgärler we olaryň zähmet haky.
6-njy Bap.Nebit gaz pudagynda önümçilik borçlanmalarynyň emele gelşi.
7-nji Bap. Kärhanada nyrhyň emele gelmesi
8-nji Bap. Senagat önümçiliginiň gazanjy we peýdalylygy.

# I BAP
# Türkmenistanyň nebit gaz pudagy

## 1.1.Türkmenistanyň nebitgaz pudagy täze galkynyşlar eýýamynda.

Türkmenistanyň nebitgaz senagaty we mineral serişdeler ministrligi ýataklary işläp geçmegiň, mineral-çig mal serişdelerini netijeli peýdalanmagyň merkezleşdirilen dolandyrylyşyny amala aşyrýar, şeýle hem bu babatda bitewi döwlet syýasatynyň ýöredilmegini üpjün edýär. Miniştrligiň borçlaryna nebitgaz pudagyny ösdürmegiň uzak möhletleýin maksatnamalaryny we geljek üçin meýilnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de seljerme işlerini geçirmek girýär. Ministrlik nebitgaz toplumynyň işni utgaşdyrýar we onuň ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Nebitgaz senagaty we mineral serişdeler ministrligiň we ýurduň nebitgaz toplumynyň öňünde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen başlanan ägirt uly özgertmeler bilen baglylykda täze wezipeler durýar.Ýurdy gözüň alnynda özgerdýän, ýurduň ykdysady we medeni durmuşyny täze derejelere ýetirýän iri möçberli özgertmeler her bir türkmenistanlynyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. „Döwlet adam üçindir“ we „Adam döwlet üçindir“diýen şygarlar bu syýasatyň ýüze çykmasy bolup durýar. Ykdysadyýetiň ösdürilmegi bilen birlikde önümçiligi ösdürmekde innowasion çemeleşmelere, iň öňdebaryjy tehnlogiýalary özleşdirmäge, hyzmatdaşlar bilen ilerleýän hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga, halkara tejribesiniň gazananlarynyň iň oňatlaryny peýdalanmaga bolan zerurlyk hem artýar. Türkmen senagatynyň iň esasy pudagy bolan nebitgaz toplumy täze talaplara laýyk gelmeli, ýokary netijeliligiň we bäsdeşlige ukyplylygyň nusgasyny görkezmeli. Bular barada ministrlik tarapyndan neşir edilýän

„Türkmenistanyň nebit, gaz we mineral serişdeleri“ atly ýöriteleşdirilen žurnal hem jikme-jik gürrüň berýär.

Türkmenistanyň Nebitgaz senagaty we mineral serişdeler ministrliginiň düzümine içerki bazary nebit önümleri we harytlyk ýaglar bilen üpjün etmekde esasy orny eýeleýän „Türkmennebitönümleri“ Baş müdirligi hem girýär. Nebit önümleri we harytlyk ýaglar nebit bazarlarynda lomaý, ulaglara ýangyç guýýan beketleriň ulgamynda bolsa bölekleýin ýerlenilýär.

Öten ýyl Aşgabatda we onuň eteklerinde ulaglara ýanfyç guýýan häzirki zaman beketleriňulgamy işe girizildi. Ulaglara ýangyç guýýantäze beketler iň ýokary hil standartlaryna laýyk gelýär. Dolandyryş tutuşlygyna kompýuterleşdirilip, olar häzirki zaman enjamlarynyň kömegi bilen dolandyrylýar, ulanylýan tehnologiýa bolsa ekologik howpsuzlygyň ähli talaplaryna laýyk gelýär. Ulaglara ýangyç guýýan täze beketler hyzmatlaryň dürli görnüşlerini edýärler. Şeýlelikde, ulaglara ýangyç guýýan beketlerde ulaglary ýuwýan bölümler, tehniki hyzmat merkezleri we ätiýaçlyk şaýlary dükanlary işleýär. Öňdebaryjy tehnologik enjamlar nebit önümleriniň hiline birsyhly gözegçilik etmäge we ýangyç saklanýan çelekleri ygtybarly ulanmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanda her bir awtoulag eýesine her aýda 120-200 litr benzin mugt berilýär, bu bolsa dünýä tejribesinde ilkinji gezek duş gelýär.

## 1.2.Hyzmatdaşlyk – ösüş ýoly.

Nebitgaz toplumyny üstinlikli dolandyrmak, onuň öňünde durýan wezipeleri çözmek üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky nebitgaz serişdelerini dolandurmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi döredilip, ol önjeýli işleýär.

Agentligiň esasy wezipesi maýa goýum tekliplerine garamak, uglewodorod serişdelerini ulanmaga ygtyýarnama

bermek, gepleşikleri geçirmek, turba geçirijilerini gurmak we ulanmak boýunça daşary ýurtly guramalar bilen şertnamalar baglaşmak bolup durýar. Önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşygyň (ÖPY) çäklerinde agentlik tarapyndan gözleg-barlag taslamalaryna we işläp düzmelerboýunça taslamalara ygtyýarnama berilýär. Häzirki wagtda şeýle ylalaşyklaryň esasynda Türkmenistanda gury ýerde we deňizde daşary ýurtly kompaniýalar tarapyndan 7 sany taslama amala aşyrylýar.

Malaýziýanyň „Petronas Cari gali” kompaniýasy 1996-njy ýylda gol çekilen önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşyga laýyklykda Hazar deňzinde „Toplum-1“ şertnamalaýyn çäginde işleri alyp baryp, 2006-njy ýyldan bu ýerden nebit çykarmak işlerini alyp barýar. Gyýanly şäherçesindäki kenarda deňiz platformalaryny ýygnamak býunça toplum ýygnaldy. Şu ýerde hem „Toplum-1“ şertnamalaýyn çäginde gazylyp alnan gazy daşary ýurtlara ibermäge taýýarlaýan enjam gurnalýar.

„Dragon Oil“ kompaniýasy (Birleşen Arap Emirlikleri) 1999-njy ýylda gol çekilen önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşyga laýyklykda Hazar deňzinde „Çeleken“ şertnamalaýyn çäginde işleri alyp barýar. Kompaniýa „Jeýtun“ we „Jygalybeg“ nebit ýataklaryndan nebit çykarýar. Olar özlerine harçlanan maýa goýumlaryny eýýäm ödediler, indi bolsa girdeji bermäge başladylar.

Önümleri paýlaşmak baradaky ýene-de iki sany ylalaşyga laýyklykda, hazar deňziniň türkmen böleginde gözleg – barlag işleri alnyp barylýar. 2002-nji ýylda gol çekilen ylalaşyga laýyklykda , „Toplum 11-12“ şertnamalaýyn çäginde „Wintershall holding AG“ kompaniýasy (Germaniýa), taslamanyň dolandyryjysy Daniýanyň „Maersk oil“ komýaniýasy we Hindistanyň „ONGG Mittal Enerji ltd.“ kompaniýasy işlerýär. 2007-nji ýylda gol çekilen ylalaşyga laýyklykda, „Toplum-3“ şertnamalaýyn çäginde Kanadanyň „Burried Hill“ kompaniýasy iş alyp barýar.

Önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşyga laýyklykda, gury ýerde alnyp barylýan gyzykly taslamalardan köp zatlara

garaşylýar. Şeýlelikde, „Hazar“ şertnamalaýynçäginde „Turmennebit“ döwlet konserni we Awstriýanyň „Mitro International“ kompaniýasy tarapyndan düzülen konsorsium eýýäm 9 ýyl bäri üstünlikli işläp gelýär. Şonuň ýaly-da „Nebitdag“ şertnamalaýyn çäginde goýýan maýa goýumlaryny „Burren RPL“ kompaniýasy hem (Beýik Britaniýa) eýýäm ödedi we girdeji alýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 17-nji iýulynda Hytaý Halk Respublikasyna sapary mahalynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky nebitgaz peýdalanmak baradaky döwlet agentligi bilen „CNPC“ kompaniýasynyň arasynda Amyderýanyň sag kenaryndaky „Bagtyýýarlyk“ şertnamalaýyn çägindäki önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşyga gol çekildi.Hytaýly hyzmatdaşlar gaz ýatagyny özleşdirýärler, üpjünçilik desgalaryny, gazy gaýtadan işleýän zawody gurýarlar. Iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň bu ugry „Türkmenistan – Hytaý“ gaz geçirijisiniň gurluşygynyň iri taslamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Türkmen tebigy gazyny daşary ýurtlara ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýa etmekde bu hyzmatdaşlygyň ähmiýeti uludyr.

Täze Galkynyşlar zamanasynda ýurdumyzyň nebitgaz pudagyny ösdürmekde daşary ýurt maýadarlaryny çekmäge täze mümkinçilikler açylýar. Munuň üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen işlenip düzülen „Uglewodorod serişdeleri hakynda“ Türkmenistanyň Kanuny ygtybarly hukuk binýadyny döredýär. Bu ugurda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky nebitgaz peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň alyp barýan işleriniň aýatyn ähmiýeti bardyr. Ol döredileni bäri dünýäniň dürli ýurtlaryndan onlarça daşary ýurt kompaniýalary uglewodorod serişdelerini gözlemek we işlemek boýunça taslamalara gatnaşmaga isleg bildirdiler.

Belli halkara kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk etmek uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryny özleşdirmäge

we olary dünýä bazarlaryna eltmegiň ýllaryny diwersifikasiýa etmäge birinji derejeli ähmiýet berýän Türkmenistanyň dünýäniň energetika döwleti hökmünde sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmegi we öz orunlaryny has-da berkitmegi iri halkara taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň kepilliklerininiň biridir.

## 1.3.„Gara altyn“ – ýurdumyzyň we dünýäniň bähbidine.

„Türkmennebit“ döwlet konserni iri önümçilik-hojalyk toplumy bolup, ol nebitgazly ýataklary gözlemek we işläp taýýarlamak işlerini alyp barýar, pudagyň ösüşiniň sasy maksatnamalarynyň toplumlaýyn çözgüdini üpjün edýär.

Häzirki wagtda „Türkmennebit“ döwlet konserni 25 sany nebitgaz ýatagyny işläp taýýarlaýar, uglewodorodlaryň çykarylyşy ýylyň-ýylyna artýar.

Konserniň düzümine nebiti, gazy kondensatyny çykarmagy, gözleg barlag we ulanyş guýylaryny burawlamagy, uglewodorodlary turba geçirijiler arkaly ibermegi, ýataklaryň, gaz gysyjy beketleriň we saýlaýjy enjamlaryň gurluşygyny we abadanlaşdyrmagy, guýylaryň düýpli we ýerasty abatlamak işlerini üpjün edýän onlarça kärhanalar girýär. Konserniň düzümine „Nebitgazylymtaslama“ ylmy-barlag we taslama instituty , awtomatiki we barlag ölçeg abzallary, ulag we ýörite ualaglar hem-de mehanizimler gulluklary, nebit enjamlaryny abatlaýan zaod we beýleki hyzmat ediş gulluklary hem girýär. Döwlet konserni ýurduň ösüşine, onuň dünýä ykdysadyýetine işjeň garnaşmagyna goşan goşandy üçin abraýly halkara baýraklary bolan „Altyn globusa“ 1994-nji ýylda Londanda we „Platina ýyldyzyna“ 1999-njy ýylda Madridde mynasyp boldy.

Döwlet konserni gazylyp alynýan uglewodorod çig malynyň möçberini durnukly artdyrýar. Geçen 2008-nji ýylda döwlet konserniň nebitgaz çykarýan ýataklarynda 517,5 müň

tonna nebit köp çykaryldy, bu bolsa ondan öňki ýylyň görkezijileri bilen deňeşdirilende 107göterime deň boldy. „Türkmennebit“ döwlet konserni 25 sany nebitgaz ýatagyny işläp taýýarlaýar, uglewodorod çig malynyň çykarylyşy artýar, täze ýataklar özleşdirilýär. Konsern diňe bir işlenip taýýarlanylýan ýataklary burawlamak bilen çäklenmän, eýsem täze meýdançalarda geologiýa gözleg işlerini hem amala aşyrýar, olaryň netijesinde nebitgaz ýataklarynyň sany artýar. Şeýlelikde, geçen ýylyň dekabr aýynyň ortalarynda öňden meşhur bolan Körpje gaz ýatagynyň golaýynda konsernirawçylary tarapyndan täze Altyguýy nebitgaz ýatagy açyldy. Täze ýatakdaky 1-nji guýynyň bir gije-gündizde berýän nebitiniçneri 100 tonnaan geçýär. Şu ýylyň başynda bolsa bu guýuda ýene-de bir täzelik boldy barlanan ikinji ýatakdan gazyň güýçliakymy açyldy. Nebitçileriň şeýle açyşlary az däldir.

Soňky ýyllarda Günbatar Türkmenistanda innowasion inženerçilik çözgütlerini, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň tejribesini ulanmak arkalay häzirki zaman nebitgaz üpjünçilik gurluşy döredildi. Nebitgaz guýulary burawlamak, düýpli abatlamak, nebitgazly ýataklaryň we nebit turba geçirijileriniň enjamlaryny täzelemek, täze turba geçirijilerini gurmak üçin konsern birnäçe daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

Şeýlelikde, daşary ýurtly potratçylaryň gatnaşmagynda Goturdepede we Barsagelmezde gaz gysyjy beketler guruldy. Körpeje ýatagyndaky iň häzirki zaman kompressor bekedi „Mann Ferrostal“ nemes kompaniýasynyň gatnaşmagynda guruldy, şu ýerde gazy toplumlaýyn taýýarlaýyş enjamy hem işleýär. 2006-njy ýylda häzirki zaman Körpeje – Balkanabat nebit geçiriji-termosy ulanyşa girizildi. Şu günler nebit geçirijisini göni Türkmenbaşy şäherine çenli çekmek işleri alnyp barylýar, bu bolsa Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna nebiti gaýtadan işlemek üçin netijeli ibermäge mümkinçilik berer. Ýerli potratçy guramalar

Uzboý – Belek nebit geçirijisiniň durkuny täzediler, Goturdepe ýatagyndaky guýulary ulanmagy gazlift usulyna geçirdiler, Nebitlije ýatagyny abadanlaşdyrdylar.

Häzirki wagtda „Türkmennebit“ döwlet konserni tarapyndan önümçilik üpjünçilik infrastrukturasyna degişli birnäçe ähmiýetli desgalar gurulýar. Olara  kuwwatlygy ýylda 3 mlrd. Kub metr gaza barabar bolan „Keýmir“ gaz gysyjy bekedi we ýylda 2 mlrd. Kub metr gaza niýetlenen „Hazar“ bekedi, Jebel-Türkmenbaşy magistral nebit geçirijisi degişlidir. Körpejede we Ýaşyldepede  gaz gysyjy bekerleri, şeýle hem uzynlygy ýüz kilometrden gowrak bolan Goturdepe-Jebel-belek nebit geçirijisini gurmak göz öňünde tutulýar. Soňky ýyllarda pudagyň ösüşine uly üns berlip, onuň ösüşine ep-esli serişdeler goýberilýär, daşary ýurt maýa goýumlary çekilýär. „Türkmennebit“ döwlet konserniniň ähli kärhanalary Germaniýada, ABŞ-da, Hytaý Halk Respublikasynda, Russiýada öndürilen iň täze enjamlar we tehnikalar bilen üpjün edilen. Burawçylar ZJ-70DS kysymly täze enjamlary Hytaýdan, Russiýanyň „Uralmaş“ zawodyna aldylar. Olar 7 müň metre çenli çuňlugy burawlamaga ukyplydyr. Bularyň ählisi miesin gatlaklaryndaky nebitiň täze çuň ýataklarynyaçmaga, özleşdirmeküçin elýeterli gorlaryň möçberini ep-esli giňeltmek mümkinçilik berýär. Düýpli abatlaýyş kärhanalary Hytaýyň ýük göterijiligi  120 tonbna çenli bolan XJ-250, 350, 450 kysymly enjamlary bilen üpjün edildi. Nebiti çykarmagyň möçberleriniň artmagy nebit ýataklarynda iň täze häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna mümkin bolýar. Olara wintli sorujy we ýokary basyşly gazlift, guýularda ikinji dilkawlary kesmek, guýularda we turba geçirijilerinde parafin çökündileriniň döremeginiň garşysyna gatlaklardaky suwlary aýyrmak üçin innowasion çäreleriň toplumyny ýerine ýetirmek, guýularyň düýpli abatlaýyş işleri geçirilende ýerast baýlyklaryň alnyşyny artdyrmaga ukyply bolan çeýe turbalary özleşdirmek degişlidir.

Ýudumyzyň esasy kärhanalarynyökmünde „Türkmennebit“ döwlet konserni durmuş-ykdysady ugurlary ösdürmäge hem az goşant goşmaýar.Konserniň işjeşmagynda Balkan welaýatynda durmuş maksatly desgalaryň onlarçasy guruldy.olaryň arasynda Nebitçileriň bejeriş-anyklaýyş merkezi we Medeniýet köşgi, „Nebitçi“ stadiony, „Nebitçi“ myhmanhanasy, sport toplumy, birnäçe orta mekdepler, çagalar baglary we beýlekiler bar.

„Türkmennebit“ döwlet konserni täze görnüşli şäherçeleriň nusgalyk görnüşi hökmünde hasaplanýan Esenguly etrabynda gurlan durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygynyň esasy buýrujysy bolmak bilen, ýurdumyzyň sebitleriniň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmegiň uly möçberli maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge hem gönüden-göni gatnaşýar.

## 1.4.„Mawy ýangyjyň“ çykarylyşyny artdyrmak.

Türmenistan – Merkezi Aziýa sebitinde „Mawy ýangyjy“ daşary ýurtlara iberilýän iri döwletleriň biri bolmak bilen, eýýäm ýakynýyllarda onuň tebigy gazyň çykarylyşynyň möçberini artdyrmaga mümkinçiligi bar. Şonuň ýalyda tebigy gazy dünýä bazarlaryna çykarmagyň diwersifisirlenen ulgamyny döretmek bilen, biziň ýurdumyz gazy dünýäde daşary ýurtlara iberýän iri döwletleriň biri bolmak mümkinçiligine eýedir. Bu şertler ilkinji nobatda türkmen hünärmenleri tarapyndan baha berlen we halkara kompaniýalarynyň auditorçylyk barlaglary bilen tassyklanan tebigy gazyň ägirt uly gorlarynyň bardygy bilen delillendirilýär.

Gaz pudagynyň esasy maksady uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryny ýurdumyzyň mundan beýläk hem ösüşiniň we halkyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagynyň hatyrasyna ulanmak arkaly Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny berkitmekden ybaratdyr. Gaz ulgamynda esasy

işler „Türkmengaz“ döwlet konsernine degişli bolup , onuň wezipesine „Mawy ýangyjy“ ýerli we daşary ýurtly sarp edijilere bermek arkaly ýerasty baýlyklary netijeli we rejeli ulanmaklyk girýär. Dünýäniň energetika howsuzlygyny, türkmen gazyny daşary ýurtlara ibermegiň köpugurly görnüşlerini üpjün etmäge Türkmenistanyň garnaşmagynyň ýurduň Prezidenti tarapyndan yglan edilen esasy ugurlary bilen baglylykda bu wezipäniň möhümligi hasda artýar.

Türkmen gazçylary 40 ýyl bäri önjeýli işleýärler, ýöne görnetin netijeleri gaz senagaty diňe döwlet garaşsyzlygy ýyllary içinde gazandy. Türkmenistanda häzirki zaman infrastrukturadesgalary guruldy, onlarça önümçilik kuwwatyklarynyň durky täzelendi. Munuň netijesinde ýylyň-ýylyna gazylyp alynýan tebigy gazyň we öndürilýän suwuklandyrylan gazyň möçberleri durnukly ösýär. Şeýle hem ýylyň-ýylyna tebigy gazy we ony gaýtadan işlemekden alynýan önümleriň daşary ýurtlara iberilişi artýar. Şunlukda daşary ýurtlara iberilýän gymmatly ýangyjyň hili halkara derejesindäki standartlara ýetirildi. Şeýlelikde „Türkmengaz“ döwlet konserni 2005-nji ýylda geçirilen „Gazy arassalaýyş-2005“ atly halkara konferensiýasynda baş diploma eýe boldy. Ol konferensiýada Türkmenistan gaz pudagynda ekologiýa taýdan arssa we adamyň saglygy hem-de daş töwerek üçin howpsua önümçiligi gurnap bilen döwlet hökmünde ykrar edildi.

Häzirki wagtda “Türkmengaz” döwlet konserniniñ işi gazly we gaz kondensatly ÿataklary işlemegi, tebigy gazy çykmagy we gaÿtadan işlemegi, gazy, gaz kondensatyny we suwuklandyrylan gazy içerki bazara we daşary ÿurtlara ibermegi, şeÿle hem daşary ykdysady gatnaşyklaryñ täze görnüşlerini ösdürmegi öz içine alÿar.

Häzirki günde “Türkmengaz” döwlet konserniniñ düzümine “mawy ÿangyjyñ” gazylyp alnyşyna, daşalyşyna, suwuklandyrylan gazyñ önümçiligine we sarp edijileriñ üpjünçiligine jogap berÿän birnäçe kärhanalar girÿär. Olara

“Marygazçykaryş”, “Döwletabatgazçykaryş”, “lebapgazçykaryş”, “Türkmengazgaÿtadanişleÿiş” müdürlikleri , “Türkmenburgaz” tresti, şeÿle hem “Türkmentransgaz” we “Türkmengazüpjünçilik” birleşikleri girÿär. Ýokarda görkezilen kärhanalardan başgada kömekçi düzüm bölekleri hem hereket edÿärler. Olara çüwdürümlere garşy harbylaşdyrylan gullugyñ müdirligi şeÿle hem “Türkmengazaragatnaşyk”, “Türkmengazawtomatika” müdirlikleri önümçilik desgalarynyñ üpjünçilik müdirligi hem-de nebit we gaz instituty degişlidir.

Nebitiñ we gazyñ gorlarynyñ möçberiniñ geologiÿa gözleg we hasaplama işleri, nebitgazly guýularyñ geofiziki barlaglary bilen meşgullanlanÿan nebit we gaz institutynyñ uly ylmy-barlag mümkinçiligi bar. Şeÿlelikde, gaz ýataklaryndaky çuñ guýulary burawlamagyñ netijelerini operatiw seljermegiñ esasynda gözleg- barlag guýularyny kadaly ýerleşdirmek boýunça ylmy maslahatlar işlenip düzülýär we buýrujylara berilýär. Şular bilen birlikde institutyñ işlerine ekologik, normatiw we patent barlaglary, şeýle hem tehniki-ykdysady seljerme hem degişlidir. Döwletabat, Şatlyk, Malaý ýaly şöhrat gazanan gaz ýataklary hemmä mälimdir. Şu günlerde gazçylar täze-täze, has ähmiýetli gaz ýataklaryny işjeñ özleşdirmek bilen ýurdumyzyñ daşary ýurtlara gaz ibermek mümkinçiliklerini artdyrmagyny üpjün edýärler. Olaryñ arasynda Günorta Ýolöten-Osman gaz ýatagy hem bar. Olaryñ özleşdirilmegi we gazyñ senagat akymynyñ alynmagy pudak üçin hakyky ýeňiş boldy. Türkmenistanyñ nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdñ nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Maksatnamasynda öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin ýakyn geljekde Garabil-Gurrukbil topary, Merkezi Garagum, Garajaowlak topary Ýaşlar-Ýolöten zolagy ýaly täze gaz ýataklaryny girizmek göz öñünde tutulýar.

Häzirki wagtda gazy çykarmak, taýýarlamak we ibermek boýunça goşmaça kuwwatlyklary döretmek dowam etdirilýär. Şeýle işler Garabil-Gurrukbil topary, Bagaja, Zäkli-

Derweze ýataklarynda we beýleki ýerlerde alnyp barylýar. “Türkmengaz” döwlet konserni bilen baglaşylan şertnama laýyklykda, daşary ýurt kompaniýalary Amyderýanyñ ýstünden Malaý-Bagtyýarlyk gaz geçirijisini, gazy arassalaýjy we guradyjy desgayn, şeýle hem gazy ölçeýji bekedi gurýarlar.

Umuman, 2010-njy ýyla çenli “Türkmengaz” döwlet konserni gazy çykarmak, taýýarlamak we ibermek boýunça kuwwatlyklary ýylda 100 mlrd. kub metre çenli ýetirmek ugrunda işleýär. Tebigy gazy daşary ýurtlara ibermegiñ köpgörnüşli ugurlarynyñ ýörelgesine eýerilip, Türkmenistanda Gazagystan Respublikasynda üstaşyr Russiýa geçiriljek Hazarýaka, Türkmenistan – Owganystan - Pakistan – Hindistan gaz geçirijileriniñ täze ugurlarynyñ taslamalarynyň üstünde işler alnyp barylýar. XXI asyryñ iri taslamasyny durmuşa geçirmek üçin transmilli gaz geçirijisiniñ gurluşygy uly depginlerde alnyp barylýar. Onuñ gurulmagy bilen eýýäm ýakyn ýyllarda Hytaý Halk Respublikasynda türkmenistan tebigy gaz iberilip başlanar we onuñ möçberi ýylda 40 mlrd. kub metre çenli ýetiriler.

## 1.5.Tebigy baýlyklary ilkinji açyjylar.

Nebitgaz toplumynyñ düzümindäki “Türkmengeologiýa” döwlet korparasiýasynyñ aýratyn möhüm wezipesi bar. Geologlar tebigy baýlyklaryñ täze ýataklaryny açmagyñ hasabyna uglewodorod serişdeleriniñ çykarylyşynyñ artmagyny üpjün edýärler. Mundan başga-da geologlar ýerasty suw çeşmelerini we mineral çig mallarynyñ we gurluşyk materiallarynyñ dürli görnüşlerini gözlemek bilen hem meşgullanýar. Ýurdumyzyñ ägirt uly senagat toplumy bolan nebitgaz pudagynyñ ýeten häzirki derejesiniñ esasynda geologlaryñ gazanýan üstünlikleri artýar diýip aýtmak bolar. Çöllerde gazyñ jemlenen esasy ýataklarynda hut geologlaryñ ilkinji şäherçeleri peýda bolýar. Geologlaryñ gum çägeleriniñ üstünde duran gözleg we barlag guýulary Garagumuñ keşbiniñ

ilkinji çyzyklaryny çekýär. Barlag we buraw işleriniñ şowly bolan, ýagdaýlarynda ýurdumyzyñ iñ çetki nokatlarynda hem kuwwatly senagat bazarlary, tazz wagtdan uglewodorod çig malyny üstaşyr geçirmegiñ möhüm üpjünçilikm gurluşlary hem döredi. Geologlaryñ açyşlary ýurdumyzy energiýa serişdeleriniñ uly gorlary bolan döwletler bilen bir hatarda goýup, tebigy gazylyp alynýan baýlyklaryñ iri ýataklarynyñ özleşdirilmegine badalga berdi. Korporasiýanyñ ulgamynda birnäçe ýöriteleşdirilen düzümler hereket edýär. Olaryñ arasynda geofiziki ekspedisiýalar we ýörite geologiki maglumatlar merkezi, barlag burawlaýyş müdirligi hem-de gözleg-barlag hem-de gidrogeologik ekspedisiýalar bar. Merkezi önümçilik barlaghanasy möhüm ylmy barlaglary geçirýär. Korporasiyanyñ özünde Geologiýa fondy bolup, onda Türkmenistanda barlanan mineral çig mallarynyñ köpdürliligi barada ähli maglumatlar saklanýar.

Ylmy-barlag gözleg-barlag instituty nebitgaz geologiýasy we geofizikasy babatda ylmy we tematik barlaglary geçirýär, nebitgaz işleriniñ usulyýetini we netijeliligini kämilleşdirilmäge gönükdirilen ylmy-praktiki maslaharlary işläp taýýarlaýar. Olaryñ köp bölegi önümçilige dessine ornaşdyrylýar. Täze ylmy barlaglarynyñ maglumatlarynyñ esasynda çuñ ýerleşen gatlaklar boýunça dürli gurluş kartalary tutuş Türkmenistanyñ çäkleri boýunça hem düzülýär we täzelenip durulýar. Institutyñ giñ düzümi bolup, ol goýulýan meselelere toplumlaýyn çemeleşmäge ýardam berýär. Onuñ düzümine sebitleýin geolgiýa we mineral serişdeler bölümi, nebitgaz geoloiýasy we usulyýeti bölümi, geologiýa-gözleg, geofizika, geologiýa-barlag işleriniñ ykdysadyýeti we maglumatlar tehnologiýassy, guýularyñ we gatlaklaryñ toplumlaýyn barlaglary bölümlerui , şeýle hem geoekologiýa we geohimiýa barlaglarynyñ barlaghanasy girýär.

Geologiýa-gözleg işleri biziñ ýurdumyzda Türkmenistanyñ nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli

döwür üçin ösdürmegiñ maksatnamasyna laýyklykda geçirilýär. Ol iki we üç ölçegli seýsmiki barlagy, profilli we meýdan-grawimetrik barlagyny we beýleki barlag usullaryny şeýle hem gatlaklaryñ nebitgaz berijiligine baha bermäge we esasan hem uglewodorod seişdeleriniñ gorlarynyñ sarp artyşyny almaga gönükdirilen çuñ gözleg-barlag we parametrli burawlaýşy öz içine alýar.

"Türkmengeologiýa" döwlet korporasiýasynyñ hünärmenleriniñ ygtyýarynda iñ häzirki zaman tehnikalary we öñdebaryjy tehnlogiýalar hem-de geologiýa gatlaklaryny seljermegiñ we barlamagyñ usulyýeti bar. Barlag burawlaýyşynyñ paýyna uly işler düşýär. Olaryñ ulgamynda "Ahalnebitgazbarlag", "Marynebitgazbarlag", "Balkannebitgazbarlag", "Lebapnebitgazbarlag"kärhanalaty döredilan. Olar diñe bir guýulary gazmak bilen çäklenmän, eýsem olaryñ synagyny hem geçirýärler. Geofizika gullugynyñ häzirki zaman meýdan enjamlary, işläp taýýarlayş we inçeden yzarlaýyş toplumlary bilen üpjün edilen dört sany meýdan ekspedisiýasy we maglumatlary taýýarlaýyş merkezi hem bar.

Olaryñ geçiren barlaglarynyñ käbirini mysal getireliñ. 3D ölçeginde Gündogar (Amyderýanyñ sag kenary – "Altyn asyr" topary, Ýaşlar – Günorta Ýolöten) we Günbatar Türkmenistanda (Akpatlawuk – Çekiçler, Körpeje, Goturdepe , Ekerem topary, Çeleken, Nebitlije-Günorta gamyşlyja seýsmiki barlaglar üstünlikli geçirildi. Olaryemmesi ýurdumyzyñgorlara baý iri ýataklarydyr. Buýerde geçirilen barlaglar uglewodorod serişdelerine baý bolan çuññur gatlaklary ulanmaga taýýarlamaga mümkinçilik berdi. Osman – Günorta Ýolöten , Ýaşlar ýataklaryndaky geologik açyşlaryñ möhümligi barada aýratyn belläp geçmek gerek. Gazyñ strategik gorlaryndan çen tutsañ, olaryñ baý gorlarynyñ açylmagy türkmen geologiýa ylmynyñ hakyky dabaralanmasy boldy. Korporasiýanyñ ähli maglumatlaryny işläp taýýarlamak we inçeden yzarlamak bilen häzirki zaman enjamlary we tehnologiýalary bilen üpjünlenen ýöriteleşdirilen geologiýa maglumatlar merkezi meşgullanýar.

Geologiýa ekspedisiýalaryna türkmen geologiýa-gözleg ekspedisiýasy we Köýtendag geologiýa-gözleg ekspedisiýasy girýär. Garaşsyzlyk ýyllar içinde olar tarapyndan 37-den gowrak ýataklar barlanyldy we senagat taýdan özleşdirilmäge berildi. Korporasiýanyñ Gidrogeologiýa gullugy tarapyndan 189 sany süýji suwly we 39 sany ýerasty mineral suwly ýataklar ýüze çykaryldy. Ýerasty süýji suwly ýataklar hojalyk, agyz suwy we beýleki suw üpjünçilik hajatlary üçin ulanylýar. Käbir mineral suwly ýataklaryñ çäklerinde ilatymyzyñ jan saglygyny gowulandyrmak üçin kurortlar, şypahanalar, suw bilen bejeriş merkezleri gurulan.

Döwlet koporasiýasynyñ işlerinde Merkezi önümçilik barlaghanasy ähmiýetli orny eýeleýär. Barlaghananyñ esasy işi dag jynslarynyñ, topragyñ, mineral çig malynyñ we ony gaýtadan işlemegiñ önümleriniñ düzümini we häsiýetlerini öwrenmekden, gurluşyk materiallarynyñ , mineral çig mallarynyñ we himiýa önümleriniñ thnologik we sertifikat synaglaryny geçirmekden ybarat bolup durýar. Merkezi önümçilik barlaghanasynyñ häzirki zaman enjamlary, ýokary taýýarlykly hünärmenleri bar.

## 1.6.Ygtybarly hem-de ýüzýyllyklara niýetläp gurmaly.

Nebit we gazz ýataklaryny abadanlaşdyrmak boýunça “Türkmennebitgazgurluşyk” döwlet konserni 1996-njy ýylda döredildi. Bu günki gün ol Türkmenistanda dürli taslamalary durmuşa geçirýän iri gurluşyk guramasy bolup durýar.

Konserniñ düzümine “Marynebitgazgurluşyk”, “Lebapnebitgazgurluşyk”, “Balkannebitgazgurluşyk”,Daşoguznebitgazgurluşyk”,“Türkmengündogarnebitgurluşyk”, “Türkmennebitgazýöritegurnama” trestleri şeýle hem “Ruhabatgurluşyk” ýöriteleşdirilen gurluşyk kompaniýasy, Taslama işleriniñ müdirligi, beýleki birnäçe düzüm bölekleri girýär . Konserniñ kärhanalary tarapyndan

onlarça nebit we gaz ýataklary abadanlaşdyryldy, gysyjy, ahyryna çenli sykyjy, nebiti akdyryjy beketler we beýleki zerur üpjünçilik desgalary guruldy, magistral nebit we gaz geçirijileriniñ müñlerçe kilometri geçirildi we ulanyşa tabşyryldy. Döwlet konserni tarapyndan Malaý-Zergär-Sakar we Madaw –Şarlawuk-Magtymguly hem-de Baharly-Arçman-Bamy magistral gaz geçirijileri gurlup, olar ýurdumyzyñ birnäç3 sebitlwerini hem-de ilaty nokatlaryny tebigy gaz bilen üpjün etmäge mümkinçilik berdi.Konsern Türkmenbaşydaky we Seýdidäki nebiti haýtadan işleýän zawodlaryñ durkuny täzelemek işlerine hem gatnaşýar. Elektrohimiýa goragyny üpjün etmek, turba geçirijilerini we önümçiligiñ beýleki ähmiýetli üpjünçilik gurluşlaryny gyzgynlykdan we ygaldan hem konserniñ wezipelerine girýär. Konserniñ hünärmenleriniñ tagallalary bilen onlarça nebit we gaz ýataklary özleşdirildi. Munuñ üçin kuwwatly önümçilik binýady, häzirki zaman tehnikalary , ýokary taýýarlykly hünärmenlerbar. Konseniñ kärhanalary harytlyk beton, asfalt betonyny, deir-beton önümlerini, ddemir gurnamalary, agaç önümlerini, magdan däl materiallary öndürýärler.

“Türkmennebitgazgurluşyk” döwlet konserniniñ hünärmenleri nebitgaz senagatynyñ we durmuş maksatly desgalaryñ gurluşygynda zähmet çekýärler.Olar ýurdumyzyñ dürli ýerlerinde gurulýan onlarça gurluşyk meýdançalarydyr. Konserniñ kärhanalary tarapyndan öz döwründe Balkanabat, Şatlyk, Gazojak, Seýdi şäherleri we birnäçe şäherçeler guruldy. Ýurdumyzyñ dsebitlerinde ýaşaýyş jaýlarynyñ müñlerçe inedördül metri, mekdepler, keselhanalar, çagalar baglary medeniýet köşkleri, jemagat ulagamlary, myhamanhanalar ulanmaga berildi.Iri desgalaryñ arasynda Baharly etrabyndaky sement zawody, Arçabil agyz suw zawody, tomat zawody we Ruhabat etrabyndaky “Türkmenturba”kärhanasy, Aşgabat şäherindäki ýokary amatlykly otaglarynyñ ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlary we seýilgähler toplumy bar. Döwlet konserni Türkmenistanyñ nebitgazz toplumynyñ ylmy-

barlag institutlary üçin türkmen paýtagtyndaky 25 gatly binanyň buýrujysy bolup çykyş etdi. Beýikligi 103 metre barabar bolan bu iň häzirki zaman binasynda alymlaryň we hünärmenleriň işlemei üçin ähli zerur şertler döredilen.Şu günki günde döwlet konserni ýuruň Prezidentiniň başlangyjy bilen başlanan oba ýerlerini özgertmek baradaky durmuş taslamalaryny durmuşa geçirmäge hem işjeň gatnaşýar.Konserniň hünärmenleri Esenguly we Ruhubelent etraplarynda möhümdesgalaryň birnäçesini gurdular, olar bolsa türkmen obalarynyň arasynda nusga alarlyklydyr.

## 1.7.Himiýa pudagynyň mümkinçilikleri.

Önümçilige daşky gurşawy hapalama derejesi pes bolan, netijeli , serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, öz çig malymyzy aňrybaş derejede ulanmaga, himiýa pudagynyň ösdürmegiň ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga, oba hojalygyny durnukly ösdürmäge, şeýle hem daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge gönukdirilen ugurlaryny kemala getirmek “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň easy wzipeleri bolup durýar. Häzirki wagtda “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň düzümine 10sany önümçilik kärhanasy we imiýi ylmy barlag instituty girýär. Çig mal biýadynyň barlygy içeerki bazaryň ony köp sarp edýänligi sebäpli, dökünleriň önümçiligine aýratyn üns berilýär. Birnäçe ýyl mundan öň häzirki zaman “Tejenkarbamid” zawwodyýylda 350 müň tonna karbamid öndürýär. Türkmenistanyň himiýa pudagyny 2020-nji ýyla çenli ösdürmegiň maksatnamasynda kuwwatlygy ýylda 400 müňtonna bolan ammiak-karbamid zawodyny Maryda, kuwwatlylygy ýylda 640 müň tonna bolan zwody Tejende we kuwwatlylygy ýylda 640 müň tonna bolan zawody balkan welaýatynda gurmaklyk göz öňünde tutulýar. Agzalan maksatnama laýyklykda, ammiak selitrasyna öwrülip hasaplananda azot dökünleriniň öndürilişi 2011-nji ýylda 870

müñ tonna, 2015-nji ýylda 4,46 mln. tonna 2020-nji ýylda 5,4 mln. tonna deñ bolar. Azot dökünleriniñ öndürilişiniñ möçberini artdyrmak bilen bir wagtda Türkmenistanda öndürilýän mineral dökünleriñ görnüşlerini giñeltmek boýunça hem işler alnyp barylýar. Şu maksat bilen “Maryazot” önümçilik birleşiginiñ we Türkmenabatdaky himiýa zawodynyñ durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak meýilleşdirilýär. Bu işler “Maryazot” önümçilik birleşiginde ammiak selitrasynyñ öndürilişini ýylda 450 müñ tonna, Türkmenabatdaky himiýa zawodynda fosfor dökünleriniñ öndürilişini ýylda 300 müñ tonna çenli ýetirmäge mümkinçilik berer. Natriý sulfatynyñ we beýleki gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryñ dünýäde iñ iri ýataklarynyñ biri bolan garabogaz aýlagy mineral çig mal binýadyny döretmekde möhüm orny eýeleýär. Aýlagyñ serişdeleri magniý, natriý duzlaryny, bromuñ, boruñ we litiýniñ birleşmelerini öndürmekde baý çig mal çeşmesi bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda “Garabogazsulfat” önümçilik birleşiginde bişofitiñ, epsomitiñ we natriý sulfatynyñ “A” we “B” görnüşleriniñ önümçiligi ýola goýuldy.

Ýokary derejede minerallaşan ýerasty ýod-brom suwlary hem gymmatly gidromineral çig maly bolup durýar. Ýoduñ gorlary boýunça Türkmenistan dünýäde öñdäki orunalaryñ birini eýeleýär. Häzirki wagtda ýoduñ önümçiligi “Hazar” himiýa zawodynda, şeýle hem “Bereket” we “balkanabat” ýod zawodynda jemlenendir.Bu kärhanalarda her ýylda 540 müñ tonna çenli ýod öndürlýär. Türkmenistan dünýäde halkyny ýodlanan nahar duzy mugtuna üpjün edýän ýeke-täk ýurtdur. Nahar duzunyñ taýsyz ýataggy bolan “Guwly” köli ýodlanan nahar duzuny öndürýän “Guwlyduz” kombinatynyñ çig mal binýady hökmünde çykyş edýär. Nahar duzunyñ gorlary, himiki düzümi we çig malyñ arassalygy onuñ düzümini baýlaşdyrmazdan ýükläp göýbermäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyñ himiýa pudagyny ösdürmegiñ ýkarda agzalan ugurlaryndan başgada organiki polimerleriñ (polipropilen, polietilen, poliwinilhlorid) şeýle hem metanolyñ, karbamid-formaldegid we melaminformaldegid ýaglarynyñ we olaryñ esasynda dürli boýaglaryñ, ýelimleriñ, gurluşyk we gurnama materiallarynyñ önümçiligini guramagyñ geljegi uludyr.

## 1.8.Türkmen senagatynyñ kerwenbaşysy.

Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy Türkmenistanyñ senagatynyñ kerwenbaşysy diýen ada ymykly eýe boldy. Ägirt uly mümkinçiliklere we baý önümçilik däplerine eýe bolan iñ häzirki zaman kärhanasy bolamk bilen, onda toplumda ýurt boýunça öndürilýän önümiñ dörtden biri öndürilýär. Zawodyñ gurlşygyna 1942-nji ýylyñ güýzünde Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda göçürilip getirilen Tuapseniñ nebiti gaýtadan işleýän zawodynyñ binýadynda badalga berildi. Eýýäm 1943-nji ýylyñ 5-nji iýunynda türkmen ýangyjynyñ ilkinji tonnalary fronta ugradylýar. Şol wagt hiç kim birnäçe onýyllyklardan soñra bu kärhananyñ nebiti gaýtadan işleýän ñ häzirki zaman zawodlar toplumyna öwrüljekdigini göz öñü ne getirip bilen hem däldir.

Täze döwür täze wezipeleri öñde goýýar. Soñky ýyllarda nebiti gaýtadan işletmeklige 1,6 mlrd. amerikan dollaryndan gowrak maýa goýum serişdeleri göýberildi, katalitik reformingininiñ we millisekunt katalitik krekinginiñ, ýokary oktanly benziniñ, çagly ýaglarynyñ, polipropileniñ, dizel ýangyjynyñ gidroarassalanyş önümçiliginiñ häzirki zaman enjamlarynyñ onlarçasy, şeýle hem üpjünçilik gurluşlarynyñ desgalary guruldy. Hakykatda sanlyja ýyldan öñki ýönekeý zawodyñ ornunda nebiti gaýtadan işlemegiñ önümçiliginiñ iñ häzirki zaman şäherçesi emele geldi. Olaryñ köpüsiniñ Meerkezi Aziýada deñi-taýy ýokdur. Netijede nebiti gaýtadan işlemegiñ, onuñ çuñlugynyñ, önümleriniñ

görnüşleriniñ giñeldilmeginiñ möçberleriniñ okgunly ösüşi üpjün edildi.

Şu günki günde Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy etilirlenmedik ulag ýangyçlaryny, awiasiýa we tehniki kerosinlerini, reaktiw we dizel ýangyjyny , şepbigi, çalgy ýaglaryny, polipropilen, peç ýangyjyny, ýeñil gazoýly, nebit elektrod koksuny, suwuklandyrylan gazy, gurluşyk we ýol bitumlaryny , sintetik ýuwujy serişdelerini öndürýär. Bu hem onuñ öndürýän önümleriniñ hemmesi däldir. Nebit-himiýa önümleri ýurdumyzyñ daşary ýurtlara haryt ibermek mümkinçilikleriniñ esasyny düzýär. GDA we Ýewropa döwletlerine önümi bermek bilen kärhana ýurdumyzyñ daşary ykdysady dolanşygyna oñaýly täsir edýär. Önümlere bolan isleg olaryñ iberilýän ýurtlarynyñ çäklerini giñeltmäge mümkinçilik berýär. Tükmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyñ önümleriniñ ýokary hiliniñ halkara derejesine ykrar edilmegi oña daşary ýurtly hyzmatdaşlaryñ gyzyklanmasyny artdyrmagy üpjün edýär.

Muña abraýly halkara baýraklary hem şaýatlyk edýär. Toplumyñ hasabynda “Altyn globus” halkara baýragy (Amsterdam, Niderlandlar, 1995ý) “Asstekleriñ ýyldyzy” (Mehiko, Meksika, 1997Ý), “Hil üçin halkara altyn ýyldyzy “ Ženewa, Şweýsariýa ,1999ý) “Täze müñ ýyllygyñ baýragy” atly iñ oñat söwda kysymy üçin baýrak (Pariź, Fransiýa ,2001ý.) söwda liderleriniñ halkara klubynyñ “Tehnologiýa we hil üçin täze müñýyllygyñ baýragy” atly hormatly diplomy (Ženewa, Şweýsariýa, 2001ý.), Hil üçin halkara baýragy (Nýu-Ýork, ABŞ, 2002ý.) “Hil üçin altyn ýyldyz” (Ženewa, Şweýsariýa, 2002ý) bar. Öten ýyl toplumyñ alan baýraklarynyñ üstüni Fransiýada alnan “Hil üçin täze müñ ýyllygyñ baýragy” atly halkara baýragy ýetirildi.

Kärhana öz önümlerini döwrüñ talabyna laýyklykda döwrebaplaşdyrylýan gury ýer we deñiz terminallaryny ýükleýär. Gyýanly portunda Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda gaýtadan işlenen uglewodorod

önümlerini ýüklemek üçin häzirki zaman terminalynyñ gurluşygy alnyp barylýar.Kärhananyñ özünde hen döwrebaplaşdyrmak işleri alnyp barylýar, nebiti arassalamagyñ, awiasion ýangyjyny öndürmegiñ häzirki zaman enjamlary ulanyşa girizildi. Kuwwatlylygy 18 müñ tonna bolan bioksial nazarlanan polipropilen örtüginiñ önümçiligi boýunça zawodyñ gurluşygy hem alnyp barylýar (potratçysy DMT fransuz kompaniýasy). Bu taslama taýýar önümi ýerlemekden alynýan girdejini ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berer, sebäbi dünýä bazarlarynda şeýle örtgüleriñ bahasyndan üç esse ýokary. Şeýle hem gudrony asfaltsyzlandyrýan desga hem gurulýar. Bu çäreleriñ ählisi önümiñ möçberlerini we hilini ýokarlandyrmaga, nebiti gaýtadan işlemegiñ çäklerini giñeltmäge mümkinçilik berýär. Häzirki zaman nebit geçiriji termoslaryñ hem ulgamy giñeýär.Nebit çig maly olar arkaly Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna gelýär, tebigaty goraýyş tehnologiýalary, ornaşdyrylýar. Şeýlelikde akymlaryñ we aýlanyşykdaky suw üpjünçiligini arassalanýan ulgamyñ durky täzelendi. Etilirlenmedik benzini öndürmäge doly eçilmegi kärhananyñ gazanan ýene bir üstünlikleriniñ biridir. Bu bolsa düzüminde gurşun bolmadyk ýokary oktanly benzini öndürmäge mümkinçilik berýär hem-de Türkmenistanyñ şäherleriniñ ekologik ýagdaýyny ep-esli gowulandyrýar. Dizel ýangyjyny girdoarassalaýyşyñ häzirki zaman enjamlary ýangyçda kükürdiñ bolmagyny azaltmaga mümkinçilik beerýär, bu bolsa ISO 14000ekologik startynyñ ýokary talaplaryna laýyk gelýär.

Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda işgärleriñ we olaryñ maşgala agzalarynyñ önjeýli işlemegim, ýaşamagy we dynç almaklary durmuşy ugurlara hem aýratyn berilýär. Toplumyñ ygtyýarynda şypahanalaryñ birnäçesi, şol sanda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda hem täze desgalar bar. Özleriniñ sport toplumy, stadiony, “Şagadam” futbol kluby bar. Täze häzirki zaman mekdepleri, çagalar bagy we ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary

gurulýar. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyñ öten ýyl ulanyşa girizilen ak mermerli edara binasy kenarýaka şäheriniñ özboluşly binagärçilik bezegine öwrüldi.

### 1.9.Senagaty ösdürmegiñ durmuş binýady.

Ýangyç-energetika toplumynyñ düzüminde jher bir pudagyñ orny möhümdir. Kärhanalaryñ bir topary gorlaryñ barlagyny we çig maly gazyp almagyñ depginini ösdürmegi üpjün etse, beýlekileri ony gaýtadan işlemegi we daşamagy üpjün edýär. Üçümi ýerlemegi, şeýle hem senagaty ösdürmek üçin ygtybarly durmuş biýadyny döretmegi üpjün edýär. Bu wezipe hem beýlekilere garanyñda az ähmiýetli däldir. Olaryñ ýerine ýetirilmegine "Nebitgazhyzmat" ýapyk paýdarlar jemgyýeti hem özüniñ saldamly goşandyny goşýar.

Pudagyñ iri kärhanalary bolan Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadanişleýän zawodlar toplumynyñ, "Türkmengaz", "Türkmennebit", "Türkmennebitgazgurluşyk" döwlet konsernleriniñ hem-de "Türkmengeologiýa" korporasiýasynyñ paýly gatnaşmaklarynda döredilen bu kärhana durmuş-ýaşaýyş meselelerinde we senagatyñ önümlerini hödürlemek boýunça geçirilýän sergilerde, şeýle hem myhmanhana menejmentinde we pudagy ösdürmegiñ birnäçe meselelerinde serwis hyzmatlaryny edýär.

"Nebithyzmat" paýdarlara jemgyýetiniñ her bir kärhanasynyñ öz aýratynlygy bar. Mysal üçin, merkezi kärhana paýtagtymyzda ýerleşýän we dolandyryjy hem-de seljeriş merkeziniñ wezipesini ýerine ýetirýän nebitgaz toplumynyñ edara binasynyñ ýagdaýyba jogap berýär. Kärhananyñ hasabynda pudagyñ işgärleri üçin paýtagtymyzda gurlan ýokary amatlyklary bolan we otaglarynyñ ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaylary hem bar.

Kärhananyñ ygtyýarynda deñiz kenarynda ýerleşýän dynç alyş we syýahatçylyk, sagaldyş merkezleriniñ ulgamy

bar. Olaryñ biri-de Türkmenbaşy şäherindäki “Serdar” myhmanhanasydyr. Bu bäş ýyldyzly myhmanhana Awazadaky täze şypahanalaryñ iñ ilkinji myhmanhanasydyr. Ol indi birnäçe ýyldan bäri biziñ deñiz şypahanamyza goñşy we alysdaky ýurtlardan syýahatçylaryñ ünsüni çekýär hem-de “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy boýunça halkara forumalryny we täze taslamalaryñ tanyşdyrylyşyny geçirmegiñ merkezine öwrüldi.

Aşgabatdaky Sergi toplumyna hyzmat edýän serwis gullugynyñ ähmiýeti soñky ýyllarda has-da artýar. Paýtagtymyz Türkmenistanyñ nebitgazz pudagynyñ ägirt uly gorlaryny ösdürmäge we energiýa göterijilerini dünýä bazarlaryna çykarmaga bagyşlanan iri halkara we sebitleýin sergileriñ geçirilýän merkezine öwrüldi. Gullugyñ esasy wezipesi sergileri ýokary derejede geçirm,ekwe hyzmat etmek, Türkmenistanyñ ylmy-tehniki we ykdysady babatda ösüşlerini görkezmek, netijede ýurdumyzyñ önümlerini hödürlemek bolup durýar.

“Nebitgazhyzmat” kärhanasy pudagyñ möhüm durmuş başlangyçlaryny durmuşa geçirýär. Olaryñ biri bag ekmek maksatnamasyna gatnaşmak bolup durýar. Şu maksat bilen kärhanada tokaý hojalygy döredilen. Şeýlelikde, bu kärhana halkara standartlarynyñ talap edişi ýaly, ekologik howpsuzlygy we daşky gurşawy goramagy özüniñ esasy wezipesi hasaplaýan pudagyñ ekologik taslamalaryny durmuşa geçirip, onuñ täze keşbini kemala getirýär. “Nebitgaz hyzmat” kärhanasynyñ düzüminde agrokärhana hem bolup, ol oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirýär. Kärhanada onuñ buýsanjyna öwrülen “Baharly” ýöriteleşdirilen atçylyk hojalygy hem bar. Ahalteke tohum atlaryny ýetişdirmek bilen meşgullanýan bu kärhana milli buýsanjymyzy gorap saklamaga goşant goşýar.

# II BAP
# Ýurduň nebit gaz resurslaryny dolandyrmak

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň derejesi ýangyç-energetik kompleksiniň (toplumynyň) ýagdýynda we ösüş derejesine hem-de ýurdyň energetik resurslary bilen üpjün edilmesine baglydyr. Agyr senagatyň, mehanizymleşdirilen oba hojalygynyň, transportyň, senagat we raýat gurluşygynyň ösüşi dürli görnüşdäki ýangyç-energetik resurslarynyň uly göwrümini talap edýär. Nebit we gaz senagatynyň kärhanalary has uly üpjün ediji hökmünde çykyş edýärler.

## 2.1 .Nebit gaz toplumynyň (kompeksiniň) kärhanalary.

Nebit we gaz senagaty ýangyç-energetik toplumynyň düzüm (emele getiriji) bölegi bolup çykyş etmek bilen önümçiligiň çylşyrymly pudagyny emele getirýär. Nebit we gaz alnyşynyň meseleleriniň çözülmesinde, nebit önümleriniň önümçiliginde we olary peýdalanyja ýetirilmesinde önümçilik hereketinde (prosessinde) köp sanly özara berk baglanyşykda bolan dürli tehnologik prosessli (hereketli) senagat pudaklary gatnaşýar.

Häzirki döwürde nebit we gaz senagatynda tehnologiýa prosessiniň (hereketiniň) umumylygy boýunça we önümi öndürme boýunça aşakdaky pudaklary tapawutlandyryp bolýar:

1)nebitiň we gazyň gazylyp alnyşy;

2)nebit we gaz ýataklarynyň barlanyşy we olaryň gözlenişi;

3)skwažinalary burawlama (nebit, gaz, gysyp ýygnaýjy we beýl).

4)nebiti we gazy täzeden işläp çykarma we nebit himiýasy.

5)transport, nebitiň, gazyň we nebit önümleriniň çaklanylmasy hem-de ýerlenilmesi.

6)gaz nebit geçirijileriň, gaz saklanýan gurluşlaryň we nebit bazarlarynyň gurluşy.

Şunuň ýaly köp dürli pudaklaryň bir önümçilik toplumynda birleşmesi nebit we gaz önümleriniň birnäçe aýratynlygy bilen

esaslanan. Maksatly önümi emele getirýän esasy pudaklar bu - nebiti we gazy gazyp alyş hem-de nebiti we gazy täzeden işläp çykaryş pudaklarydyr.

Nebiti we gazy alyş we olary täzeden işläp çykaryş pudaklary maksatly önümi getirýän pudaklardyr.

Zähmet zadyna (predmetine) täsir etme häsiýeti boýunça senagatyň dürli pudaklaryna (gazylyp alynma we täzeden işläp çykarma) degişli bolsalar-da, olar özara berk baglanyşykda bolmak bilen biri biriniň ösüş depginine täsir edýärler. Nebiti täzeden işläp çykaryş zawodlarynyň nebite bolan talabynyň haýallanmasynda, nebitiň alynmasy hem peselýär we tersine, nebitiň alynma göwrüminiň peselmesi nebit önümleriniň çykarylmasynyň kemelmesine alyp barýar.

Nebit we gaz senagatynyň ösüşiniň esasy -bu geologiýa gözleg we barlag işleriniň geçirilmesi netijesinde nebitiň we gazyň zapaslarynyň (ätiýaç üçin goruň) taýýarlanmasydyr. Nebitiň we gazyň açylan täze ýataklarynyň sanyna olaryň alnyş göwrümi , nebit önümleriniň önümçiligi, olaryň ýerlenilmesi we peýdalanylmasy bagly bolar.

Geologiýa gözleg hereketi -bu ahyrky maksadyň amala aşyrylmasyny üpjün edýän, belli bir yzygiderlilikde amala aşyrylyp, özara baglanyşykly bolan önümçilik işleriniň toplumydyr.

Geologiýa gözleg prosessinde (hereketinde) üç döwür tapawutlandyrylýar: regional, gözleg we barlag. Olaryň her biri obýektleri derňeme görnüşleri we usullary boýunça, işleri alyp barma usullary we maddy, zähmet hem-de pul-maýa resurslary boýunça özara tapawutlanýan döwürlerden emele gelen.

Nebit we gaz senagat önümçiliginiň esasy bölegi -bu skwažinalary burawlama. Şonuň bilen geologiýa-gözleg we barlag işleri tamamlanýar, nebitlidigi, gazlydygy, ýa-da olaryň ýoklugy anyklanylýar, nebitiň ýa-da gazyň zapaslarynyň hasaplanylmasy üçin ýatagyň zerur bolan göwrümi kesgitlenýär we çykaryp alyş gurluşy (sistemasy) proýektirlenmesi anyklanylýar.

Gazyp alýan, gysyp ýygnaýan we barlag skwažinalaryň herekete girizilmesi bilen nebit we gazyň gazylyp alynmasynyň kuwwaty ýokarlandyrylýar, nebit we gaz ýataklarynyň gazyp alma (çykarma) işleriniň barlagy geçirilýär, olaryň geologiýa gurluşy baradaky maglumatlaryň üsti doldurylýar, zapaslaryň (gorlaryň) möçberi anyklanylýar we ş.m.

Burawlama işleri geçirilýän ýerler biri-birinden geologiýa gurluşynyň aýratynlygy bilen, klimaty, ýeriň relýefi, nebit we gaz peýdalanyjylar bilen, maddy resurslary bilen üpjün edijiler arasyndaky transport baglanyşyklary boýunça gaty tapawutlanýarlar. Bu şertler ýylsaýyn çylşyrymlaşýar, hem-de köplenç burwlama işleriň tehniki-ykdysady görkezijilerine täsir edýän esasy sebäp bolup çykyş edýär.

Nebitiň we gazyň, şeýle hem indiki himiýa sintezi üçin çig malyň we polufabrikatlaryň täzeden işlenilip çykarylmagy -bu halk hojalygynyň nebit önümlerine bolan talaplary bilen gazyp çykarýan pudagyny baglanyşdyrýan halkadyr (bölekdir).

Häzirki döwürde nebiti täzeden işläp çykarmada önümçilik hereketiniň çalt depginde kämilleşdirilmesi, tehnikanyň, tehnologiýanyň we hojalyk işleriniň guralmasynyň üýtgemesi, önümçilikde köp tonnalyk we birleşdirilen gurluşlaryň ulanylmasy bolup geçýär.

Nebitiň, nebit önümleriniň we has hem gazyň transporty ýöriteleşdirlen, hatda mahsus bolan we senagat önümleriniň beýleki görnüşlerini transportirlemek üçin ulanyp bolmaýan transport serişdeleriniň peýdalanmasy bilen baglanyşykly. Şonuň üçin nebiti hem gazy diňe gazyp çykarmadan we nebit önümlerini öndürmeden başga-da olary peýdalanyjylara ýetirmek hem nebit we gaz senagatynyň meselelerine degişli bolup durýar. Bu önümleri saklamak hem senagatyň beýleki pudaklarynda peýdalanyp bolmaýan aýratyn serideleri talap edýär. Hasam, gaz saklanýan gurluşlar tapawutlanýarlar. Saklamak üçin ýer üstündäki metal serişdeler (gazgolderler) - gaty gymmat düşüp, peýdalanmada howply bolýarlar, gazyň uly göwrüminiň zapaslary bilen üpjün edip bilmeýärler. Soňky

ýyllarda sutka we möwsüm boýunça gazdan peýdalanylmagyň birsydyrgyn- syzlygyny (endigan däldigini) saklamak üçin peýdalanylýan ýerasty gaz saklanýan gurluşlar has ýaýran.

Esasy turbaprowodlar (turbageçirijiler) nebit we gaz senagatyna hyzmat etmek üçin niýetlenendigi sebäpli, bu gurluş şu pudagyň önümçilik hereketiniň esasy bölekleriniň biridir.

Şeýlelikde, sanalyp geçilen pudaklar bitewi bir önmüçilik toplumyny emele getirýärler, biri-biriniň üstüni doldurýarlar, nebitiň, gazyň gazylyp alnyşynyň göz öňüne tutulan ösüş depginlerini, nebit önümleriniň öndürilmesini üpjün edýärler. Olaryň her biri tehnologik prosessi (hereketi) önümçiligiň we dolandyrylmanyň guralmasy bilen, maksatly (soňky) önümi we ş.m. bilen tapawutlanýarlar, köp sanly kärhanalary birleşdirip, uly göwrümli iş bolan çylşyrymly hojalyk bolup çykyş edýärler.

Önümiň, işiň we hyzmatyň öndürilmesi -kommersiýa hereketiniň subýektleri (edaralary) bolan guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Eger eýeçiliginde, hojalyk ýolbaşçylygynda ýa-da operatiw dolandyrmasynda (uprawleniýede) özbaşdak emlägi bar bolsa we öz borçnamalary boýunça jogap berse, öz adyndan emläk hukuklaryny amala aşyryp bilse, wezipelerini ýerine ýetirip bilse, sudda talapkär we jogapkär hökmünde çykyş edip bilse bular ýuridiki şahs diýilip hasaplanylýarlar.

Bazar ykdysadyýetinde önümçilik kärhanalaryň esasy görnüşleri -bu hususy kommersiýa kärhanalary, döwlet we munisipal kärhanalary we kommersiýa däl kärhanalar. (1.1 sur.)

Kommersiýa guramalary öndürýän önümiň (işi, hyzmaty) bilen bazar talabyny kanagatlandyrmak bilen ondan ykdysady peýda (girdeji) görjek bolýarlar. Kommersiýa däl kärhanlary nähili hem bolsa jemgyýetçilik talaplaryny kanagatlandyrmak üçin döredilýärler we olaryň hereketi girdeji alma bilen bagly bolmaýar.


TELEKEÇILIGIŇ SUBÝEKTLERI
FIZIKI ŞAHSLAR
ÝURIDIKI ŞAHSLAR
Hususy telekeçiler
Daýhan hojalygy
Kommersiýa kärhanalary
Kommersiýa däl kärhanalary
Hojalyk bilelişikleri
Hojalyk jemgyýetleri
Önümçilik kooperatiwler
Unitar kärhanalary
Doly bilelişikler
Çäkli jogapkärçilik jemgyýetler
Hojalyk hukugy
Operatiw dolandyrmak hukugy
Ynam boýunça bileleşikler
Goşmaça jogapkärçilik jemgyýeler
Munisipal kärhanalar
Döwlet kärhanalar
Aksioner jemgyýeti
Açyk görnüşli
Ýapyk görnüşli




**2.1.sur. Telekeçilik subýektleriniň gurnama hukuk görnüşleri**

Hojalyk bileleşikler we jemgyýetler -bu ustaw kapitaly tarapyndan esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) paýlaryna (goşantlaryna) paýlanylan kommersiýa guramalarydyr. Gatnaşyjylaryň goşantlary hasabyna emele gelen emläk, şeýle hem bileleşik ýa-da jemgyýet tarapyndan onuň iş prosessinde öndirilen emläk eýeçilik hukugunda oňa degişli bolýar. Aksioner (paýdarlar) jemgyýetiniň hojalyk birleşikleri we jemgyýetlerinden tapawutlykda aksiýalaryň belli bir sanyna bölünen ustaw kapitaly bolýar. Paýdarlar (aksionerler) olara degişli bolan aksiýalaryň gymmatynyň çäginde jemgyýetiň hereketi bilen bagly bolan zyýan çekmä töwekgellik edýärler.

Paýdarlar jemgyýetler açyk we ýapyk bolup bilýärler. Diňe öz esaslandyryjylaryň arasynda aksiýalary ýaýradylýan paýdar jemgyýeti ýapyk hasaplanylýar. Ol çykarýan aksiýalaryna açyk ýazylma (abuna) geçirip bilmeýär. Açyk görnüşdki paýdar jemgyýeti boýunça az çykarýan aksiýalaryna açyk ýazylma geçirip bilýär we olary arkaýyn gazna (fond) bazarynda satyp bilýär.

Döwlet we munisipal unitar kärhanalarynda olara berkidilen emläge bolan eýeçilik hukugy ýok. Emläk döwlet ýa-da munisipal eýeçiliginde bolup kärhana hojalyk dolandyrma hukugy esasynda degişli bolýar.

Nebit senagatynyň düzüminiň täzeden gurulmagy aşakdaky esaslary durmuşa geçirýär:

-nebiti alyş, täzeden işläp çykaryş we nebit önümlerini ýerleşdiriş pudaklarynda dörän (emele gelen) önümçilik-tehnologik arabaglanyşyklarynyň saklanmasyny;

-nebitiň tebigy resurslarynyň peýdalanylmasynyň we onuň önümleriniň täzeden işlenip çykarylmasynyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmasyny;

-nebit we nebit önümleriniň bazarynda bir bitewileşdirilen kompaniýalaryň görnüşinde hojaýynlyk edýän uly subýektleriň (edaralaryň) döredilmesi.

-esasy turbageçirijileriň birleşdirilen (integrirlenen) gurluşynyň saklanylmasynyň, ähli nebit we nebit önümleriniň öndürijileriniň bolsa oňa arkaýyn goşulyp (birigip) bilmesiniň üpjün edilmesini;

-içerki bazaryň nebite we nebit önümlerine bollan zerurlyklaryň üpjün edilmesini we daşary ykdysady borçnamalaryň ýerine ýetirilmesini.

-esasy önümçilik kärhanalary üçin, şeýle hem hyzmat ediş we önümçilik infrastruktura wezipelerini ýerine ýetirýän kärhanalary üçin bäsdeşler toparynyň döredilmesini.

## 2.2.Nebit we gaz resurslarynyň dolandyrylmasynyň häzirki döwür beýany.

Ýeriň astyndaky nebitiň we gazyň resurslary mümkin bolan (potensial) haryt gymmatyna we bazar şertlerinde ýatagyň senagat özleşdirilmesiniň netijeliligini bahalandyrýan renta girdejisine eýedir.

Nebitiň hem-de gazyň, kondensatyň we ugurdaş komponentleriň resurslary we zapaslary (gorlary) döwlet ekspertizasyndan geçirilýär. Döwlet ekspertizasy nebit we gaz resurslarynyň we zapaslarynyň (gorlarynyň) hilini hem-de möçberini, olaryň ykdysady gymmatyny we alnyş şertlerini

hakyky bahalandyrmak üçin ýerleriň we ýataklaryň geologiýa barlagynyň ähli döwürlerinde geçirilýär.

Nebit gaz obýektleriň resurslary -bu nebitiň, gazyň we ugurdaş komponentleriň ýüze çykarylan ýatakdaky we çak edilýän obýektlerdäki möçberidir.

Ýüze çykarylan ýataklaryň resurslary -bu burawlamanyň, skwažinalaryň synagdan geçirilmesiniň, tejribede we senagatda ulanylmasynyň maglumatlary boýunça kesgitlenilen nebitiň, gazyň kondensatyň we ugurdaş komponentleriň möçberidir.

Ykdysady gymmaty boýunça ýüze çykarylan ýataklaryň resurslary zapaslara hem-de alynýan resurslara bölünýärler we aýratyn hasaba alynýarlar.

Zapaslar (gorlar) -bu alynmasynyň maksada laýyklygy tehniki-tehnologiýa mümkinçilikleri we ekologik talaplarynyň berjaý edilmesinde renta girdejisiniň kanagatlanarly ululygy bilen kesgitlenilip, ýatakdan çykarylan resurslaryň bölegidir. Renta girdejisi hereket edýän nyrhlarda (bazar, dünýä we beýl.) ýerlenilýän önümiň gymmaty bilen önümi gazyp alma boýunça çykdaýjylaryň jeminiň arasyndaky tapawut bolup kesgitlenilýä.

Nebitiň, gazyň we kondensatyň alynma koeffisiýentleri ýatakdan gazyp almanyň iň amatly düzgüninde ýer astyndan resurslaryň nähili böleginiň alnyp bilinjegini häsiýetlendirýärler. Tehikanyň kämilleşmesi bilen, nebite hem gaza bolan nyrhyň we olaryň alynmasyna edilýän çykdajylaryň üýtgemesi bilen, nebite resurslaryň alynmadyk bölegine hasabyna zapaslaryň göwrümi köpeldilip bilner. Geljekdäki we maglumaty bar bolan resurslaryň jemlerini amala getirýärler. Alynmasy bilen birlikde olar çykarlyp alynýan resurslaryň başlangyç jemlerini emele getirýärler.

Ýer astyndaky zatlar bilen peýdalanma boýunça döwlet edarasy uglewodorodlar pudagynda ýer astyndaky zatlar bilen peýdalanmagyň umumy döwletgurluşygynyň döredilmesine esaslanýar. Bu gurluş nebit hem-de gaz resurslarynyň howpsyz, ykdysady amatly, oýlanyşykly özleşdirilmesi üçin guramaçylyk ykdysady we hukuk şertlerini, çig mal resurslarynyň

haraplanmazlygyny (abatlygyny) we daş-töweregiň önümçiligiň ýaramaz täsirinden goralmagyny üpjün edýär. Nebit gaz resurslarynyň peýdalanylmagyny sazlanýan (tertibe salýan) ýuridiki dokumentler bolup Türkmenistanyň kanunlary çykyş edýärler.

Türkmenistan territoriýasynyň çägindäki ýeriň astyndaky zatlar we ondaky peýdaly gazyp alynýan baýlyklar döwlet eýeçiligine degişli bolup, Türkmenistanyň ýolbaşçylygynda bolýarlar. Ýerastyndaky zatlar we olardan peýdalanmaklyga hukuk satyn alnyp, satylyp, sowgat berlip, miras galdyrylyp, girewe goýlup bilinmeýän zat, emma onuň eýesiniň garaşly ýa-da bölünip aýrylan hojalyk jemgyýeti bilen ylalaşmaklyga hukugy bar. Bu ýagdaýda ygtyýarnama beren guramalary habarly edilmelidirler.

Ýerastlar regional geologiýa öwrenilme üçin, gözlegler üçin, we peýdaly gazylyp alynýan zatlaryň ýataklarynyň bahalandyrylmasy üçin, olaryň gazylyp alynmasy üçin berilýärler.

Ýerastlar bilen peýdalanmaklyga bolan hukuga bäsdeşik (konkurs) we auksionlaryň üsti bilen alyp bolýan ygtyýarnama berilýär. Aýratyn ýagdaýlarda ″Ýerastlar baradaky″ kanunda we ″Nebit we gaz hakynda″ kanunyň proýektinde bellenilýän aýratyn ýagdaýlarda bäsleşikler (konkurslar) we auksionlar geçirilmesiz gös-göni gepleşikleriň üsti bilen ýerastlaryň geologiýa öwrenilmesi we gazylyp alynmasyna bolan hukuga ygtyýarnama berilýär.

Ýeriň astyndaky zatlar bilen peýdalanma tölegli bolýar. Kanun tarapyndan tölegleriň aşakdaky görnüşleri göz öňüne tutulýar:

1.Bäsleşige (konkursa), auksiona gatnaşmak üçin we ygtyýarnama berilme (alma) üçin tölegler.

2.Ýeriň asty bilen peýdalanma bolan hukuk üçin tölegler.

3.Mineral çig-mal esasyň (bazaryň) üznüksiz önümçiligi üçin tutmalar.

4.Aksizler.

Ondan başga-da ýerastyndaky zatlardan peýdalanyjylar Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan göz öňüne tutulan salgytlary, tutmalary we beýleki tölegleri, şol sanda ýer, akwatoriýa ýa-da deňiz düýbüniň bölegi üçin tölegleri töleýärler.

Ygtyýarnama (lisenziýa) -ýer böleklerinden peýdalanma üçin hukugy tassyklaýan dokument. Ygtyýarnamanyň resmileşdirmesi, hasaba alynmasy we berilmesi ýerastyndaky (ýerastlaryň) zatlaryň döwlet fondunyň (gaznasynyň) dolandyrylmasynyň federal edarasy tarapyndan amal aşyrylýar.

Ygtyýarnama:

1.Işleriň maksady baradaky maglumatlary;

2.Ýeriň we ýer böleginiň çäklerini;

3.Hereket ediş we işiň baglanyş möhletini;

4.Tölegler bilen baglanyşykly şertleri;

5.Tebigy gazylyp alynýan zatlaryň ylalaşykly çykarylyş derejesini we onuň paý boýunça bölünmesiniň ylalaşygyny;

6.Geologiýa maglumatlara bolan hukuk barada ylalaşygy öz içine alýar.

Nebiti, gazy bar bolan gazylyp alynýan zatlardan peýdalanma aşakdaky sebäplere görä çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner:

-milli howpsyzlygy;

-wajyp döwlet zapaslarynyň (gorunyň) döredilmesi;

-ekologiýa ýa-da ilatyň asudalygy howp astynda bolan.

Ýer astyndaky zatlardan peýdalanma (kärende) we tebigy resurslary gazyp almaklyga bolan hukuk üçin tölegler aşakdakylardan ybarat:

-gözleg we barlag işlerini geçirmäge bolan hukuk üçin tölegler. Olar başlangyç bir gezeklik tölemeler we berlen iş möhletiniň dowamyndaky her bir nobatdaky döwür üçin düzgüne salnan tölegler görnüşinde alynýarlar;

-ýeriň astyndan tebigy resurslaryň gazylyp alynýanlygy üçin tölegler. Olaryň çykarylyp başlanýan wagtyndan başlap wagtly-wagtyndaky tölegler grnüşinde alynýarlar. Olaryň

möçberleri alnan nebitiň we gazyň hakyky gymmatynyň paýy görnüşinde hasaplanylýar. Bu tölegleriň haky gazylyp alynmanyň derejesine baglylykda üýtgäp bilýär.

-mineral-çig-mal bazasynyň (esasynyň) üznüksiz önümçiligi üçin tutmalar döwlet serişdeleri hasabyna barlanyp tapylan ähli görnüşdäki peýdaly gazylyp alynmalary amala aşyrýan ýerasty peýdalanyjylardan alynýar. Mineral çig-mal esaslarynyň üznüksiz önümçiligi üçin tutmalaryň möçberi nebitiň we gazyň hakyky gazylyp alnan hakyky gymmatynyň bellenilen paýy hökmünde kesgitlenilýär. Tutmalaryň haky ýer astyndaky tebigy resurslaryň gözlegine we barlagyna olara meňzeş hildäki zapas birligine edilen ortaça çykdjylaryň hasabyndan kesgitlenilýär. Bu serişdeleriň bir beli federasiýa ähmiýetli geologiýa-gözleg işleriniň pul bilen üpjünlemä (finansirlemä) merkezleşdirilýär, bir bölegi regional ähmiýetdäki işleri pul bilen üpjünleme üçin gaznanyň (fonduň) ýerli bölümlerinde galýar. Serişdeleriň bir bölegi gazyp alýan we özbaşdak ýerastynyň geologiýa barlagyny geçirýän kärhanalar tarapyndan peýdalanylýar.

-nebit we gaz kondensatyna bolan aksiz salgydy nebiti alýan kärhanalar boýunça differensial kesgitlenendir.

## 2.3.Nebit gaz resurslarynyň peýdalanylmasynda daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagy.

″Nebit we gaz baradaky″ kanunuňyň proýekti (taslamasy) nebit we gaz senagaty boýunça daşary ýurt inwestorlaryna ähli ýuridiki we aýratyn şahslara ýaly nebitli gazly ýerastlar bilen peýdalanma bolan hukuga ygtyýarnamalary edinmäge we ony ulanmaga deň derejede mümkinçilik berýär.

Daşary ýurt inwestorlaryna nebitli gazly ýerastlar bilen peýdalanmaga bolan hukuga ygtyýarnama berlende aşakdaky ylalaşyklar ulanylyp bilner:

-konsessiýa;

-önümi peýdalanmaklyga kontrakt;

-hyzmat ediş (serwis) kontraktlary;

-arkalaşykly kärhanalar;

″Konsession şertnamalary barada″ kanunyň proýekti (taslamasy) boýunça konsession şertnamasy -bu inwestora Türkmenistanyň territoriýasyndaky ýerastlaryň barlagynyň, derňewiň, gazyp almalaryň amala aşyrylmasyna we peýdalanylmasyna belli kadadan çykýan hukugy berýän, şeýle hem öndürilen önüme we alnan giredejä eýeçilik etme hukugyny berýän ylalaşykdyr. Kanunyň proýekti konsession şertnamasy baglaşylanda her tarapyň hukugyny we borçlaryny göz öňüne tutýar. Has tapawutlysy, amatlysy bolup çykyş edýäni bu ýerastlardan peýdalanyllanda önümiň paýlanylmasy baradaky ylalaşykdyr. Önümiň paýlanylmasy baradaky ylalaşyk alnan nebitiň we gazyň dilleşen taraplar arasynda salgytlaryň, gümrük hakynyň, aksizleriň we girdejä bolan salgytdan we ýerastlardan peýdalanma üçin hukuga bolan tutmalardan başga, kanun tarapyndan göz öňüne tutulan beýleki tölegleriň ornuna çalyşylyp paýlanylmasyny göz öňüne tutýar.

Ylalaşyk iwestora ygtyýarnama laýyklykda ýerastlaryndan peýdalanma hukuk berýär. Önümçilige eden çykdajylarynyň öwezini doldurmak üçin alnan uglewodorodlaryň bir bölegi -kompensasion nebit-inwestoryň eýeçiligine geçýär. (1.2 sur.)

Kompensasiýa bu soňabaka prosenti peselmesi bilen ilkinji ýyllarda 70-90% bolýar. Nebitiň 2-nji bölegi- -″girdejili″ bölegi -inwestoryň we döwletiň arasynda ylalaşykda bellenilen prosent boýunça paýlanylýar (bölünýär).

Inwestoryň eýeçiligine geçen nebit we gaz eksport düzgüni boýunça Türkmenistanyň çäginden çykarlyp bilner.

Ylalaşygyň amala aşyrylmasynda täzeden emele gelen esasy fondlar kompensasion (töleg) nebit bilen olaryň gymmatynyň öwezi doldurylýança inwestoryň eýeçiliginde galýarlar. Ylalaşygyň hereket ediş döwrüniň dowamynda ylalaşyk çäginde inwestoryň işiniň kommmersiýa ýagdaýlaryny ýaramazlaşdyrylan kanun dokumentleri girizilse, olara

(dokumentlere) ilki bilen göz öňüne tutulan kommersiýa netijelerini inwestora üpjün edýän düzedişler girizilmelidir.

Ylalaşykda düzedişleriň girizilmegi taraplaryň özara ylalaşygy boýunça edilmeli.




**2.2.sur. Nebitiň paýlanyşynyň shemasy (gurluşy)**

Gözleg we barlag işleriniň geçirilmesinde ýataklardan gazylyp alynmada we peýdalanmada, Türkmenistanyň territoriýasynda (çäginde) tebigy resurslaryň dikeldilmeginde hyzmat etmä kontrakt hyzmatyň aýratyn görnüşine, şeýle hem işleriň dürli görnüşler toplumyny geçirmeklige berlip bilner (nebitiň we gazyň gözlegi, nebit we gaz ýataklaryndan peýdalanmak, täze tehnologiýa we enjamlar bilen üpjün edilme, marketing hyzmatlary we beýl.).

Nebitli gazly ýerastlar bilen peýdalanmaklyga bolan ygtyýarnama boýunça daşary ýurt inwestorlary bilen dürli gurluşly-korporatiw, hyzmatdaşlyk-kontrakt gurluşly-görnüşdäki arkalaşykly kärhanalary döretmeklige rugsat berilýär.

Arkalaşykly kärhanalaryň korporatiw gurluşy ustaw boýunça göz öňüne tutulan işi (hereketi) amala aşyrýan kompaniýanyň (kärhananyň) döredilmesini talap edýär.

Hyzmatdaş arkalaşykly kärhananyň kapitalynyň bir bölegine gatnaşyşyna baglylykda girdejiniň paýyna eýe bolýarlar.

Hyzmatdaşlyk-arkalaşykly kärhananyň görnüşi hökmünde goşmaça ýuridiki (şahsyň) edaranyň döredilmesini talap etmeýär. Ol hyzmatdaşlaryň hukugyny we borçlaryny kesgitleýän özara ylalaşygy bilen dolandyrylýar.

Kontrakt görnüşdäki arkalaşykly kärhananyň gatnaşyjylary bilelikde hereket etmek bilen, öz girdejisini özbaşdak (aýratyn) alýarlar we öz hususy aktiwleriniň (pul-maýasynyň) çägindäki hereketleri üçin jogapkär bolýarlar. Hyzmatdaşlaryň arasyndaky gatnaşyk arkalaşykly kärhana baradaky şertnama tarapyndan ýola goýulýar.

Türkmenistanda arkalaşykly kärhanada daşary ýurt inwesorlary bilen hyzmatdaş hökmünde ygtyýarnama bar bolan islendik nebitli gazly ýerastlar bilen peýdalanýan adamlar çykyş edip biler.

## 2.4.Nebit gaz toplumynyň Döwlet tarapyndan dolandyrylşy.

Nebit gaz toplumynyň döwlet tarapyndan ýola goýulmasy ýurtda hereket edýän kanunlara laýyklykda hökümetiň federal we regional edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Döwlet tarapyndan dolandyrylma aşakdakylary öz içine alýar:

-ýerastlar bilen peýdalanmanyň dolandyrylmasyny;

-nebit we gaz ugry boýunça (sektorynda) federasiýa eýeçiliginiň (aksiýalar paketini) dolandyrylmasyny;

-geologiýa, ekologiýa howpsyz geçirilmegi üçin nebitiň we gazyň oýlanyşykly peýdalanmasy boýunça beýleki barlaglary;

-iş (hereket) görnüşlerini ygtyýarnamalaşdyrmany;

-döwletiň salgyt, kredit we nyrh syýasatyny;

-demonopolizasiýa maksatnamasyny; adaty monopoliýeleriň ýola goýulmasy.

Nebit gaz Ministrligi bazar şertlerine laýyklykda hereket edýän kanunlaryň çäginde hojalyk işlerini özbaşdak meýilnamalaşdyrýar, guraýar we barlaýar, pul-maýa bilen üjün etme we ýerleme hem-de ösüşi bilen baglanyşykly soraglary çözýär.

Nebit gaz kärhanalarynyň we döwlet dolandyryş edaralarynyň arkalaşykly hereket görnüşleri-maglumatlaryň alyş-çalyş edilmesini, özara maslahat alyşmalary (konsultasiýalary), bilelikdäki işçiler toparlaryny guramaklygy we maglumatlaryň we guramaçylyklaryň özara hereketleriniň beýleki görnüşlerini öz içine alýar.

# III BAP
# Nebit gaz toplumynyň kärhanalarynyň esasy fondlary

## 3.1.Esasy fondlar kärhananyň balansynyň aktiwiniň has ähmiýetli maddasy hökmünde.

Belli bir önümiň görnüşini öndürmeklik ýa-da işiň görnüşini ýerine ýetirmeklik üçin ýuridiki şahslaryň islendik guramaçylyk-hukuk görnüşi zähmet serişdeleriniň we zähmet zatlarynyň (predmetleriniň) toplumyna eýe bolýar. Zähmet serişdesi-bu zähmeti talap edýän zada täsir etmek üçin, onuň görnüşini üýtegtmek üçin we belli bir önümi öndürmek üçin peýdalanylýan ähli zatlarydyr. Olar önümçiligiň esasy sebäpleriniň biri bolup çykyş edýärler. Zähmet serişdeleri bu - önümçilik serişdeleriniň has gymmat baha bölegidir. Olar köp sany önümçilik döwürlerine hyzmat edýärler, uzak wagtlap önümçilik hereketine (prosessine) gatnaşýarlar we önümçilik prosessinde kem-kemden tozup-hakyky görnüşini saklamak bilen gymmatyny taýýar önüme bölekleýin geçirýärler. Olary esasy fondlar diýip atlandyrýarlar.

Bir önümçilik döwründe bütinleý peýdalanylýan, öz hakyky görnüşini üýtgedýän we derrew öz gymmatyny taýýar önüme geçirýän zähmet serişdeleri dolanyşyk fondlaryna degişlidirler.

Ýuridiki şahslaryň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň esasy we dolanyşyk fondlaryň jemi onuň önümçilik fonduny emele getirýär. Önümçilik fondunyň umumy göwrüminde esasy we dolanyşyk fondlarynyň arasyndaky gatnaşyk önümçilik hereketiniň aýratynlygyna bagly. Nebit gaz toplumynyň kärhanalaryna öz balansynyň aktiwinde esasy fondlarynyň paýynyň hökmany agdyklyk etmegi häsiýetlidir: nebit gaz gazylyp alynmada-97% barabar, nebiti gaýtadan işläp çykarmada 90% barabar.

Önümçilik hereketine gatnaşmagyna görä esasy fondlar esasy önümçilik we önümçilik däl fondlara bölünýärler.

Önümçilik däl esasy fondlar-bu önümçilik hereketine gatnaşmaýan we kärhananyň taýýar bolan önümine öz gymamtyny geçirmeýän esasy fondlaryň bölegidir. Olara kärhananyň balansynda bolan ýaşaýyş jaý fondy, klublar, naharhanalar, çagalarbaglary, saglyk öýleri, stadionlar we beýleki medeni-durmuş taýdan hyzmat etme obýektleri degişlidir. Bular önümçilik hereketiniň gidişine gös-göni täsir etmeýän esasy fondlaryň bölegi.

Önümçilik esasy fondlar önümçlik hereketine gös-göni gatnaşýarlar ýa-da oňa hyzmat edýärler we kärhananyň maddy-tehniki esasyny (bazasyny) emele getirýärler. Eýeçiligiň islendik görnüşindäki kärhananyň balansynda bolýan esasy fondlar kärhananyň aktiwinde ″Esasy fondlar we beýleki dolanyşykda bolmaýan aktiwler″ maddasy boýunça hasaba alynýarlar. Esasy fondlar-jaýlar, gurluşlar, geçiriji gurluşlar, güýç berýän (kuwwat we iş maşynlary, ölçeg we sazlaýyş gurallary hem-de beýleki zähmet serişdeleri kärhananyň maddy fonduna degişli bolýarlar.

Maddy däl aktiwler maddy taýdan manysy bolmadyk emma we kärhana girdeji getirmäge ýardam edip, onuň hojalyk dolanyşygynda uzak wagtlap (bir ýyldan artyk) ulanylma häsiýetine eýe bolýan aktiwler toparyny (hojalyk serişdelerini) aňlatmak üçin ulanylýan umumylaşdyrylan düşünje. Hojalyk işinde özüniň ýerine ýetirýän wezipesine we hyzmatyna görä maddy däl aktiwler üç esasy topara bölünýärler:akyl ýetiriş (aňlaýyş, intelektual) eýeçiligi, emläk hukugy, goýlan çykdajylar.

Akyl ýetiriş (intelektual) eýeçiligine hereket edýän kanuna laýyklykda döredilen zatlar, peýdaly modeller (görnüşler), senagat nusgalary, haryt belgileri, harydyň çykarylan ýerleriniň atlary, ″nou-hau″ , elektron hasaplaýyş maşynlarynyň programmalary, integral shemalaryň tehnologiýasy, awtor we baglanyşykly hukuklar degişlidirler.

Emläk hukuklaryna, ýerden, suw resurslaryndan emläkden we ş.m.-den peýdalanma bolan hukuklar degişlidirler.

Goýlan çykdajylara: guramaçylyk bilen baglanyşykly, ylmy-gözleg we tejribe konstruktor işläp taýýarlamalar degişlidirler.

## 3.2.Maddy esasy fondlaryň düzümi we gurluşy. Olary bahalandyrma usullary.

Hakyky madda alamatlaryna we önümçilik hereketine gatnaşyş derejesine esaslanyp kärhanalaryň esasy fondlary dürli toparlara we topar bölümlerine bölünýärler.

Maddy esasy fondlara aşakdakylar degişlidirler:

1. Zähmet (atmasfera täsirinden goranma we beýlkiler), ilata durmuşy – medeni taýdan hyzmat etmek we maddy gymmatlyklary saklamak üçin şertleri döretmeklige niýetlenen binagärçilik – gurluşyklary bolan jaýlar (ýaşaýyş jaýlaryndan başga), suw sorujy we kompressor stansiýalaryň, ammarlaryň zawodlaryň jaýlary;
2. Wagtlaýyn däl (hemişelik) ýaşamaklyga niýetlenen jaýlar. Bu adalgada göçürilýän şit jaýlary, ýüzýän jaýlar, beýleki jaýlar, şeýle hem esasanam, ýaşaýyş jaý hökmünde hasaplanylýan taryhy ýadygärlikler düşünilýär.
3. Gurluşyklar-zähmet görnüşiniň üýtgemegine bagly bolmadyk haýsydyr bir tehniki işleriň ýerine ýetirilmegi bilen önümçilik prosessini (hereketini) amala aşyrmak üçin ýa-da dürli önümçiliksiz wezipelerini amala aşyrmak üçin zerur bolan şertleriň döredilmegine niýetlenen inžener-gurluşyk obýektleri. Ähli gurluşlary bilen tutuş bir zady emele getirýän her bir aýratyn desga, obýekt bolýar. Meselem, nebit we gaz skwažinalary, nebiti we gazy gaýtadan işlenilmegi üçin gurluşlar, rezerwuarlar, diregler, estakadalar, köpürüler, awtomobil ýollary, esasy demir ýolunyň aýratyn bölekleri, teplosentrallar, aragatnaşygyň kabel liniýalary, esasy (magistral) turba geçirijileri we aýlawlar we ş.m.
4. Maşynlar we abzallar – energiýany, materiallary we maglumatlary üýtgedýän gurluşlar, köp maksatlara görä

ulanylýandygyna baglylykda maşynlar we abzallar aşakda görkezilen toparlara bölünýärler:

a) energetik abzallaryna (güýç berýän maşynlary we enjamlary) – ýylylyk we energetik energiýasyny döredýän – generator maşynlar, islendik görnüşdäki energiýany (suw, ýel, ýylylyk, elektrik we ş.m. energiýalaryny) mehaniki görnüşe öwürýän hereketlendiriji maşynlar;
b) iş maşynlary we abzallar senagat önümini öndürmek üçin awtomat maşynlaryny we enjamlary öz içine alýan tehnologik abzallaryň ähli görnüşleri, oba-hojalyk, ulag, gurluşyk, söwda, ammar, suw bilen üpjün etme we ýerlagym (kanalizasiýa), arassaçylyk enjamlary we energetik hem-de habar beriş serişdelerine degişli bolýanlardan başga maşynlar we abzallar;
c) maglumat beriş abzallary – aragatnaşyk ulgamynyň enjamlary, ölçeg we dolandyryş serişdeleri, hasaplaýyş tehniki we orgtehnika serişdeleri, habarlary wizual we akustik şöhlenendirme serişdeleri, habarlary saklamak üçin serişdeler, teatr-sahna abzallar;
d) ulag-adamlary we ýükleri göçürme üçin niýetlenen göçürme serişdeleri; demir ýoluň hereket edýän düzümi (lokomatiwler, wagonlar we beýlekiler.); suw ulagynyň, hereket edýän düzümi (ähli görnüşlerdäki ulag gämileri, gulluk-kömekçi gämiler, halas ediji, buzdöwek gämileri, buksirler, losman gämiler we beýlekiler.); awtomobil ulagynyň hereket edýän düzümi (ýük, ýeňil awtomobilleri, awtobuslar, trolleýbuslar, tirkegler we ýarym tirkegler); howa ulagynyň hereket edýän düzümi (uçarlar, wertolýotlar, äleme uçuş gämileri), şäher ulagynyň hereket edýän düzümi); ýerde goýlup öndürilýän önümçiligiň ulag serişdeleri, şeýle hem beýleki görnüşdäki ulag serişdeleri;

5. Önümçilik we hojalyk inwentary, oňa aşakdakylar degişli:

a) önümçilik inwentary – suwuklyklary saklamak üçin gaplar (çelek, gaplar we ş.m.), ürgün, sanly we gap sanly

materiallar üçin gurluşlar we gaplar, önümçilik amallaryny ýeňilleşdirmek üçin hyzmat edýän gurluşlar we mebel (iş stollary, satyjy stollary, prilawka-doňduryjylardan we prilawka – ýyladyjylardan başga, söwda şkaflary, tekjeler we ş.m.)

b) hojalyk inwentary – önümçilik hereketinde gös-göni ulanylmaýan edara we hojalyk zatlary, sagatlar, ýangyna garşy niýetlenen zatlar, sport inwentary;

6. Iş mallary, önümli we tohum mallary (ýaş we soýma üçin mallardan başga) – ýabylar, öküzler, düýeler, eşekler, sygyrlar, goýunlar, şeýle hem önüm öndürmek üçin telim gezek ýa-da yzygider ulanylýan (süýt, ýüň almak üçin) beýleki haýwanlar; önümli aýgyrlar we tohum baýtallary (iş mallary hasaplanmaýan), önümli öküzler, sygyrlar, önümli erkek doňuzlary we beýleki tohum mallary;

7. Köp ýyllyk agaç oturtmalary-sanyna, ýaşyna we hiline bagly bolmazdan her bir seýilgähiň, bagyň, köçäniň, bulwaryň, howlynyň, kärhanalaryň daş-töwreginiň we.ş.m. agaç oturtmalary; köçeleriň, ýollaryň ugurdaky (berkidilen meýdançalaryň çäginde) agaç oturtmalary, şol sanda her bir agajyň germewi, meýdan gorag zolaklarynyň her bir böleginiň (etrabynyň) agaç oturtmalary.

Maddy bolmadyk esasy fondlara (maddy däl serişdelere aktiwlere) kompýuter programma üpjünçiligi, maglumat bazalary, ylmy tutumly senagat tehnologiýalar, ulanylmasy olara bolan eýeçiligiň bellenilen hukuklary bilen çäklendirilýän akyl eýeçilik obýektleri hasaplanýan beýleki maddy däl esasy fondlar.

Nebit gaz almaklygyň, nebit-gazy gaýtadan işlenilmeginiň we nebit-gazyň ulag we saklama ulgamlarynyň esasy önümçilik fondlary berlen umumy Tipli (Tipowoý) klassifikasiýa görä jetwel 3.1. görkezilen zähmet serişdelerini birleşdirýär.

Esasy fonda degişli däl:

a) gymmadyna bagly bolmazdan, bir ýyldan az hyzmat edýän zatlar;
b) gymmadyna bagly bolmazdan esasy fonda degişli bolýan oba hojalyk maşynlaryndan we gurallaryndan, gurluşyk mehanizimleşdirilen esbaplardan, şeýle hem iş we önümli mallardan başga, hyzmat ediş möhletine bagly bolmazdan Türkmenistanyň Maliýe Ministrligi tarapyndan bellenilen limitden pes gymmatly zatlar;
c) gurulmasy boýunça harçlanmalaryň goşmaça çykdaýjylaryň düzümindäki gurluşyk – montaž işleriniň özüne düşýän gymmatyna degişli bolan wagtlaýyn desgalar we gurluşlar;
d) Türkmenistanyň Maliýe Ministrligi tarapyndan bellenilen limitiň çäklerindäki gymmatlykda ammarlarda haryt – maddy gymmatlyklary saklamak üçin gap we ş.m.

Öndüriji kärhanalaryň, üpjün ediji we söwda edaralarynyň ammarlarynda taýýar önüm hökmünde hasapda duran, montaža berlen ýa-da montaž edilmeli, ýolda barýan, kapital gurluşygyň balansynda hasapda duran maşynlar we enjamlar hem esasy fondlara degişlidirler.

**Esasy önümçilik fondlarynyň klassifikasiýasy.**

**Jetwel 3.1.**

| **Esasy fondlaryň, görnüşleri we olaryň wezipesi** | **Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda bu görnüşleriň obýektleri** |
|---|---|
| **1.** Zähmetiň kadaly şertlerini döretmek üçin, haryt-maddy gymmatlyklaryny saklamak üçin jaýlar | Suw soryjy we kompressor stansiýalaryň, mehaniki ussahanalaryň, turba bazalarynyň, bug gazanlarynyň, ammarlaryň, zawodlaryň we beýleki jaýlary |
| **2.** Zähmet görnüşiniň üýtgemegine bagly bolmadyk wezipeleri ýerine ýetirmek ýoly bilen önümçilik prosessini amala aşyrmak üçin zerur bolan şertleri döretmek | Nebit, gaz skwažinalary, tehnologik gurluşlar, rezerwuarlar, deňiz estakadalar, diregler, nebit duzaklary, kollektorlar, ýollar, gämi duralgalary. Turbageçiriji komminikasiýalary, gaz çyzmyklary, suwgeçirijiler, kärhana içindäki turbageçirijiler. |

| | |
|---|---|
| üçin gurlyşyklar | Elektrogeçirijileriň howa liniýalary, telefon we telegraf setler.<br>Esasy turbageçirijiler we aýlawlar we ş.m. |
| **3.** Wagtlaýyn däl ýaşamaklyga niýetlenen jaýlar | Göçürilýän şit jaýlary, ýüzýän jaýlar, ýaşamaklyk üçin ulanylýan beýleki jaýlar. |
| **4.** Maşynlar we abzallar<br>a) güýç berýän maşynlar we enjamlar<br>b) iş maşynlary we abzallary<br>ç) ölçeg, düzgünleşdiriş enjamlary we gurluşlar | Bug gazanlary, generatorlar, kompressorlar, elektrohereketlendirijiler, içinden ot alýan hereketlendiriji (dwigatel), transformatorlar, süýşýän elektrostansiýalar we beýlekiler.<br>Buraw gurluşlary, stanok-kürsi, nebitgazy sorýan enjamlar GPS abzaly, ýylylyk alyşýanlar we beýlekiler.<br>Debitometrler, çuňluk manometrleri, dispetçer barlagy üçin gurluşlar, düzgünleşdiriji gurluşlar we ş.m. |
| **5.** Adamlar we ýükleri göçürmek üçin ulag serişdeleri | Awtoçelekler, nebitguýulýan gaplar, tankerler, awtomobiller, baržalar, gämiler, çelekler, traktorlar we başgalar. |
| **6.** Inwentar:<br>a) önümçilik<br>b) hojalyk | Suwuklygy saklamak üçin, jaýlara degişli bolmaýan tutumlar (çelekler, gaplar we ş.m.), ürgün sanly we gap sanly materiallar üçin gurluşlar we gaplar, önümçilik amallaryny aňsatlaşdyrmak üçin hyzmat edýän gurluşlar we mebel.<br>Sagat, ýangyna garşy ulanylýan zatlar (maşynlar we enjamlara degişli bolýan suw sorujylardan we mehaniki ýangyn merdiwanlardan başga), sport inwentary we beýlekiler. |
| **7.** Beýlekiler | Iş, önümli mallar, köp ýyllyk agaçlar we başgalar. |




**3.1. sur. Nebit gaz senagatynyň kärhanalarynda esasy fondlarynyň gurluşy.**

Önümçilik prosessinde esasy fond toparlary dürli wezipeleri ýerine ýetirýärler. Iş maşynlary we abzallar, ölçeg enjamlary we gurluşlar, tehniki gurluşlar (nebit we gaz skwažinalary we nebitgazy gaýtadan işleýän gurluşlar, şeýle hem esasy turbageçirijiler) önümçilik prosessine gös-göni gatnaşýarlar, önüm öndürilmeginiň ýokarlanmagyna hem göniden – göni täsir edýärler we şonuň üçin hem fondlaryň aktiw bölegine degişli bolýarlar. Esasy fondlaryň beýleki toparlary (önümçilik jaylary inwentar we ş.m.) önüm öndürilmegine goşmaça täsir edýändigi üçin olara esasy fondlaryň passiw bölegi diýilýär (sur 3.1).

Aktiw bölek, onuň esasy fondlardaky paýy gös-göni olaryň tehniki kämillik derejesini, olara girizilen önümçilik mümkinçilikleri görkezýär we ep-esli derejede kärhananyň önümçiliginiň kuwwat derejesini kesgitleýär. Dürli

kärhanalarda bu bölekleriň gatnaşygyny esasy fondlaryň gurluşyndan aýan edip bolýar.

Esasy fondlaryň önümçilik gurluşy olaryň umumy gymmatynda esasy fondlaryň her bir toparynyň udel agramy bilen häsiýetlenýär. Esasy fondlaryň düzüminde nebitgaz kärhanalarynyň maşynlarynyň, enjamlarynyň, gurmalarynyň we aktiw bölekleriň beýleki elementleriniň udel agramy näçe ýokary bolsa, esasy fondlaryň 1 manadyna düşýän önüm şonça-da köp öndüriler. Tehniki taýdan enjamlaşdyrylma derejesi ýokary bolan, önümçilik prosessleri mehanizimleşdirilen we awtomatlaşdyrylan, işlenip taýýarlanylmanyň himiki usullaryndan giňden peýdalanylýan we zähmetiň elektro üpjünçiliginiň derejesi ýokary bolan kärhanalarda esasy fondlarynyň aktiw bölekleriniň udel agramy has ýokary bolýar. Mundan başga-da, kärhanalarda esasy fondlaryň aýratyn toparlarynyň udel agramy olaryň tehniki-ykdysady aýratynlyklaryna görä meňzeş däldir. Hat-da senagatyň şol bir pudagynyň içindäki kärhanalar hem esasy önümçilik fondlaryň dürli gurluşyna eýedirler.

Senagatyň we maşyn gurluşygynyň esasy fondlarynyň gurluşynda fondlaryň aktiw bölegi – maşynlar we abzallar – 50% hem ýetmeýär, esasy fondlarynyň passiw böleginiň – jaýlaryň we beýlekileriň. – udel agramy bolsa ep-esli derejede bolýar.

Passiw bölek bilen deňeşdirende aktiw böleginiň paýynyň uludygy nebit we gaz senagatynyň kärhana düzüminiň aýratynlygydyr. Dogrudan-da, nebitiň we gazyň gaýtadan işlenilmegi senagatynda aktiw bölegi emele getirýän, maşynlar, enjamlar we gurluşlaryň bir bölegi, esasy fondlaryň passiw böleginiň-jaýlaryň we beýlekiler ujypsyzja udel agramynda, 60% geçýär, nebit çykarmada bolsa (skwažinalary), maşynlary öz içine alýan esasy fondlaryň aktiw bölegi 80% geçýär.

Bu bolsa, olaryň kärhanalardaky esasy önümçilik prosessiniň uly böleginiň binalardan, jaýlardan daşarda açyk meýdanlarda amala aşyrylýandygy bilen baglanyşyklydyr. Bu

ýagdaý ulag we nebiti we gazy saklama ulgamynyň esasy fondlarynyň gurluşyna hem häsiýetlidir. Ýöne uly tapawutlyklar hem bar: eger nebit gaz çykarmada aktiw bölek bu esasy önümçilik prosessiniň geçmegine kömek berýän gurluşlar (skwažinalar we rezerwuarlar) bolýan bolsa, turbageçiriji ulagda – nebitiň we gazyň geçirilmegi turbageçiriji tarapyndan ýagny, 90%-den geçýär aktiw bölegi emele getirýän maşynlar we enjamlar bilen baglanşmagynda gurluşlar amala aşyrýarlar.

Bu kärhanalaryň esasy önümçilik fondlarynyň düzüminiň indiki kämilleşmesi onuň tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrylmagyna, awtomatlaşdyrylmagyna bagly.

Ulanma derejesine görä esasy fondlar şeýle toparlara bölünýärler:

a) peýdalanylmadyklar – edaranyň balansynda hasapda duran hereketdäki esasy serişdeler, şol sanda wagtlaýynça ulanylmaýanlar, kärende şertnamasy boýunça kärendä berlenler we beýlekiler;
b) taýýarlanyp goýlan (ätiýaçlyk) – şu maksat üçin satyn alnan, şeýle hem ulanylmada bolan, emma wagtlaýynça ulanylmadan çykarylan enjamlar we ulag serişdeleri;
c) gurlup gutarma, abzallaşdyryp bolma, durkyny täzeleme we bölekleýin sanda çykarma;
d) konsirwirlenen (duruzylan) – belli bir toplumdaky esasy serişdeler, üç aýdan uzak möhlete önümçiligiň tamamlanan döwrine eýe bolan obýektler.

Degişliligine görä esasy serişdeler şeýe toparlara bölünýärler:

a) hususy – eýeçilik hukugy boýunça gurama degişli bolýan (şol sanda satyn alma hukuksyz kärendesine berlenler);
b) ýerine ýetiriji dolandyryşdakylar we hojalygy alyp barmakdakylar;
c) satyn alma hukuksyz kärendä alnanlar.

## 3.3. Esasy serişdeleriň bahalandyrylmagy.

Esasy önümçilik fondlarynyň dogrulygyna we anyklygyna amortizasiýanyň, şeýle hem önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatynyň, onuň satlyk nyrhlarynyň, emläge goýulýan salgytlar jeminiň we beýleki görkezijileriň hasaplanylmagynyň takyklygy bagly bolýar.

Esasy fondlaryň ýagaýy we ulanylyşy hakyky we gymmat görkezijilerinde hasap edilýär.

Hakyky görkezijiler, esasy fondlaryň, tehniki düzümini, kärhananyň we tutuş pudagynyň obýektleriniň önümçilik kuwwatyny kesgitlemäge, enjamlaryň balansyny düzmäge mümkinçilik berýär.

Hakyky görkezijilerde her bir obýektiň häsiýetini tehniki pasportda şöhlelendirýärler. Ol ýer-de önümçilik kuwwatyny, könelme derejesi we esasy gaznalarynyň düzüminde we ýagdaýynda bolup geçýän ähli üýtgemeler görkezilýär. Esasy fondlaryň saklanylmagyna gözegçilik etmek maksady bilen wagtal-wagtal bardygyny we hal-ýagdaýyny barlamak üçin niýetlenen esasy fondlaryň inwentarizasiýasyny geçirýärler.

Esasy fondlaryň gymmaty taýdan bahalandyrylmagy olaryň umumy göwrümini, gurluşyny, hereketini, amortizasiýa hasaplamalaryny, olaryň öndüriliş meýilnamasyny we ş.m. kesgitlemek üçin zerur.

Esasy fondlaryň gymmaty taýdan bahalandyrylmagynyň üç görnüşi bar: başlangyç gymmaty, galyndy we dikeldiş gymmaty. Bu esasy fondlaryň wezipelerini ýerine ýetirilmeginiň dowamlylygy bilen, olaryň ýuwaş-ýuwaşdan köpelmegi we olaryň gaýtadan döredilmesiniň şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly.

Şeýlelikde, esasy serişdeleriň bahalandyrmak üçin, ýagny buhgalter hasaplaşygynda ol ýa-da beýleki obýektiň nähili nyrhda hasaba alynmalydygyny kesgitlemek üçin aşakdakylar ulanylýarlar:

a) esasy serişdeleriň hakyky (başlangyç) gymmaty esasy fondlaryň gurulmagyna ýa-da satyn alynmagyna kärhananyň hakyky harçlanmalaryny görkezýär. Muňa olaryň getirilmegi, montažy ýa-da gurulmagy, şeýle hem esasy fondlar girizilen ýylda hereket edýän önümçilik şertleri (nyrhlar, zähmet öndürijiligi); başlangyç gymmatlyk enjamyň hereket edişiniň bütin dowamlygynda üýtgemeýär, şonuň üçin hem, amortizasiýa tutumlarynyň hasabyna doly üsti ýetirilmelidir.
b) dikeldiş gymmatlygy – belli bir ýylyň şertlerinde esasy fondlaryň üznüksiz önümçiliginiň gymmatyny görkezýär, başgaça aýdylanda, ol bir görnüşli (hereket edýän) enjamlary satyn almak üçin harçlanyljak, ýöne häzirki wagtda hereket edýän nyrhlar boýunça, pul serişdeleriniň jemini görkezýär; bu zähmet öndürijiliginiň, materiallara bolan nyrhlaryň we ş.m. üýtgemegi netijesinde önümçiligiň kämilleşmegi dowamynda enjamlara bolan nyrhlaryň üýtgemegine baglydyr.
c) esasy fondlaryň galyndy gymmatlygy esasy fondlaryň kem-kemden könelmesi zerarly gerekdir; ol esasy fondlaryň gymmatynyň haýsy bölegini taýýar önüme geçirilmeginiň zerurdygyny görkezýär. Şeýlelikde, galyndy gymmatlyk – bu esasy fondlaryň könelme gymmaty hasaba alynmazdan, olaryň başlangyç gymmatydyr. Esasy fondlardan peýdalanma wagt näçe uzak bolsa, şonça-da olaryň könelme gymmaty ýokary, galyndy gymmaty bolsa pes bolar. Diýmek bu bahalandyrma boýunça enjamyň könelme derejesi barada pikir ýöretmek bolar, başlangyç gymmatlyk bilen deňeşdirip bolsa, esasy fondlaryny täzeleme döwrüni anyklap bolar.

## 3.4. Esasy fondlaryň könelmesi, olaryň hyzmat ediş möhleti we amortizasiýasy.

Wagtyň geçmegi bilen esasy fondlar sandan çykýar we kem-kemden öz ilkibaşdaky hilini ýitirýärler. Bu prosesse esasy fondlaryň fiziki (material) taýdan könelmegi diýilýär, oňa şeýle ýagdaýlar täsir edýärler: gurluşyk we taýýarlanma hili, ulanylmanyň intensiwligi, hyzmat ediş derejesi we ş.m. Esasy fondlaryň fiziki taýdan könelmeginiň esasy sebäpleri bu – korroziýa (pos) we abraziw taýdan sandan çykma, şeýle hem şaýlaryň we enjamyň mehaniki taýdan könelmegi.

Fiüiki taýdan könelme ilki bilen ulanylma hiliniň ýaramazlaşmagyna alyp barýar, onuň netijesi bolsa enjamy ulanma bilen baglanyşykly çykdaýjylar ýokarlanýar. Enjamyň könelme derejesine görä, ýaramazlaşma indi enjamdan ulanylmanyň ykdysady taýdan maksadalaýyk gelmeýän derejä ýetýär.

Käbir şaýlaryň şunuň ýaly kem-kemden könelmegi kanagatlanarly işlemegi dowam etdirýän hem bolsa, hereketlendirijiniň (dwigateliň) peýdaly hereket koeffisiýentini peseldýär we ş.m.

Enjamyň fiziki taýdan könelmeginiň öňüni almak üçin abatlaýyş işlerini geçirýärler. Fiziki taýdan doly könelme enjamyň çalşyrylmagynyň zerurdygyny aňladýar, sebäbi ol öz ilki başdaky hilini ýitirdi we meňzeş bolan täze enjamlara bildirilýän talaplary kanagatlandyryp bilmeýär.

Enjamlar diňe fiziki taýdan däl-de görnüşi (moral) taýdan hem könelýär, bu könelme tehniki ösüş netijesinde bolup geçýär.

Tehniki ösüşiň ýokary derejedäki depginligi hereket edýän esasy fondlary entek fiziki taýdan öz işlemeli möhletini tamamlamazdan köp öň, görnüş taýdan köneleşendigi üçin çalyşma zerurlygyny döredýär.

Görnüş taýdan sandan çykma iki sebäp boýunça bolup geçýär: esasy fondlaryň üznüksiz önümçiliginiň

gymmatlamagy (arzanlamagy) netijesinde (bu ýagdaý inflýasiýa netijesinde ýa-da zähmet öndürijiliginiň ösmegi, tehnikanyň kämilleşmegi we ş.m. hasabyna olaryň dikeldilme gymmatynyň ösmegi ýa-da peselmegi netijesinde); we has kämilleşen we öndürijilikli maşynlaryň konstruktiw döredilmegi netijesinde.

Kärhanalarda görnüş taýdan könelişen enjamlary mydama täzeläp durýarlar, sebäbi munuň netijesi önümiň öndürilmeginiň ösmegi we onuň önümçiligine çykdaýjylaryň kemelmegi sebäpli önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna alyp barýar. Täze enjamlary ornaşdyrma bilen bir hatarda, bar bolan abzallaryň kämilleşdirilmegi bilen meşgullanmalydyr, sebäbi ol görnüş taýdan sandan çykmanyň ýitgilerini azaldýar. Hereket edýän enjamlary kämilleşdirme hasabyna tehniki taýdan täze derejä ýetirýärler we şonuň bilen onuň görnüş taýdan könelmeginiň öňüni alýarlar.

Könelme, sandan çykma (fiziki we görnüş taýdan) meselesi bilen esasy fondlaryň hyzmat ediş möhletiniň kesgitlenilmegi meselesi berk baglanyşýar, ol bu fondlaryň ulanylyşynyň dürli şertlerine, hyzmat edýän işgärleriň hünärine, geçirýän abatlaýyş işleriniň hiline we ş.m. bagly bolýar. Bu möhleti, adatça, esasy fondlaryň peýdalanma tejribesi esasynda (munuň üçin tehniki pasportyň maglumatlaryny ulanýarlar) kesgitleýärler. Düýpgöter täze enjamyň hyzmat ediş möhleti, onuň fiziki we görnüş taýdan sandan çykmagynyň wagtyny göz öňüne tutjak ekspert bahalanmasy esasynda kesgitleýärler. Enjamyň hyzmat ediş möhletini (peýdaly ulanma möhletini) bilip, onuň täze enjamlar bilen çalşyrylmaly wagtyny anyklap bolýar, bu bolsa enjamyň balansyny işläp taýýarlamak üçin zerurdyr.

Peýdaly ulanylma möhleti diýlip, esasy serişdeler obýektiniň we (ýa-da) maddy däl aktiwler obýektiniň kärhana işiniň maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin hyzmat edýän döwrüne aýdylýar.

Salgyt kanunyna laýyklykda esasy serişdeleriň klassifikasiýasy esasynda peýdaly ulanma möhleti kärhana tarapyndan berlen obýektiň peýdalanylma girizilen senesinden başlap aşakdakylardan ugur alyp özbaşdak kesgitlenilýär:

- garaşylýan öndürijiligine ýa-da kuwwatyna laýyklykda bu obýektiň garaşylýan ulanma möhletinden;
- ulanylma düzgünine, tebigy şertlere we gazaply daş-töweregiň täsirine, abatlaýyş işleriniň geçiriş ulgamyna bagly bolan, garaşylýan fiziki taýdan könelmeden;
- bu obýektden ulanylmanyň kada-düzgün we beýleki çäklendirmelerinden (meselem, kärende möhleti).
- Esasy fondlaryň (ýa-da emlägiň) hyzmat ediş möhletine laýyklykda kärhanalar şeýle toparlara birleşdirilýärler.
- birnji topar-1ýyldan 2 ýyla çenli peýdaly ulanylma möhletli az wagtlyk emlägiň ählisi;
- ikinji topar-2 ýyldan hasaba goşulan 3 ýyldan ýokary peýdaly ulanylma möhletl bolan emläk;
- üçünji topar – 3 ýyldan hasaba goşulan 5 ýyldan ýokary peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk,
- dördünji topar – 5 ýyldan hasaba goşulan 7 ýyldan ýokary peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- bäşinji topar – 7 ýyldan hasaba goşulan 10 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- altynjy topar – 10 ýyldan hasaba goşulan 15 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- ýedinji topar – 15 ýyldan hasaba goşulan 20 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- sekizinji topar – 20 ýyldan hasaba goşulan 25 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- dokuzynjy topar – 25 ýyldan hasaba goşulan 30 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.
- onunjy topar – 30 ýyldan artyk peýdaly ulanylma möhleti bolan emläk.

Bu toparlarda görkezilmedik görnüşler üçin peýdaly ulanylma möhleti tehniki şertlerine we öndüriji – guramalaryň masalahatlaryna laýyklykda kärhana tarapyndan bellenilýär.

Maddy däl aktiwler obýektiniň peýdaly ulanylma möhleti ýerli kanunlaryna ý-da ulanyp boljak daşary ýurt kanunlaryna laýyklykda patentiň, şahadatnamanyň hereket ediş möhletinden we ukyplylyk eýeçilik obýektleriniň ulanylmasynyň beýleki möhlet çäklendirmelerden, şeýle hem maddy däl aktiwleriň ulanylmasynyň degişli bolan şertnamalar tarapyndan şertleşilen peýdaly möhletlerden ugur alyp kesgitlenilýär. Maddy däl aktiwleriň peýdaly ulanylma möhletini kesgitläp bolmaýan maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýa möçberleri 10 ýyl hasabyndan (ýöne kärhananyň hereket ediş möhletinden artyk bolmadyk hasapdan) bellenilýär.

Esasy fondlar wagtyň geçmegi bilen fiziki we görnüş taýdan dargap, öz hyzmat eden möhleti dowamynda özüniň gatnaşmagy bilen öndürilen önüme ilki başdaky gymmatyny doly geçirmelidir. Esasy fondlaryň gymmatynyň önüme şeýle geçirilmegine amortizasiýa diýilýär, bu önümiň özüne düşýän gymmatyna girizilýän serişdeler jemine bolsa amortizasiýa tutumlary diýilýär. Olar esasy fondlaryň doly dikeldilmegi (olaryň renowasiýasy) üçin niýetlenen amortizasiýa gaznasyny emele getrip, bu önüm satylandan soň, pul görnüşinde yzyna gaýdýarlar. Bu gazna kärhanada galýar we önümçiligiň kämilleşdirilmegi we modernizirlenmegi üçin toplama gaznasyna goýberilýär.

Her ýylky amortizasiýa tutumlary **($A_ý$)** esasy fondlaryň umumy gymmatyna we amortizasiýa döwrüniň dowamlylygyna **($W_a$)** bagly bolýar:

$$A_ý = (G_b - G_ý)/W_a$$

Esasy fondlaryň umumy gymmaty başlangyç gymmatdan **($G_b$)** ýapylyş (ýatyrylma) gymmatynyň **($G_ý$)** aýrylmagynda düzülýär.

Amortizasiýa döwri – bu esasy fondlaryň gymmadynyň üstüniň doldurylmagynyň, ýagny olaryň ulanylmasynyň möhletidir. Möhlet näçe uzak bolsa, beýleki deň bolan şertlerde her ýylky amortizasiýa tutumlarynyň jemi şonça-da az bolar we tersine

Ýapylyş (ýatyrylma) gymmatlygy – bu ulanmadan çykarylan enjamyň ýatyrylmagyndan soň alyp boljak serişdeler (ýagny, enjamyň ýatyrylmadan boýunça harçlanmalar aýrylanda, satylan materiallaryň gymmaty)

Başlangyç (ýa-da dikeldiş) gymmatlyga degişli edilen we göterimde aňladylan ýyllyk amortizasiýa tutumlary amortizasiýanyň kadaly möçberini **($N_a$)** kesgitleýärler:

$$N_a = \frac{A_ý}{G_b} * 100\%$$

şonda **$G_b$**- ulanylma girizilen enjamyň başlangyç gymmaty ýa-da gaýtadan bahalandyrmadan soň girizilen enjamyň dikeldiş gymmaty.

Amortizasiýanyň kadaly möçberiniň kesgitlenilmeginiň takyklygy kärhananyň ähli hojalyk işi üçin ähmiýetlidir. Amortizasiýa tutumlaryň möçberi olaryň esasy fondlarynyň her bir görnüşi boýunça gös-göni hasaplanmagy ýoly bilen kesgitlenilýär.

## Amortizasiýa hasaplamalarynyň usullary.

Amortizasiýa obýektleri – bu edaralaryň eýeçilik hukugynda, hojalyk dolanyşygynda we ýerine ýetiriji müdirliginde esasy serişdelerdir. Amortizasiýa edarada taýýarlanyp goýlan (ätiýaçlyk, ammardaky) esasy serişdeler obýektleriniň hasabyna goşulýar. Bu obýektlere: enjamlar,

ätiýaç saklamak üçin satyn alnan ulag serişdeleri, şeýle hem ozal ulanmada bolan, wagtlaýynça önümçilikden çykarylan, ammarlarda saklanylýan we könelen esasy fondlar obýektlerini çalyşmaklyk üçin niýetlenenler degişlidirler. Amortizasiýa tutumlary önümçiligiň çykdaýjylaryna (dolanyşyga) goşulýarlar. Şeýlelikde, önümçiligiň harçlanmalaryna goşulan amortizasiýa tutumlarynyň jemi edaranyň girdejisini kemeldýär.

Esasy serişdeler obýektleriniň amortizasiýa hasaplamasy aşakdaky usullaryň biri bilen amala aşyrylýar:

a) çyzykly usul;
b) kemelýän galyndy usuly;

Amortizasiýa tutumlarynyň hasaplaşygy

Jetwel 3.2.

| Amortizasiýa tutumlarynyň hasaplanma usuly | Amortizasiýa tutumlar hasaplaşygynyň usuly |
|---|---|
| 1. Çyzykly usul | $A_ý = G_b * N/100\%$<br>$A_ý$-amortizasiýa tutumlarynyň ýyllyk jemi;<br>$G_b$-esasy fondlaryň obýektiniň başlangyç gymmaty;<br>N-amortizasiýa tutumlarynyň ýyllyk kadaly möçberi, ol bu obýektiň peýdaly ulanylma möhletinden ugur alyp hasaplanylýar. |
| 2. Kemelýän galyndy usuly | $A_ý = G_{gal} * K_{çal} * N/100\%$<br>$G_{gal}$ -esasy önümçilik fondlar obýektiniň galan gymmaty;<br>$K_{çal}$ – çaltlandyrma koeffisiýenti (ýerli kanunlary, maşynlaryň we enjamlaryň netijeli görnüşleriniň ýokary – tehnologik pudaklarynyň sanawy boýunça ýerine ýetiriji fideral edaralary tarapyndan bellenilýär.) |
| 3. Peýdaly ulanma möhletiniň ýyllar sanynyň jemi boýunça gymmatlygyň çykdaýja geçirilmegi | $A_ý = G_b \frac{\text{Obýektiň hyzmat etmeginiň soňuna çenli galan ýyllaryň sany}}{\text{peýdaly ulanma möhletiniň ýyllar sanynyň jemi}}$ |
| 4. Önümiň (işiň)göwrümine deň ölçegli bolan gymmaty hasapdan çykarmak usuly | $A_ý = Q_i * G_b/Q_{g.ö.t.}$<br>$Q_i$-esasy önümçilik fondlarynyň i obýekti boýunça hasaplaşyk döwründe önüm (iş) göwrüminiň natural görkezijisi;<br>$Q_{g.ö.t.}$ -obýektiň (esasy serişdeleriň) peýdaly ulanma möhletinde göz öňünde tutulýan (çaklanylýan) önüm (iş) göwrümi |

c) peýdaly ulanma möhletiniň ýyllar sanynyň jemi boýunça gymmatlygyň çykdaýja geçirmegi;
d) önümiň (işiň) göwrümine deň bolan gymmatlygy hasapdan çykarmak usuly;
e) öňümiň (işiň) göwrümine deň ölçegli bolan gymmatlygy hasapdan çykarmak usuly.

Esasy önümçilik fondlaryň birmeňzeş obýektler topary boýunça bu usullaryň biriniň ulanylmagy onuň bütin peýdaly ulanma döwrüniň dowamynda geçirilýär.

Görkezilen usullaryň ulanylmasynda amortizasiýa tutumlarynyň hasaplanma tertibi jetwel 2.2 getirilen.

## Çyzykly usul.

Amortizasiýanyň hasaplanmagy esasy fondlaryň doly dikeldilmegi üçin amortizaiýa tutmalarynyň ýeke-täk kadalarynyň ulanylmasyna esaslanan.

Çyzykly usulda amortizasiýa tutumlarynyň ýyllyk hasaby esasy serişdeler obýektiniň başlangyç gymmatyna we obýektiň peýdaly ulanylma möhletinden gelip çykan amortizasiýanyň kadaly möçberine esaslanyp kesgitlenilýär. Bu usul ulanylma wagty we ýerine ýetirilýän döwürleýin işleriň hemişelik göwrüni olaryň peýdaly ulanylmasynyň möhletini çäklendirýän esasy ýagdaýlar bolup durýan esasy serişdeleriň obýektleri üçin ulanyp bilner. Olara jaýlar, desgalar, köp maşynlar we mehanizmler, stanoklar we enjamlar degişlidirler, meselem, çörek bişirilýän ýerde, iýmit we ýeňil senagatda, şeýle hem gurluşyk materiallar senagatynda we agyr senagatyň köp pudaklarynda. Bu usulda her aýky amartizasiýa tutumlary tutuş peýdasy ulanylma möhleti dowamynda birmeňzeş möçberde tutulýarlar.

Bu usul sekizinji – onunjy amortizasiýa toparlaryna girýän esasy gaznalar üçin hökmany suratda ulanylýar.

Esasy serişdeleriň beýleki görnüşlerine ýokarda görkezilen usullaryň islendigini ulanmak bolar.

Nebit we gaz senagatynyň ähli kärhanalarynda, esasanam, amortizasiýa hasaplamalaryň çyzykly usulyndan peýdalanylýar.

## Kemelýän galyndy usuly

Kemelýän galyndy usuly esasy serişdeler obýektleriniň ulanylma netijeliliginiň esasy serişdeleriň zähmet çeşmeleriniň kem-kemden tamamlanýandygy sebäpli soňky ýyla garanda, ozalky ýylyň ulanylma netijeliligiň ýokarydygyny kesgitleýär.

Bu usulda amortizasiýa tutumlarynyň hasabynyň ýyllyk jemi hasabat ýylynyň başyna esasy serişdeler obýektiniň galan gymmatyndan, onuň peýdaly ulanylma möhletinden gelip

çykan, amortizasiýa möçberinden we ýerli kanunyna laýyklykda bellenilýän göwrümdäki tizleşdirme koeffisiýentinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Diňe BHM 6/01 girizilen hem bolsa ýokary tehnologik pudaklaryň aýratyn maşynlary we enjamlary üçin kadaly resminamalaryň birnäçesiniň üsti bilen eýýäm öňden hem tizleşdirme koeffisiýentiniň ulanylma mümkinçiligi göz öňüne tutulypdy. Bu usul amortizasiýanyň tizleşdirilen hasaplama maksady bilen ulanylýar.

## Peýdaly ulanma möhletiniň ýyllar sanynyň jemi boýunça gymmatlygyň çykdaýja geçirmegi

Bu usul hem tizleşdirýänlere degişli bolup, ulanylmanyň birinji ýyllarynda amortizasiýa tutumlaryny uly göwrümlerde geçirmeklige mümkinçilik berýär. Görkezilen usul peýdaly ulanylma möhletine baglylykda gymmaty kemelýän, görnüş taýdan tiz könelýän esasy serişdeler obýektleri üçin, obýektiň dikeldilmegi üçin çykdaýjylaryň hyzmat ediş möhletiniň uzalmagy bilen ýokary galmagynda ulanylýar. Ony hasaplaýyş tehnikasy, aragatnaşyk serişdeleri boýunça, esasy serişdeler obýektlerine agram birinji iş ýyllaryna düşýän kiçi we ýakynda döredilen guramalaň maşynlary we enjamlary boýunça amortizasiýa hasaplamada ulanyp bolýar. Peýdaly ulanma möhletiniň ýyllar sanynyň jemi boýunça gymmatlygyň çykdaýja geçirilmegi usulynda amortizasiýa tutumlarynyň ýyllyk jemi esasy serişdeler obýektiniň başlangyç gymmatyna we ýyllyk gatnaşygyna esaslanyp kesgitlenilýär, bu ýer-de sanawjyda obýektiň hyzmat ediş möhletiniň soňuna çenli galýan ýyllaryň sany, maýdalowjyda bolsa obýektiň hyzmat ediş möhletiniň ýyllar sanynyň jemi bolýar.

## Öňümiň (işiň) göwrümine deň ölçegli bolan gymmatlygy hasapdan çykarmak usuly

Bu usul bilen amortizasiýa tutumlaryny hasaplap çykarmaklyk hasaplaşyk döwründe önüm (işler) möçberiniň natural görkezijilerinden we esasy serişdeler obýektiniň başlangyç gymmatynyň esasy serişdeler obýektiniň ähli peýdaly ulanylma döwründe önümiň (işiň) çaklanylýan möçberi boýunça gatnaşygyna esaslanýar. Görkezilen usul esasy ölçüdi (kriteriý) ulanylmasyny döwürleýinligi bolan esasy serişdeler obýektleri üçin ulanylýar. Bu geçen ýolunyň ululygyna ýa-da uçuş sagatlarynyň möçberine amortizasiýasy bagly bolan awtomobiller, uçarlar ýaly köp sanly ulag serişdelerine, şeýle hem amortizasiýasy gazyp çykarylan dag jynsynyň göwrümine bagly bolan magdan gazyp alyjy senagatyň enjamlaryna, we şuňa meňzeş bolan enjamlaryň beýleki görnüşlerine degişlidir. Esasy serişdeleriň şunuň ýaly obýektleri üçin amortizasiýa jemi önüm (iş ,hyzmat) birligi boýunça kesgitlenilýär.

Esasy serişdeleriň birmeňzeş obýektler topary boýunça amortizasiýanyň hasaplanyp çykarylmagynyň bir usulyny ulanmaklyk, bu topara girýän obýektleriň bütin peýdaly ulanyş döwrüniň dowamynda amala aşyrylýar. Gazaply ýagdaý we (ýa-da, ýokary derejedäki çalşyklylyk şertlerinde) iş üçin ulanylýan esasy serişdeler babatynda amortizasiýanyň esasy möçberine 2-den ýokary bolmadyk, ýörite koeffisiýenti ulanyp bolar. Maliýe kärendesi şertnamasynyň (lizing şertnamasynyň) zady bolýan esasy serişdeler üçin amortizasiýanyň esasy möçberine, 3-den ýokary bolmadyk, ýörite koeffisiýenti ulanyp bolar. Eger berlen esasy serişdeler boýunça amortizasiýa çyzykly däl usul bilen hasaplanyp çykarylýan bolsa, birinji, ikinji, üçünji amortizasiýa toparlaryna degişli bolan esasy serişdelere bu düzgünnama täsir etmeýär.

Häzirki wagtda gazyp çykarýan nebit skwažinalaryň ulanylma möhleti 15 ýyl diýlip kesgitlenilen, amortizasiýa

tutumlary başlangyç gymmatyndan ýylyna 6,7% deň bölekler boýunça tutulýarlar.

Gaz skwažinalary üçin amortizasiýanyň kadaly möçberi 12 ýyllyk amortizasiýa möhletine esaslanyp, ýagny 8,3% bellenilýär.

Gazy ýeriň astynda saklama skwažinalary üçin 50 ýyllyk amortizasiýa döwri bellenilen. Amortizasiýanyň kadaly möçberi olar üçin 2% deň.

Burawlama enjamlarynyň amortizasiýa ululygy 13,8%, turboburlar üçin 32,7% möçberde bellenilen.

Esasy nebitgazgeçirijileri üçin amortizasiýa ululygy 3,0% möçberde, nebitgazy sordurýan enjamlar üçin bolsa görnüşine, baglylykda – 8,7 ÷ 11%.

Nebiti gaýtadan işlemekligiň we nebithimiýa kärhanalaryndaky tehnologik gurluşlaryň köpüsi üçin amortizasiýa ortaça 12% möçberde kabul edilen.

Nebiti gaýtadan işlemekligiň we nebithimiýanyň esasy fondlarynyň köp dürlüligine görä, nebiti gaýtadan işleme senagatynyň maşynlary we enjamlary boýunça amortizasiýanyň kadaly möçberi giň çäklerde ylanýarlar: bitum gurluşlar üçin, sintetik ýaglary öndürmek boýunça gurluşlar, polimerizasiýa gurluşlary we ş.m. üçin 7% -den başlanýar, kükürt kislotasy, ýönekeý (elementar) kükürdiň önümçiligi boýunça, kükürt kislotasynyň regenerasiýasy boýunça gurluşlar üçin 16,7% çenli. NGIT-nyň esasy gurluşlary boýunça: ELOU, ABT-ýangyç, ABT-ýag, kataliki riforming, gidroarassalaýyş bilen kataliki riforming, pes basyşly izopropilbenzolyň, etileniň, polietileniň öndürilmegi boýunça gurluşlar, benzinleriň, kataliki krekingiň ikilenç işlenilmegi boýunça gurluşlar, çalynýan ýaglary öndürme boýunça, ýangyjy gidroarassalama enjamlary sintetiki we ýörite nebit ýaglaryny öndürme boýunça gurluşlar we köp sany beýlekiler, şeýle hem LK-6U, KT, GK-3KM ýakymly ysly uglewodorotlary öndürme boýunça toplumlar boýunça amortizasiýanyň kadaly möçberi 9% emele getirýär.

Nebithimiýa senagatynda amortizasiýanyň kadaly möçberi boýunça çäkler mundan hem giň, sebäbi ol öndürilýän önümiň, diýmek tehnologiýanyň, prosessleriniň we enjamlaryň has-da köp dürlüligi bilen, şeýle hem daş-töwereginiň has gazaplylygy bilen bagly. Olarda amortizasiýanyň möçberi – 5,6%-den gidrawlik gysgyçlar, ulag lentalary üçin wulkanizasiýa gysgyçlar üçin 20% çenli ebonit önümleri üçin enjamlar we wulkanizasiýa gazanlaryna.

## 3.5. Esasy fondlarynyň ulanylmagynyň görkezijileri we olary kesgitlemek usullary.

Häzirki döwürde amala aşyrylýan tehniki syýasat esasy fondlaryň her bir manadyndan önüm çykarylmagynyň ýokarlandyrylmagy üçin şertleri döredýär. Bu önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagynyň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Esasy fondlaryň has gowy ulanylmagy, birinjiden, goşmaça goýumsyz önümçilik göwrümini ýokarlandyrýar, ikinjiden, zähmet öndürijiligi ösýär, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýär.

Kärhananyň we tutuş senagatyň esasy fondlarynyň netijeliliginiň nähili derejededigini kesgitlemek üçin görkezijiler ulgamyndan peýdalanýarlar:

1. esasy fondlar hereketiniň gurluşyny häsiýetlendirýän görkezijiler;
2. esasy fondlaryň ulanylyşynyň jemleýji görkezijileri;
3. esasy fondlaryň intensiw we ekstensiw ulanylmagynyň görkezijileri.

Birinji toparyň görkezijileri: täzelenme koeffisiýentini, esasy fondlaryň köpelme koeffisiýentini, şeýle hem, esasy önümçilik fondlaryň işjeň böleginiň udel agramyny öz içine alýarlar.

Esasy fondlaryň täzelenme koeffisiýenti **($K_{täz}$)** belli, bir döwürde (ýylda) esasy fondlaryň girizilmeginiň we täzeleriniň kabul edilmeginiň depginliligini häsiýetlendirýär. Täzelenme

koeffisiýenti ýylyň dowamynda girizilen esasy fondlar gymmatynyň jeminiň **($F_{ý.b.}$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$K_{täz} = F_{ý.b.}/F_{ý.a.}$$

Esasy fondlaryň sandan çykarylma koeffisiýenti **($K_{çyk}$)**: berlen döwürde aýrylan we sandan çykarylan esasy fondlaryň prosessini häsiýetlendirýär. Bu koeffisiýent berlen döwürde sandan çykan esasy fondlaryň gymmatynyň **($F_{çyk}$)** berlen döwrüň başyna bar bolan esasy fondlaryň gymmatyna **($F_{ý.b.}$)** bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär:

$$K_{çyk.} = F_{çyk}/F_{ý.b.}$$

Esasy fondlaryň köpelme koeffisinti **($K_{köp}$)** täzelenmesi hasabyna esasy fondlaryň öňkä görä köpelmegini şöhlelendirýär.

$$K_{köp} = (F_{ý.b.} - F_{çyk})/F_{ý.a}$$

Esasy önümçilik fondlaryň işjeň toparynyň udel agramy esay önümçilik fondlaryň umumy gymmatyna olaryň işjeň bölegininiň (maşynlaryň we enjamlaryň, skwažinalaryň, tehnologik gurluşlaryň, nebitgazgeçirijileriniň) paýyny göterimlerde görkezip, esasy önümçilik fondlaryň gurluşynyň öňde baryjylygyny häsiýetlendirýär.

Görkezijileriň ikinji toparyna esasy fondyň önüm berşi, esasy fondyň harçlanyşynyň netijeliligi, esasy fond bilen enjamlaşdyrylanlyk degişlidir.

Esasy fondyň önüm berşi-esasy önümçilik fondlaryň ulanylmagynyň netijelilik derejesini häsiýetlendirýän umumylaşdyryjy görkeziji. Ol esasy fondlaryň 1 manadyna düşýän önümiň öndürilmegini (ýa-da haryt önüminiň göwrümini) görkezýär.

Nebit we gaz senagatynyň kärhanalaryndaky önüm öz düzümi boýunça bir bolany üçin, esasy serişdeleriň ulanylma görkezijilerini, önümiň göwrümine esaslanyp, köplenç natural aňlatmada kesgitleýärler.

$$F_{ö.b.} = Q/F_{o.ý.}$$

$F_{ö.b.}$ - önümi natural aňlatmada hasaba alanda esasy fondlaryň önüm berşi;

**Q** - natural aňlatmada önümiň ýyllyk göwrümi;

$F_{o.ý.}$-esasy önümçilik fondlarynyň ortaça ýyllyk gymmaty.

Esasy önümçilik fondlarynyň döwür (ýyl) üçin ortaça gymmaty

$$F_{o.ý.} = F_{ý.b.} + \frac{F_{gir} * W_{gir} - F_{çyk}(W - W_{çyk})}{W}$$

$F_{ý.b.}$ -esasy fondlaryň ýylyň başyna gymmaty;

$F_{gir}$ -derňelýän döwürde girizilen esasy fondlaryň gymmaty;

$W_{gir}$-hasaplaşyk döwründe girizilen fondlaryň ulanylma aýlarynyň sany;

$F_{çyk}$ -sandan çykarylan esasy fondlaryň gymmaty;

**W**-hasaplaşyk döwründe aýlaryň sany;

$W_{çyk}$ -sandan çykarylan esasy fondlaryň ulanylan aýlarynyň sany.

Nebit gaz gazyp çykarýan kärhanalarda esasy fondyň önüm berşi kesgitlenilende skwažinalaryň gymmaty galan gymmat boýunça, beýleki esasy fondlaryňky bolsa başlangyç gymmat boýunça alynýar.

Skwažinalaryň gurluşygynda, mysal üçin, esasy fondlaryň ulanylma görkezijileri hökmünde bir burawlama gurluşy hasabynda metrde aňladylan, burawlama işleriniň göwrümi çykyş edip biler. Nebitgazy gazyp çykarmada – bir gije-gündizde, aýda ýylda bir skwažinanyň paýyna düşýän

nebitiň ýada gazyň gazylyp çykarylmagynyň göwrümi esasy fondlaryň ulanylma görkezijiler bolýar.

Aýratyn tehnologik gurluşyk üçin bu görkeziji natural aňlatmada maksatlanan önümiň jeminiň esasy fondlaryň ortaça ýylyk gymmatyna bölünmegi bilen kesgitlenilip bilner.

Nebit we gazyň we saklanyşy ulgamynda bu görkeziji ulagly äkidilýän önüminiň ýa-da gatnaw işiniň göwrüminiň esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk gymmatyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Nebit önümleriniň üpjünçiliginiň esasy önümçilik fondlarynyň ulanylma derejesini häsiýetlendirýän görkezijisi – dolanyşyk koeffisiýentidir **($K_{dol}$)**

$$\boldsymbol{K_{dol} = Q/\ (V * r * K_d}$$

**Q**-haryt dolanşygynyň göwrümi;

V-ätiýaçlyk parkynyň sygymlylygy;

**r**-nebit önümleriniň dykyzlygy;

**$K_d$** –ätiýaçlyk çeleginiň doldurylan koeffisiýenti/

Ýöne natural görkezijiler kärhana tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň tutuş göwrümini görkezmeýärler, we diýmek, esasy fondlaryň ulanylmasyny doly häsiýetlendirip bilmeýärler. Şoňa baglylykda esasy fondlaryň ulanylmasyny bahalandyrmak üçin nurh bilen baglanyşykly görkeziji ulanylýar. Bu görkezijä, dogrusyny aýdanda, goşmaça ýagdaýlaryň täsiri deggiç bolýar, şonuň üçinem tejribede iki görkeziji hem ulanylýar.

Esasy fonduň harçlanyşynyň netijeliligi **($F_h$)**-bu natural ýa-da nyrh aňladylmasynda 1 manada düşýän esasy fondlaryň gymmatydyr.

$$\boldsymbol{F_h = F_{o.ý.}/Q}$$

Esasy fond bilen enjamlaşdyrylanlyk **($F_e$)** hem esasy fondlaryň ulanylmasynyň netijeliligini häsiýetlendirýär we

esasy fondlaryň ortaça ýyllyk gymmatynyň senagat önümçilik işgärleriniň ortaça sanaw mukdaryna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

$$F_h = F_{o.ý.}/S$$

**S**-işgärleriň ortaça sanaw mukdary.

Üçünji topar esasy önümçilik fondlarynyň wagtda we kuwwat boýunça ulanylmasyny häsiýetlendirýär. Olara esasy fondlaryň ekstensiw, intensiw (öndümli) we integral (bitewi) koeffisiýentler degişli.

Esasy önümçilik fondlarynyň ekstensiw ulanylma koeffisiýenti **($K_e$)** olaryň wagtda ulanylmasyny häsiýetlendirýär. Ol maşynlaryň we enjamlaryň hakyky işlän wagtynyň **($W_h$)** olaryň wagtyň kalendar gaznasyna **($W_k$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$K_e = W_h/W_k$$

Enjamyň ulanylmasynyň ekstensiw koeffisiýentiniň san aňlatmasy birlige ýakynrak bolmaly.

Burawlamada burawlama enjamynyň ulanylmagynyň ekstensiw koeffisiýentini skwažinalary bina etmekligiň döwürleri boýunça we tutuş sikl boýunça kesgitlemek gerek.

Nebit gazy gazyp çykarmada wagt boýunça nebit we gaz skwažinalaryň ulanylma derejesini bahalandyrmak üçin iki görkezijiden peýdalanýarlar:

1. skwažinalary ulanma koeffisiýenti **($K_{ulan}$)** ol skwažina-aýlarda aňladylan, ähli skwažinalaryň jemi iş wagtynyň (ulanylmasynyň) **($S_{ulan}$)** şol birliklerde aňladylan skwažinalaryň ulanma gaznasynyň kalendar wagtyna **($S_k$)** bolan gatnaşygy bolýar:

$$K_{ulan} = S_{ulan}/S_k$$

2. peýdalanma koeffisiýenti (**$K_{pe\acute{y}}$**) peýdalanmanyň skwažina – aýlarynda aňladylan skwažinalaryň jemi iş wagtynyň, şol birliklere aňladylan skwažinalaryň hereket edýän gaznasynyň jemi kalendar wagtyna (**$S_h$**):

$$K_{pe\acute{y}} = S_{ulan}/S_h$$

Burawlamada stanok-aý we nebitgazy gazyp almada skwažina-aý –bu 72 stanok-aýa ýa-da skwažina –sagada (30 stanok güne ýa-da skwažina güne) deň bolan degişlikde burawlama gurluşlarynyň we skwažinalaryň iş wagtynyň we işsiz durýan wagtynyň şertli ölçeg birlikleridir.

Wagt boýunça esasy fondlaryň ulanylmasyny gowylandyrmak – çalşyk, gije-gündiz, aý, ýyl boýunça esasy fondlaryň has köp iş wagtynyň gazanylmagyny göz öňüne tutýan ekstensiw usuldyr. Bu ilki bilen, çalşyk dowamynda enjamyň işsiz durmaklygynyň kemeldilmegi bilen, ikinjiden, enjamyň iş çalşygynyň köpelmegi hasabyna onuň iş wagtynyň artmagy bilen gazanylýar. Üç çalşyk dowamynda esasy fondlaryň üznüksiz işi has netijelidir.

Senagatyň öňünde çalşyk koeffisiýentiniň ýokarlanmagynyň we enjamyň işsiz durýan wagtynyň ýok edilmeginiň meselesi goýlan.

Wagt boýunça enjamyň iş bilen üpjünlik derejesi gije-gündiz dowamynda enjamyň iş bilen üpjünçiligi görkezýän, çalşyk koeffisiýenti bilen kesgitlenilýär. Çalşyk koeffisiýenti (**$K_{çal}$**) aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$K_{çal} = (W_1 + W_2 + W_3)/W_{max}$$

$W_1, W_2, W_3$– her çälşykda enjamyň iş bilen üpjün edilmegi;
$W_{max}$– her bir çalşykda enjamyň iň ýokary derejede iş bilen üpjün edilmegi.

Görkezilen baglylykda çalşykda enjamyň iň ýokary derejede iş bilen üpjün edilmegi reglamentirlenmedik we çalşygyň dowamlylygyndan az bolup bilmez.

Şuňa baglylykda soňky wagtlarda görkezilen baglylyk birneme görnüşi boýunça üýtgedilen:

$$K_{cal} = \sum N_t / W_{çal}$$

Ýagny, çalşyk koeffisiýenti işlenilen stanok-sagat jeminiň $\sum N_t$ n-enjamyň birlik sany; $W_{çal}$ -bir enjamyň iş wagty bolýan, bir çalşygy işlemede ulanylyp (işlenilip) bilinjek, stanok-sagatlaryň has uly sanyna bolan gatnaşygyna deňdir.

Nebit we gazyň ulagynyň we saklanyşynyň ulgamynda bu ulgamyň aýratynlygyny hasaba alýan görkezijiler hataryndan peýdalanylýar.

Agregatlaryň kuwwatynyň ulanylma derejesi olaryň ygtybarlygyna ep-esli derejede bagly bolýandygy zerarly, adatça, bu ygtybarlylyk derejesini häsiýetlendirýän goşmaça görkezijiler hataryndan peýdalanylýar.

Gurlan enjamyň işe bolan taýýarlygynyň koeffisiýenti:

$$K_t = (W_k - W_{mai} - W_{m.d})/W_k$$

$W_{mai}$-maşynlaryň meýilnama ätiýaçlyk abatlaýyş işlerinde bolan wagty (MÄAI); $W_k$-kalendar wagty; $W_{md}$-meýilnamadan daşary bozulaganlyk ýagdaýlar boýunça işsiz durmaklygyň dawamlylygy.

Ulanylma ygtybarlylygynyň koeffisiýenti **($K_{u.y.}$)**:

$$K_{u.y.} = (W_k - W_{m.d.})/W_k$$

Enjamyň intensiw ulanylma koeffisiýenti **($K_i$)** wagt birliginde enjamyň hakyky öndürijiliginiň **($Q_h$)** ýokary

derejede mümkin bolan ýa-da meýilnama boýunça önümçilige **($Q_m$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$K_i = Q_h/Q_m$$

Bu görkeziji kuwwat mümkinçiliklerine baglylykda berlen enjamdan hakyky alyp boljak önüm barada düşünje berýär.

Nebitgazy gazyp çykarma kärhanalarynda önümçilik prosessleriniň aýratynlygy we olaryň netijeleriniň ep-esli derejede tebigy ýagdaýlara ep-esli derejede bagly bolýandygy zerarly bu görkezijini kesgitlemek kynrak. Çykarýan skwažinalaryň ulanylmasynyň depginligi olaryň debitleri häsiýetlendirýär, ýöne ýataklaryň boşamasyna görä skwažinalaryň debitleri peselýärler.

Burawlama kärhanalarynda intensiw ulanylmanyň koeffisiýentini kesgitlemeklige özboluşly çemeleşýärler. Sebäbi burawlama gurluşlar bellenilen nominal mümkinçiliklere eýe däldirler. Olar ýük göterijiligi boýunça klassifisirlenýärler. Burawlama gurluşlaryň ortaça ýyllyk kuwwatyny hasaplap çykarmak kyn şonuň üçin, käbir çaklama gatanjy bilen, burawlama gurluşlarynyň hakyky göwrüminiň meňzeş bolan skwažinalarda burawlamanyň iň ýokary derejede mümkin bolup gazanylýan ortaça tehniki tizligine bolan gatnaşygy bilen kesgitli bolar. Diýmek, burawlama enjamynyň intensiw ulanylma koeffisiýenti

$$K_i = V_k/V_t$$

**$V_k$**-burawlamanyň kommersiýa tizligi;

**$V_t$**-burawlamanyň tehniki tizligi.

Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarynda enjamlaryň intensiw ulanylma koeffisiýenti iş wagtynyň birligine hakyky gaýtadan işlenilen çig mal göwrüminiň şol döwürde iň ýokary

derejede mümkin bolýan göwrüme bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Nebitiň we gazyň ulagynda bu hili görkezijilere hakyky önümçiligiň **($Q_h$)** onuň taslama ululygyna **($Q_t$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýän turbageçirijileriň öndürijiligini ulanmaklyk görkezijisi **($K_{töu}$)** degişli.

Esasy önümçilik fondlaryň ulanylmasynyň integral koeffisiýenti **($K_{int}$)** esasy fondlary şol bir wagtyň özünde wagt we kuwwaty boýunça ulanylmasyny häsiýetlendirýär. Ol esasy önümçlik fondlaryň intensiw we ekstensiw ulanylma koeffisiýentleriniň köpeltme hasyly hökmünde kesgitlenilýär:

$$K_{int} = K_i / K_e$$

## Esasy fondlaryň ulanylmasynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýollary.

Nebitgazy gazyp çykarýan, nebitgazy gaýtadan işleýän we nebitiň we gazyň ulag hem-de saklanyş ulgamynyň kärhanalary esasy fondyň harçlanylyşy netijeli bolýan önümçilikleriň hataryna degişlidirler, şonuň üçin esasy fondlaryň ulanylmasynyň netijeliligi ep-esli derejede tutuş kärhananyň işiniň netijeliligine täsir edýär.

Esasy önümçilik fondlarynyň ulanylmasynyň gowylandyrylmagy bilen üpjün edilýär:

- goşmaça kapital goýumsyz önümçilik (ýerine ýetirilýän işleriň) göwrüminiň artmasyny;
- enjamyň görnüş taýdan könelmegini kemeldýän we tehniki öňe gidişlere mümkinçilik berýän, zähmet serişdeleriniň çalt täzelenmegini;
- önümiň (işiň) birligine bolan hasapda amortizasiýa tutumlaryň hasabyna önümiň (işiň) özüne düşýän gymmatynyň peselmegini.

Nebitgazy gazyp çykarýan, nebit gazy gaýtadan işleýän we nebitiň gazyň ulag hem-de saklanyş ulgamynyň

kärhanalarynda esasy fondlaryň ulanşynyň gowylandyrylmagynyň esasy rezerwleri we ýollary sur.2.2. görkezilen.

Esasy fondlaryň ulanylyşynyň gowylandyrylmagynyň seredilip geçilen rezerwlerinden we ýollaryndan başga-da, üpjünçiligiň we operatiw-önümçilik meýilnamalarynyň kämilleşdirilmegi, şeýle hem zähmetiň maddy tarapynyň kämilleşdirilmegi we ş.m. ýaly möhüm ugurlary bellemek gerek.




3.2.sur. Esasy fondlaryň ulanylyşynyň gowylandyrmaklygyň rezerwleri we ýollary

## 3.6.Maddy däl aktiwler.

Düşünjesi we tapawutlandyryjy alamatlary.

Maddy däl aktiwler – kärhananyň hojalyk serişdeleri bolan aktiwler topary bolup, olar şeýle alamatlara eýedirler:

- hojalyk dolanşygynda köp wagtlap ulanylmagy;
- bir ýyldan artyk;
- önümçilik prosessinde ulanylyş mümkinçiligi;
- edara ykdysady peýda getirip bilijilik ukyby;
- maddy – emläk görnüşiniň bolmazlygy.

Maddy däl aktiwler obýektleriniň beýleki tapawutlandyryjy alamatlary – bu peýdasy galyndylaryň bolmazlygy; ulanylmanyň köp maksatly häsiýetliligi; töwekgelçilligiň ýokary derejededigini; duýulmazlygy sebäpli emlägiň özbaşdak žyns (fiziki) görnüşe bölünip we aýrylyp bolmaýanlygy.

Maddy däl aktiwleriň düzümine edaranyň işgärleriniň aňlaýyş we işjeň häsiýetleri, olaryň kwalifikasiýasy we zähmete bolan ukyplylygy girmeýär, sebäbi olar öz ýöredijilerinden aýry bolup, we olarsyz ulanylyp bilmeýärler.

Maddy däl aktiwleriň klassifikasiýasy.

Maddy däl aktiwlere şeýe obýektler degişli edilip bilnerler (sur 3.3.):

1. patent hukugy bilen düzgünleşdirilýän, akyl ýetiriş eýeçiliginiň obýektleri we awtorlyk hukugy bilen düzgünleşdirilýän akyl ýetiriş eýeçiliginiň obýektleri;
2. emläk hukuklary;
3. ýygnalan harçlanmalar;
4. firmanyň bahasy (nyrhy).

**3.3.sur. Patent hukugy bilen düzgünleşdirilýän akyl ýetiriş eýeçiliginiň obýektleri.**




- oýlap tapmalar-halk hojalygynyň, durmuşy medeni çäginiň ýa-da goramanyň islendik pudagynda peýdaly netije berýän, täze, düýpli tapawutlyklara eýe bolan tehniki çözgütlerdir. Oýlap tapma hukuk awtor şahadatnamasy ýa-da patent bilen

kepillendirýär. Patent oýlap tapmanyň ýa-da awtorlygyň ähmiýetlidigini ýa-da ondan peýdalanylma bolan aýratyn hukuklary kepillendirýär we 20 ýyla çenli möhletde berilýär;

- senagat nusgasy-önümiň çeper konstruktor şöhlelenmesi, beýany, önümiň daş keşbiniň bejerilip timarlanmasy. Senagat nusgasy täzeliklige, aýratynlyga, senagat haýyrlanmak mümkinçiligine eýe bolmalydyr. Hukuk 10 ýyla çenli, ýene-de 5 ýyl wagty uzaltmak möhletde berilýän patent bilen kepillendirilýär;
- peýdaly model (görnüş)-önümçilik serişdeleriniň we peýdalanma zatlarynyň, şeýle hem olaryň düzüm bölekleriniň konstruktor tarapyndan ýerine ýetirilmegi. Hukuk 10 ýyla çenli, ýene-de 3 ýyl wagty uzaltmak möhletde berilýän şahadatnama bilen kepillendirilýär;
- haryt belgisi ýa-da hyzmat ediş belgisi (nyşany) – dürli edara görnüşli şahslaryň we şahsy taraplaryň birmeňzeş harytlaryny we hyzmatlaryny tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän geografiki suratlandyrma. Göwrümli, çeper suratlandyrma, ýa-da söz bilen beýan etme, ýa-da olaryň utgaşdyrylmagy görnüşinde hasaba alnyp bilner. Şahadatnama bilen hasaba alnyp bilner. Onuň möhletiň 10 ýyl wagtyň uzaldylmagy bilen 10 ýyla çenli bolýar;
- harydyň gelip çykan ýerinň ady-harydy we onuň bilen baglanyşykly aýratyn alamatlaryny görkezmek üçin geografiki obýektiň ady 10 ýyla çenli, ýa-da ýne 10 ýyl wagty uzaltmak möhleti bolan şahadatnama bilen hasaba alnyp bilner;
- firmasynyň ady-edara görnüşli şahslaryň hususy ady. Hasaba alnanda berilýär we kärhananyň, guramanyň ýa-da firmanyň tutuş hereket ediş döwründe ulanylýar. Kärhananyň tertipnamasynda beýan edilýär;
- nou-hau (know-how) (nähili etmelidigini bilmek) – onuň üçinji şahslara mälim däldigi sebäpli ykdysady (maddy) gymmata eýe bolýan tehniki, guramaçylyk, gulluk ýa-da

kommersiýa häsiýetdäki maglumat, kanun esasynda bu hili maglumata erkin ygtyýar berilmeýär. Nou-hau hasaba alynmaýar, onuň hemmelere aýan edilmegi gadagan etme we ygtyýary çäklendirme ýoly bilen goralýar. Nou-hau başga edara şertnama boýunça geçirilip (berlip) bilner. Şertnamada obýektiň ähli alamatlary, gorama boýunça görülýän çäreler we tejribede amala aşyrarlygyna kömegi beýan edilmelidir. Nou-haunyň esasy görnüşleri: 1. ylmy tilsimatlar we usullar; 2. guramaçylyk we dolandyryş usullary; 3. akyl ýetiriş amallarynyň ýerine ýetiriş usullary;

- biologiýada we zoologiýada gazanylan seleksiýa üstünlikleri-adamda peýdaly bolan häsiýete eýe bolan oba hojalyk ösümçlikleriniň hillerini we gibridlerini (garnuwlaryny) hem-de haýwanlaryň tohumlarynyň döretmeklik usullaryny işläp taýýarlamak.

Akyl ýetiriş eýeçiligiň obýektleri patentlenip bilner, patent eýesi olardan peýdalanmaklyga hukugy ygtyýarnamany satmak ýoly bilen berip biler.

Patent-oýlap tapmanyň tehniki çözgüdiniň döwlet tarapyndan ykrar edilendigini tassyklaýan we şahsa oýlap tapmaklyga berilýän aýratyn hukugy gorap saklaýan resminamadyr. Ygtyýarnama – nähili hem bolsa bir önümi öndürmekde patenti ulanmaklyga bolan rugsatnama. Ygtyýarnama döwlet edarasy, kärhana, şahsy tarap tarapyndan berilýär. Ygtyýarnamalar ýönekeý, aýratyn we doly bolup bilýärler.

Ýönekeý ygtyýarnama ygtyýarnamaça (ygtyýarnama satyn alyjysyna) oýlap tapmadan ýa-da önümçilik syryndan peýdalanmaga rugsat berýär. Ygtyýarnama satyjysy oýlap tapmany özbaşdak ulanmaga-da, ygtyýarnamany başga şahslara satmaga – da hukugy özünde saklaýar.

Aýratyn ygtyýarnama ygtyýarnama satyjysyna dürli şertler bilen belli bir şertlerde oýlap tapmany ýa-da syry ulanmaklyga aýratyn ýa-da monopoliýa hukugy berýär.

Doly ygtyýarnama ylalaşygyň doly hereket ediş möhletine oýlap tapmany ulanmaklyga ähli hukuklar bilen üpjün edýär. Bu döwürde ygtyýarnama satyn alyjysynyň özi patenden peýdalanmaklyga hukugy ýitiriýär.

Awtor hukugy bilen düzgünleşdirilýän akyl ýetiriş eýeçiliginiň obýektleri:

- EHM üçin programmalar – EHM-iň hereketde bolmasy üçin niýetlenen maglumatlar we tabşyryklar jeminiň görkezilmesiniň obýekiw görnüşi;
- maglumatlar bazalary-maglumatlary tapmak we işläp taýýarlamak maksady bilen ulgamlaşdyrylan maglumatlar jeminiň görkezilmeginiň we guralmagynyň obýektiw görnüşi;
- integral mikroshemalaryň düzümi (gurluşy) – maddy görkezijide elementleriň we olaryň arasyndaky baglanyşygyň giňişlikde şekillendirilen ýeri;
- ylym, edebiýat we sungat eserleri.

Akyl ýetiriş eýeçiliginiň obýektleri awtor hukuklaryna şertnama tarapyndan goralyp bilner.

Emläk hukulary-tebigy gorlardan (ýerastlardan, ýer meýdançalaryndan, böleklerinden) peýdalanmaklyga hukuklar, geologik maglumatlara hukuk Emläk hukuklary, ygtyýarnamalar, rugsatnamalar, gorlardan ulanmaklyga şertnamalar görnüşinde resminamalaşdyrylýarlar.

Toplanan harçlanmalar-bu belli bir hereketi (gurluşyk, söwda, hukuk işi) amal aşyrmaklyk hukugy üçin ygtyýarnamanyň bahasy, edara görnüşli tarapy döretmeklige çykdaýjylar, ylmy-gözleg we tejribe – konstruktor işleri üçin harçlar, täze tehnologiýalaryň önümleriň işlenip taýýarlanylmagy üçin harajatlar.

Firmanyň nyrhy (iş abraýy, firmanyň imidži)- bu edaranyň satyn alynma gymmaty bilen (bitewi, tutuş bir maliýe toplumy satyn alnan hökmünde) we obýektiň ähli aktiwleriniň ähli emlägiň balans gymmatynyň arasyndaky tapawutdyr. Iş bilen baglanyşykly abraý kärhananyň hyzmatdaş

aragatnaşyklaryndan, bar bolan işgärlerden, önümçilik gurluşynyň bar bolmagyndan, kärhananyň aktiwlerinden emele gelýär.

Iş bilen baglanyşykly bolan onyň abraý geljekdäki ykdysady peýdany garaşylmagy bilen satyn alyjy tarapyndan tölenilen nyrha goşmaça pul hökmünde seredilýär "Kim ýokary?" edip satmada ýa-da satyn alynmasynda, edaranyň iş bilen baglanyşykly abraýy satyn alyjy tarapynda tölenilýän satlyk nyrh bilen we satylan edaranyň bahalandyrylma (başlangyç) gymmatyny arasyndaky tapawudy hökmünde kesgitlenilýär. Edaranyň satyn alnan iş bilen baglanyşykly abraýy ýigrimi ýylyň dowamynda, emma edaranyň hereket etme möhletinden artyk bolmadyk wagt dowamynda amortizirlenýär. Iş bilen baglanyşykly bolan otrisatel abraý edaranyň maliýe netijeliligine (girdejä) deňölçegli gatnaşykda bolýar.

### Maddy däl aktiwleriň gymmatynyň bahalandyrylmagy we amortizasiýa.

Maddy däl aktiwleriň gymmaty bahalandyrylanda gazanma çeşmesi, aktiwiň görnüşi, peýdalanma prosessinde onuň ýerine ýetirýän wezipesi we orny tapawutlandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, ilki başdaky gymmaty we şertnama boýunça gymmaty tapawutlandyrýarlar.

Ilki başdaky gymmat-bu birinjiden: satyn almada maddy däl aktiwleri edinmeklige hakyky harçlanmalaryň jemi, we ikinjiden: kärhananyň özi tarapyndan maddy däl aktiwleriň işlenip taýýarlamagynda we öndürilmegindäki hakyky harçlanmalaryň jemi.

Şertnama boýunça gymmat- aluw-satuw şertnamasy boýunça berlen maddy däl aktiwleriň gymmaty.

Maddy däl aktiwleriň gymmaty belli bolmadyk ýagdaýynda ýa-da satyjy bilen alyjynyň arasynda maddy däl aktiwler bahalandyrylanda düýpli gapma-garşylykly dörän

ýagdaýynda, olaryň gymmatynyň kesgitlenilmegine seljerme arkaly çemeleşýärler. Seljerme usulyna obýektiň gymmaty oňa eýeçilik etmekten geljekde garaşylýan girdejiniň ýa-da peýdanyň gündelik gymmaty bilen kesgitlenilýän bahalandyrma esasy girizilen.

Birinji wariant boýunça ilkibaşdaky gymmata obýektiň satyjysyna, maglumat we maslahat hyzmatlary üçin dellalara tölenilen pullar, hasaba alyş ýygymlary we paçlar, gümrük harçlanmalary, bilerler baha kesijileriň hyzmatlary, ulanylma ýaramly hala getirmek boýunça çykdaýjylar.

Ikinji wariant boýunça ilkibaşdky gymmata maddy däl aktiwleri döretmek boýunça harçlanmalar, çig malyň, materiallaryň energiýanyň gymmaty, zerurlyklara tutmalara, umumy önümçilik, umumy hojalyk we goşmaça harçlar.

Maddy däl aktiwler esasy gaznalar ýaly könelýärler. Ýöne olar diňe görnüş taýdan (ykdysady) dargama duçar bolýarlar. Maddy görnüşe eýe bolýandyklary üçin maddy däl aktiwlere maddy taýdan könelme häsiýetli däldirler.

Maddy däl aktiwler gymmaty amortizasiýanyň üsti bilen tölenýär. Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy hasaplamanyň aşakda görkezilen usullarynyň biri amala aşyrylýar:

- çyzykly usul;
- kemeldilýän galyndy usuly;
- önümiň işiň, hyzmatyň göwrümine deň bolan gymmaty hasapdan çykarma usuly.

Kärhanalar maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýa tutumlaryny peýdaly ulanma möhletiniň ilkibaşdaky gymmatyndan ugur alyp, özbaşdak hasaplaýaralar. Amortizasiýa tutumlary her aýda öndürilýän önümiň gymmatyna geçirilýärler. Kadaly möçberleri hasaplamak üçin peýdaly ulanma möhleti kesgitlenilende şertnama boýunça möhleti, ygtyýrnamanyň hereket ediş möhletini, potentiň hereket ediş möhletini alýarlar. Möhleti kesgitläp bolmadyk ýagdaýynda, kadaly möçberde 10 ýyl hasabyndan, ýöne

kärhananyň hereket ediş möhletinden artyk bolmadyk wagtda hasaplanylýar.

Maddy däl aktiwler kärhana dürli ýollar arkaly gowuşýarlar: töleg hasabynda alynýarlar, paý goýumy görnüşinde ustaw kapitalyna goşulýarlar, kärhananyň özünde döredilýärler, çalyşma şertlerinde alynýarlar, arkalaşykly herekete goýum hasabynda goşulýarlar.

Maddy däl aktiwleriň girizilmegi ulanylma möhleti görkezilen kabul ediş delilnamasy esasynda girdejä ýazylýar. Satyn almada şertnama resminamalaşdyrylmalydyr. Beýleki ýagdaýlarda satyn alynma notarial edarasy tarapyndan tassyklanylmalydyr.

Maddy däl aktiwler hasapdan çykarylanda çykarylmanyň sebäbi, kärhanada ulanylan möhleti, ýok edilme usuly görkezilýän, çykdaýja geçirme delilnamasy resminamalaşdyrylýar.

# IV BAP
# Nebit gaz toplumyndaky kärhanalaryň serişdeleri

## 4.1.Serişdeleriň düzümi we gurluşy.

Önümçilik hereketiniň üznüksiz alnyp barylmagy we taýýar önümiň ýerlenilmegi üçin kärhananyň esasy fondlar bilen bir hatarda aýlanyşykda bolan fondlardan we dolanyşyk fondlaryndan emele gelýän dolanyşyk serişdeleri bolmalydyr.

Dolanyşykdaky fondlar-bu zähmet zatlary (predmetleri) we käbir zähmet serişdeleriniň elementleridirler. Olar bir önümçilik sikline hyzmat edip, onda peýdalanýarlar we öz gymmatyny öndürilen önüme geçirýärler.

Dolanyşykdaky fondara üpjün edijiden gelen pursadyndan, tä olardan (ýa-da olaryň kömegi bilen) taýýar önüm alynýan pursadyna çenli kärhanada bar bolan zähmet zatlary -çig mal, materiallar, ýangyç we beýleki maddy resurslar degişlidirler.

Enjamlaryň abatlaýyş işleriniň geçirilmesi üçin , ätiýaç (zapas) üçin bölekler, gymmat bolmadyk (birligi üçin kesgitlenilen gymmata çenli) we tiz könelýän (gymmatyna garamazdan bir ýyldan az hyzmat edýän) gurallar we inwentar hem dolanyşykdaky fondlaryna degişli bolýarlar.

Dolanyşykdaky fondlar hemişe maddy gymmatlyklaryň önümçiliginde bolýarlar we gös-göni ýa-da gytaklaýyn taýýar önümiň maddy düzümini emele getirýärler. Dolanyşykdaky fondlaryň düzümine geljek döwürleriň çykdajysy görnüşinde bolan maddy däl elementler (aýratyn bölekler) hem girýärler. Her bir kärhananyň önümçilik hereketinde dolanyşyk çäginde edýän aýlanyşyk fondlary bolýar. Aýlanyşyk fondlaryna: kärhananyň skladlaryndaky (gaplardaky) taýýar önüm, ýüklenip ugradylma garaşylýan, ýükläp ýollanylan, emma ulanyjylara eltilmedik (ýetmedik) ýa-da olar tarapyndan tölenilmedik, şeýle hem kärhananyň bankdaky, hasaplaşyk sçýotlaryndaky pul-maýa serişdeleri we hasaplaşykdaky serişdeler degişlidirler.

Dolanyşykdaky fondlaryň bir önümçilik döwrüniň dowamynda doly ulanylýanlygy sebäpli, olaryň gymmaty doly taýýar önümiň gymmatyna geçýär. Bu gymmatlyk amortizasiýa tutumlary bilen birlikde önümçiligiň dowamynda täzeden dörän gymmatynyň goşulmasy bilen köne (geçirlen) gymmaty emele getirýär.

Önümçilik prosessinde dolanyşykdaky fondlar (zähmet talap edýän zatlar) dolanyşyk serişdelerine, ýagny taýýar önüme geçýärler, soňra olar pul-maýa görnüşine eýe bolýarlar.

Pul-maýa girdejisiniň has köp bölegini kärhana täzeden zähmeti talap edýän zatlary (zähemt predmetleri) satyn alynmasyna we işçileriň zähmetiniň tölenmesine harçlaýar we prosess (hereket) täzeden gaýtalanýar. Şeýlelikde, aýlanyşykdaky fondlar we dolanyşyk fondlary yzygiderlilikde biri-birine öwrülýärler. Bu bolsa olary bir topara dolanyşyk serişdeleri toparyna birleşdirmäge esas berýär.

Diýmek, dolanyşyk serişdeleri senagatyň aýlanyşykdaky fondlaryň we dolanyşyk fondlaryň pul-aňlatmasyndaky jemini emele getirýär. Olar hem önümçilik çäginde, hem dolanyşyk çäginde hyzmat edýärler.

Kabul edilen klassifikasiýa boýunça senagatyň dolanyşyk serişdeleriniň düzüminde aşakdaky toparlar tapawutlanýarlar.

## Dolanyşyk fondlar

1. Ulanyjylara ýetirilen, emma saklanýan ýerine garamazdan entek peýdalanylmadyk we gaýtadan işlenilmedik önümçilik zapaslary (gorlary)-çig mal, esasy we goşmaça materiallar, ýangyç, satyn alynýan polufabrikatlar, gaplar, arzan bahaly we tiz könelýan gurallar we gurluşlar, hojalyk inwentary we beýleki maddy gymmatlyklary. Çig mal we esasy materiallar diýlende öndürilýän önümiň esasyny emele getirp ýa-da önümiň taýýarlanylmasynda zerur komponenti (emele getirijisi) hökmünde çykyş edip, düzümine doly geçýän materiallaryň görnüşleri düşünilýär.

Goşmaça materiallar bolsa tehnologik prosessine (hereketine) gatnaşyp, reaksiýanyň tizligine, önümiň görnüşine we hiline täsir edýärler ýöne onuň esasyny emele getirenoklar.

2. Tamamlanylmadyk önümçilik we öz taýýarlanan polufabrikatlary

Tamamlanmadyk önümçilik bu-taýýar önüme öwürlýänçe önümçilik döwrüne gatnaşan predmetler (zähmeti talap edýän zatlar). Polufabrikatlara bolsa işläp taýýarlanmanyň bir döwrüni geçen, ýöne bu kärhananyň çäginde ýa-da onuň çäginden daşda indiki (soňky) işlenilmä mätäç bolýan zähmet zatlary degişlidirler.

3. Beýleki zähmet zatlary we geljekdäki döwrüň çykdajylary: täzelikçilik we oýlap tapyjylyk bilen baglanyşykly çykdajylar, proýektirleme boýunça çykdajylar we şuňa meňzeşler.

**Aýlanyşyk fondlar**

1.Kärhananyň skladyndaky (gaplardaky) taýýar önüm.

2.Ýoldaky (ýüklenilip goýberilen) harytlar.

3.Bankdaky, akkreditiwlardaky hasaplaşyk sçýotlaryndaky ýa-da kärhananyň gaznasyndanky pul-maýa serişdeleri.

4.Üpjün edijiler we alyjylar bilen hasaplaşyklardaky serişdeler.

Senagatyň serişdeleri bir wagtyň özünde sanalyp geçilen toparlaryň ählisinde bolýarlar we üznüksiz aýlaw edýärler. Dolanyşyk seişdeleriň umumy jeminde aýratyn toparlaryň arasyndaky gatnaşyk kärhananyň tehnologiýa we önümçilik aýratynlyklary bilen, şeýle onuň geografik ýerleşişi bilen (üpjün edijilerden we alyjylardan daşlygy bilen), maddy-tehniki taýdan üpjün edilmesiniň guralmasy, ulanylýan transportyň görnüşi we beýl. bilen kesgitleýärler.

Täze maddy gymmatlyklar (täze gymmatlyk) önümçilik prosessinde emele gelýänligi sebäpli dolanyşyk serişdeleriň düzümi (şonuň üçin olaryň peýdalanylmasynyň netijeliligi hem) olaryň näçe köp bölegi önümçilige hyzmat etse, ýagny doalnyşyk serişdeleriň umumy jeminde aýlanyşykdaky

fondlaryň udel agramy näçe ýokary bolsa, şonça hem has amatly (oňaýly) bolar.

Ýurduň ykdysadyýetiniň kadaly ösüşinde dolanyşyk serişdeleriň esasy bölegi (80-85%) aýlanyşykdaky fondlaryň paýyna düşýär.

Nebit çykarýan senagatda has uly agramyny (üçden bir bölegine barabaryny) goşmaça materiallar tutýarlar (skwažina nasoslary, gaýyşlar, tanaplar, deemulgatorlar, gara we reňkli materiallary we ş.m.)

Gaz senagatynda goşmaça materiallaryň paýyna dolanyşyk serişdeleriň ýarysy düşýär. Nebiti gaýtadan işleýiş we nebit himiýa senagatynda çig mal we goşmaça materiallar degişlilikde 34,6% we 50,6% tutýarlar. Nebit gaz senagatynyň ähli pudaklary boýunça ýokary udel agram gymmat bolmadyk we tiz könelýän gurallaryň, gurluşlaryň, inwentaryň we abatlaýyş işleri üçin zapas bölekleriň paýyna düşýär.

Burawlama üçin-gymmat bolmadyk we tiz könelýän zatlaryň (predmetleriň), gurallaryň we gurluşlaryň, şeýle hem umumy goşulup alnanda burawlama kärhanalarynyň dolanyşyk serişdeleriniň umumy gymmatynyň 60% golaýyny emele getirýän esasy materiallaryň ýokary udel agramy häsiýetlidir.

Bu gazyp çykarýan skwažinalaryň guralma prosessinde gaty gysga hyzmat ediş möhletli burawlama turbalary, gulp, tali tanaplary we ş.m. gymmat baha gurallaryň uly möçberiniň peýdalanylmasynyň netijesidir. Şunuň bilen birlikde, burawlamada önümçilik prosessiniň we maddy tehniki taýdan üpjünçiligiň aýratynlyklary senagatyň beýleki pudaklarynyň kärhanalarynyň kadaly hereketi (işi) üçin zerur bolan zapaslaryna garanda has köp maddy-tehniki zapaslaryň döredilmesini talap edýär.

Umuman önümçilik zapaslary pudaklar boýunça 69%-den (nebit çykarmada) 81% çenli (gaz) emele getirýärler.

Nebit gaz toplumynyň kärhanalarynyň statusynyň üýtgemegi we bazar gatnaşygyna geçiş döwründe

ykdysadyýetiň ösüşiniň täze şertleri dolanyşyk serişdelere çemeleşmäni we olaryň düzümini üýtgedi.

Dolanyşyk serişdeleriň esasy udel agramy dolanyşyk fondunyň paýyna düşýär.

## 4.2. Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak (normirlemek).

Düzgüne salma usulyna baglylykda dolanyşyk serişdeleri kadalaşdyrylýanlara we kadalşdyrylmaýanlara bölünýärler (normalaşdyrylýan we normalaşdyrylmaýanlara).

Kadalaşdyrylýan dolanyşyk serişdelerine kärhananyň işiniň üznüksizligini üpjün etmek üçin zerur bolan maddy gymmatlyklaryň we çykdajylaryň görnüşleri degişli-önümçilik zapaslary, tamamlanmadyk önümçilik we öz taýýarlan polufabrikatlar, geljek döwürleriň çykdajylary we kärhananyň skladyndaky (gaplardaky) taýýar önüm. Dolanyşyk serişdeleriň bu toparlarynyň her haýsy boýunça kärhana hemişeki zapaslaryň (gorlaryň) çägini ýa-da dolanyşyk serişdeleriň normatiwini (bolmaly möçberini), ýagny kärhana zerur bolan dolanyşyk serişdeleriň iň mukdardaky jemini kesgitleýär.

Normirlenmeýän (kadalaşdyrylmaýan) dolanyşyk serişdelere aýlanyşyk çäginde bolýan (kärhananyň skladlaryndaky taýýar önümden başga), emma önümçilik prosessiniň (hereketiniň) kadaly akymyna täsir etmeýän dolanyşyk serişdeleri degişlidirler: hasaplaşyk sçýotlaryndaky, akkreditiwlardaky we gaznalardaky pul-maýa serişdeleri, hasaplaşykdaky serişdeler, ýüklenilip goýberilen, ýöne alyjylar tarapyndan tölenilmedik harytlar. Dolanyşyk serişdeleriň bu elementleriň, ululygy, adaty bolşy ýaly köplenç we ep-esli derejede üýtgeýär we şonuň üçin olara normatiwleri (bolmaly möçberleri) kesgitlemek kyn bolýar.

Dolanyşyk serişdelerini normirlemek (kadalaşdyrmak, bolmaly möçberi kesgitlemek) diýlende, maddy resurslaryň harçlanmasynyň we zapaslarynyň bolmaly möçberleriniň

üstünde işlenilme, şeýle hem dolanyşyk serişdeleriň normatiwiniň hasaplanylmasy düşünilýär.

Maddy resurslaryň harçlanmasynyň bolmaly möçberi (normasy)-bu çig malyň, önümiň birligini öndürmeklige materiallaryň ýa-da önümçiligiň belli bir meýilnamalaşdyrylan şertinde bellenilen hildäki işiň meýilnama boýunça mümkin bolan iň köp mukdarydyr.

Normalar (bolmaly möçberler) wagty-wagtynda seredilip durmalydyrlar.

Peýdalanylmaly maksadyna we häsiýetine görä harçlanmanyň normalary aşakdaky alamatlar boýunça klassifisirlenýärler: agregasiýa derejesi boýunça, çig malyň we materiallaryň nomenklaturasynyň ulaldylma derejesi boýunça we hereket ediş döwri boýunça.

Agregasiýanyň derejesi boýunça enjamyň käbir görnüşi ýa-da taýýar önümiň belli bir görnüşi üçin diňe berlen kärhana üçin niýetlenen aýratyn normalar we birmeňzeş önümi öndürýän kärhanalar toparyna degişli bolýan toparlaýyn normalar. Aýratyn normalar normirlenýän çig malyň we materiallaryň görnüşiniň önümiň ýa-da işiň birligine edilýän çykdajyny kesgileýär. Toparlaýyn normalar önümçiligiň we işelriň göwrümine bellenilýän nomenklatura boýunça çig malyň we materiallaryň harçlanmasynyň ortaça ölçenilen ululygy ýaly hasaplanylýar. Çig malyň we materiallaryň nomenklaturasynyň ulaldylma derejesi boýunça harçlanmalaryň normasy (bolmaly möçberi) ýöriteleşdirilenlere we jemleýjilere bölünýärler. Ýöriteleşdirilen normalar-bu önümiň ýa-da işiň birligini öndürmeklige (alnan nebitiň, nebit önümleriniň 1 tonnasyna, bir burawlanan skwažina, köwüp geçişiň 1 metrine), belli bir maddy gymmatlyklaryň (mysal üçin, ýangyjyň, elektroenergiýanyň, nebitiň, gazyň) harçlanmasydyr.

Maddy resurslaryň harçlanylma normalarynda peýdaly harçlanma, önümçiligiň kesgitlenilen tehnologiýasy bilen

şertlendirilen tehnologik galyndylar we ýitgiler hasaba alynýarlar.

Kemçilik (brak) netijesinde, tehnologiýanyň bozulmasy, guramada önümçiligiň we üpjün edilmäniň näsazlygy we beýleki kesgitlenilen reglamentleriň we işlediş tärleriniň berjaý edilmezligi netijesinde dörän galyndylar we ýitgiler çig malyň we materiallaryň harçlanmalarynyň normalaryna girmeýärler. Maddy gymmatlyklaryň harçlanmasyny normirlemekligiň tejribesinde hasap-analitik usullary we koeffisiýentler usuly peýdalanylýar.

Hasap analitiki usuly çig malyň we materiallaryň harçlanmasynyň normasyny emele getirýän her bir element (peýdaly harçlanma, tehnologik galyndylar we ýitgiler), berlen kärhanada maddy resurslaryň her bir anyk görnüşiniň peýdalanylmasynyň tehnologik we guramaçylyk şertleriniň derňemelmesine esaslanan hasaplaşyklar bilen kesgitlenilmesinden ybarat bolýar. Şonda ylmyň we tehnikanyň üstünliklerini, şeýle hem kärhananyň ýerleşen ýeriniň howa, tebigy-geografik we beýleki aýratynlyklaryny göz öňüne tutmak zerur. Bu ugry ýene-de gös-göni hasaplama usuly diýip atlandyrýarlar. Çykdajylaryň normalaryň üstünde işlemegiň statistiki-analitik (tejribe) usuly geçirilen gözegçilikler, tejribeler, labaratoriýa barlaglaryň esasynda önümiň birligini öndürmäge zerur bolan çig malyň we materiallaryň udel çykdaýjysynyň bellenilmegini göz öňüne tutýar. Adaty boýunça, bu usul goşmaça materillaryň, mysal üçin, çalynýan ýaglaryň, sürtgi materiallaryň we ş.m. çykdajylaryny normalaşdyrmak (bolmaly möçberini kesgitlemek) üçin ulanylýar.

Koeffisiýentler usuly önümçiligiň göwrüminiň üýtgemesine baglylykda dolanyşyk serişdeleriň hereket edýän normatiwleriniň köpeldilmesinden ýa-da kemeldilmesinden ybarat bolýar. Şonda ähli dolanyşyk serişdeleri üç topara bölünýärler: önümçilik, önümçilik däl we ýöriteleşdirlen.Önümçilik dolanyşyk serişdelerine materiallar

we tamalanmadyk önümçilik degişli, önümçilik dällere-zapas bölekler we gymmat bolmadyk zatlar, ýöriteleşdirilenlere geljek döwürleriň çykdajylary we beýleki käbir elementler degişlidirler. Şonda önümçilik elementleri boýunça dolanyşyk serişdeleriň normatiwlerini önümçiligiň möçberiniň ösüşine deň bolan ölçegde, önümçilik däl dolanyşyk serişdeler boýunça-ösüşiň käbir böleginde köpeldýärler. Ýöriteleşdirilen elementler boýunça dolanyşyk serişdeleriň normatiwi gös-göni hasap bilen kesgitlenilýär.

Koeffisiýentler usuly hasabyň ýönekeýligi bilen we dolanyşyk serişdeleriň göwrümine täsir edýän wajyp ýagdaýlaryň kesgitlenilmesi bilen tapawutlanylýar. Şol bir wagtyň özünde, ol önümçiligiň gurluşyndaky özgerişler netijesinde dörän hasaplaşyklarda nätakyklyklary döredýär. Şonuň üçin koeffisiýentler usuly prognoz (maglumat) hasaplaşyklarynda dolanyşyk serişdeleriň normatiwleriniň (bolmaly möçberiniň) hasaplanylmasynda ulanylýar.

Dolanyşk serişdeleriň normirlenmesi (bolmaly möçberiniň bellenilmesi) önümçilik zapaslarynyň bolmaly möçberiniň (normasynyň) we dolanyşyk serişdeleriniň normatiwiniň kesgitlenilmesinden ybarat bolýar. Önümçilik zapaslarynyň bolmaly möçberi (normasy)-bu kärhananyň kadaly hereketinde (işinde) ol ýa-da beýleki maddy gymmatlyklarynyň zapaslarynyň olaryň bir günki talabyna bolan gatnaşygyny häsiýetlendirýän görkeziji. Önümçilik zapaslarynyň bolmaly möçberi (normasy) belli bir görnüşdäki çig malyň, materiallaryň peýdalanyşynyň ortaça sutkalaýyn günlerde ölçenilýär.

Dolanyşyk serişdeleriň normatiwi (bolmaly möçberi)-bu kärhana üçin iň az mukdarda zerur bolan haryt--maddy gymatlyklaryň ortaça zapaslarynyň (ortaça galyndynyň) gymmatynyň pulda aňladylmasy. Normatiw- -sutkada edieln çykdajynyň ulylygynyň we önümçilik zapaslarynyň köpeldilmesiniň jemi bolýar. Maddy gymmatlyklarynyň zapaslarynyň normirlenmegi kärhananyň dolanyşyk

serişdelerini dogry guralmagynyň we aýlanyşykly peýdalanylmagynyň zerur şerti bolýar. Dolanyşyk serişdelrini normalaşdyrmaklygyň esasy meselesi-olaryň iň pes möçberinde önümçilik hereketiniň üznüksiz gitmegi üçin önümiň ýerlenilmegi we bellenilen möhletlerde hasaplaşyklaryň amala aşyrylmasy üçin zerur bolan şertleri döredýän öz dolanyşyk serişdeleriniň ykdysady we tehniki taýdan esaslanan normatiwlerini işläp taýýarlamkdan ybarat bolýar.

Dolanyşyk serişdeleriň zapaslarynyň bolmaly möçberi (normalary) maddy gymmatlyklaryň görnüşleri, sortlary, belgileri, ululyklary we ş.m. boýunça bellenilýär.

Kärhanada maddy gymmatlyklaryň zapaslaryň gündelik we kepilli (ätiýaç) zapaslaryna bölünýärler. Maddy gymmatlyklaryň gündelik zapaslary köplenç iki sany nobatdaky üpjün edilmeleriň arasynda kärhananyň kadaly işini üpjünleýän möçberde kesgitlenilýär. Nobatdaky üpjün etmäniň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ýa-da meýilnamanyň artygy bilen ýerine ýetirilen ýagdaýynda kärhananyň kadaly işiň saklamak üçin kepilli ýa-da ätiýaç zapaslar döredilýär. Adatça, kepilli ýa-da ätiýaç zapas iň köp gündelik zapaslaryň 50%-geçmeli däl; kärhananyň sklad (ammar, baza) görnüşdäki üpjünçiliginde bu zapas bolmaýar. Kepilli ýa-da ätiýaç zapasy kärhana her gün talap edilýän, ýagny çäklendirilen görnüşleriň sanawyndaky maddy serişdeler boýunça döredýärler. Şeýle hem, has ýakyn ýerde ýereşýän üpjün edijiden almak aňsat düşýän materiallar boýunça hem şeýle zapasy döretmeklige zerurlyk bolmaýar.

Dolanyşyk serişdelerine bolan talaby kesgitlemek üçin maddy gymmatlyklaryň zapaslarynyň möçberini pul aňlatmasynda bilmek zerur. Dolanyşyk serişdelerine bolan talaby aşakdaky formula boýunça kesgitleýärler:

$$\boldsymbol{D_s} = MN_z/W$$

şu ýerde: **M**-seredilýän döwürde maddy gymatlyklaryň harçlanyşy, man.;$\mathbf{N_z}$ -maddy gymatlyklaryň berlen görnüşiniň zapasynyň bolamaly möçberi(normasy), sut.; **W**-seredilýän döwrüň dowamlylygy, sut.

Dolanyşyk seridelerine bolan talabyň bu umumy hasaplanyş formulasy senagatyň (kärhananyň) pudagynyň aýratynlyklaryna baglylykda , hatda dolanyşyk serişdeleriň käbir görnüşiniň hasabynyň çykarylmasynda ep-esli derejede özgerip bilýär. Mysal üçin, burawlama kärhanalarynyň önümçilik prosessiniň aýratynlygy-olaryň dolanyşyk serişdeleriniň uly böleginiň (40-50%) dürli gurallardan we tiz könelýän enjamlardan-burawlama turbalaryndan, gulplardan, muftalardan, dolotlardan, dwigatellerden, zapas böleklerden we beýlekilerden ybaratdygy.

Burawlama kärhanalarynyň dolanyşyk serişdeleriniň ululygy işiň göwrümine, burawlamanyň geologiýa şertlerine, önümçiligiň guralmasyna, maddy-tehniki taýdan üpjünçiligine, ýerine ýetirlen işler üçin hasaplaşyklaryň tertibine bagly bolýar.

Burawlama kärhanasynyň dolanyşyk serişdelere bolan talaby, köplenç, işiň ýyllyk möçberinden bellenilen prosentde kesgitlenilýär. Burawlama işleriň gurluşsyz ýerlerde, ilatly ýerlerden (punktlardan) we üpjün ediji bazardan (ammarlandan) daşda, ýolsuzlyk şertlerinde geçirilýänligi sebäpli güýz-gyş döwürlerinde üznüksiz işi üpjün etmek üçin, käwagt, möwsümleýin maddy gymmatlyklary toplamaklyk zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýagdaýlar (şertler) gymmat bolmadyk we tiz könelýän zatlaryň has uly gündelik normatiw zapaslaryny häsiýetlendirýärler.

Nebit gaz çykarýan kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleriniň gurluşy senagatyň gaz çykarýan pudaklary üçin umumy bolan aýratyn häsiýetlere eýe bolýarlar (esasy ýeri gymmat bolmadyk we tiz könelýän zatlar, goşmaça materiallar, zapas bölekleri, taýýar önümiň galyndylary tutýarlar, çig mala edilýän harçlanmalar bolsa düýbünden (ýok) bolýarlar.Nebit we gaz

çykarýan kärhanalar natural aňladylmasynda (görnüşinde) esasy materiallaryň käbir görnüşleri boýunça zapaslaryň normatiwlerini belleýärler, şondan soň bolsa olary gymmaty boýunça hasaplaýarlar.

Hasaplaşygy beýleki görnüşlerinden tapawutlysy-skwažina nasoslarynyň zapasynyň üpjün edilmesine serişdeleriň normatiwlerini **$D_{ssk.n}$** kesgitlemek. Ol aşakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$D_{s_{sk.n.}} = (N_{zn} + A_n t_a)\frac{f_n N_n}{W_n}$$

şu ýerde, **$N_{zn}$**-nasoslaryň normatiw zapasy, sut.; **$A_n$**-nasosyň könelmesine (tozmasyna) çenli abatlaýyş işleriniň sany; **$t_a$**-skwažinadan abatlaýyş işleri geçiriljek meýdança çenli alnyp barylmasynyň we ondan yzyna getirilmesiniň hasaba alynmasy bilen bir abatlaýyş işiniň dowamlylygy, sut.; **$f_n$**-nasos skwažinalaryň fondy; **$W_n$**-nasoslaryň hyzmat edişiniň ortaça möhleti, sut.; **$N_n$**-bir sany çuňlyk nasosynyň nyrhy, man..

Nebit we gaz senagatynda goşmaça materiallara, gymmat bolmadyk we tiz könelýan zatlara, ýangyja we beýlekilere bolan dolanyşyk serişdeleriň normatiwleri gaty tapawutlanmaýarlar we birmeňzeş edip hasaplanylýarlar. Nebit senagatynda tabşyrylma taýýarlanylan (deemulgatorlardaky, durlanýan howuzlardaky) nebitden, haryt resurslarynda bar bolan we tabşyrma taýýarlanan nebitden, gaplardaky we nebit prowodlardaky hemişeki galyndy görnüşindäki nebitden ybarat bolup, kärhananyň gaplaryndaky taýýar önüme bolan dolanyşyk serişdeleriň udel agramy ep-esli derejede ýokarydyr.

Nebit çykarýan kärhanalaryň taýýar bolan dolanyşyk serişdeleriň normatiwi bäş sutka barabar bolýar.

Nebit gaz çykarýan kärhanalaryň skwažinalarynyň peýdalanma fondunyň gurluşyndaky we olaryň debitlerindäki tapawulyklar nebit senagatynda dolanyşyk serişdeleriň we

haryt önüminiň ululyklarynyň arasynda gös-göni baglanyşyk bolmazlygyna alyp barýar. Nebit çykarylyşynyň ýokarlanmasy ýa-da peselmesi dolanyşyk serişdelere bolan talabyň şoňa görä deň gelmeýän köpelmesi ýa-da azalmasy bilen bile bolup geçýär. Nebiti gaýtadan işleýän we nebit himiýa kärhanalarynda dolanyşyk serişdeleriň ep-esli bölegi çig malyň, satyn alma polufabrikatlaryň, goşmaça materiallaryň, zapas bölekleriň we taýýar önümiň galyndylarynyň paýyna düşýär. Bu senagatyň gaýtadan işleýän pudaklary üçin häsiýetlidir. Çig mala we satyn alma polufabrikatlara (nebit, tebigy gaz, mazut, açyk reňkli nebit önümleriniň we ýaglaryň destillýatorlary we ş.m.) normatiwler üpjün etme şertlerine, transport görnüşine, gaýtadan işledilmeklige çig maly taýýarlamanyň dowamlylygyna we kärhananyň kuwwatyna baglylykda kesgitlenilýär. Bu maddy zapaslaryň normatiwleri giň çäkde üýtgäp durýarlar 2-3-den 10-15 güne çenli; käwagt bolsa hatda 45-60 güne çenli ýetýär.

Bu ýagdaýlardan ugur alyp goşmaça materiallar hem normatiwleri hasaplaýarlar (kükürt kislotasy, soda, iýiji natriý, ammiak, fenol, aseton, benzol, katalizatorlar, we beýl.). Olaryň zapaslarynyň ululygy 20-70 gün aralygynda üýtgäp durýar.

Katalizatorlardan we reagentlerden başga-da, ýene-de goşmaça materiallara enjamlaryň abatlaýyş işleri üçin ulanylýan (ýaglaýjy, sürtgi we ş.m.) materiallar hem degişli bolýarlar. Bu materiallaryň zapaslary abatlaýyş işleriniň gymmatyna baglylykda kesgitlenilýärler, olar abatlaýyş işleriniň takmynan 5% gymmatyny tutýarlar.

Zapas böleklere normatiwler hasaplanylanda **$D_{säş}$**, hereket edýän tehnologik, kuwwat we beýleki enjamyň gurluşyndan, käbir bölekleriň hyzmat ediş döwründen, zapas bölekleriň (şaýlaryň) taýýarlanyş we üpjün ediliş şertlerinden ugur alýarlar.

$$\boldsymbol{D}_{\boldsymbol{s}_{\text{äş}}} = \frac{\text{Ş}\boldsymbol{GN}_{\text{ş}} * \boldsymbol{K_a}}{\boldsymbol{w_g}} * \boldsymbol{N_g}$$

şu ýerde, **Ş**-bir gurluşygyň birmeňzeş bölekleriniň (şaýlarynyň) sany; **G**-birmeňzeş gurluşlaryň sany, $\mathbf{N_ş}$-berlen bölegiň (şaýyň) zapas normasy, gün; $\mathbf{K_a}$-berlen görnüşdäki ähli gurluşlarda zapas bölekleriň (şaýlaryň) sanyny hasaba alýan, zapas bölekleriniň (şaýlaryň) azaldylma koeffisiýenti; $\mathbf{w_g}$-bir şaýyň hyzmat ediş möhleti, gün; $\mathbf{N_g}$-bir şaýyň nyrhy, man.

Käwagt zapas böleklere dolanyşyk serişdeleriň normatiwi esasy fondlaryň berlen toparynyň balans gymmatynyň prosende kesgilenilýär. Köplenç zapas bölekler esasy fondlaryň balans gymmatynyň 4,0-4,5% emele getirýärler.

Tamamlanmadyk önümçilik we öz taýýarlan polufabrikatlara bolan dolanyşyk serişdeleriň normatiwleri önümçilik döwrüniň dowamlylygyna, ýagny çig malyň gaýtadan işlenilmä düşen pursadyndan taýýar önümiň çykyşyna çenli wagtyna baglylykda kesgitlenilýär. Eger kärhana önümçilik dürli möhleti bolan birnäçe atly önüm çykarýan bolsa, tamamlanylmadyk önümçilige normatiwiň hasaplanylmasy üçin önümçilik döwrüniň ortaça dowamlylygyny kesgitleýärler. Adatça, nebiti gaýtadan işleýän we nebit himiýa kärhanalarynda önümçilik döwrüniň dowamlylygy ujypsyz bolýar we birnäçe güni emele getirýär. Eger taýýarlanylýan önüme siňdirilýän maddy gymmatlyklar toplanýan bolsa, has gymmat durýan we zähmeti köp talap edýän prosessler (hereketler) tiz amala aşyrylmaýan bolsa, önümçilik döwri uzak dowam etse, tamamlanmadyk önümçilige bolan normatiw hasaplaşyga çykdajylaryň ösüş koefisiýentine degişli düzedişler girizilýärler. Şonda tamamlanmadyk önümçilige bolan dolanyşyk serişdeleriň normatiwleri (bolmaly möçberleri) baglylyk bilen kesgitlenilýär.

$$\boldsymbol{D_{s_{t}.\text{ö}.}} = \boldsymbol{HwK}_{\text{ö}}/\boldsymbol{W_m}$$

şu ýerde: **H**-haryt önümiň meýilnamalaşdyrylan önümçiliginiň fabrik-zawody boýunça özüne düşýän gymmaty, man.; **w**-önümçilik döwrüniň dowamlylygy, gün; $\mathbf{K_{ö}}$-çykdajylaryň ösüşiniň koeffisiýenti; $\mathbf{W_{m}}$-meýilnamalaşdyrylan döwrüň dowamlylygy, gün.

Çykdajylaryň ösüş koeffisiýenti bu-tamamlanmadyk önümçiligiň we öz taýýarlan polufabrikatlaryň galyndylarynyň ortaça özüne düşýän gymmatynyň haryt önüminiň çykarylmasynyň fabrik-zawod boýunça özüne düşýän gymatyna bolan gatnaşygydyr.

Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalaryň taýýar önüme dolanyşyk serişdeleriň normatiwi (bolmaly möçberi) beýleki kärhanalar tarapyndan satylýan nebit önümleriniň, polufabrikatlaryň (söwda kärhaanlaryna önümi tabşyryş şertleri we hasaplaşygyň tertibi boýunça) iň az göwrüminiň gymmatyny öz içine alýar.

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde dolanyşyk serişdelerine bolan talabyň kesgitlenilmesinde normirlernýän dolanyşyk serişdelerden başga-da, kärhananyň debitor we kreditor bregileri hasaba alynmalydyrlar.

Dünýä tejribesinde dalanyşyk serişdelerine ýakyn bolýan-maliýe-peýdalanma zerurlyklary **(MPZ)** diýilýän düşünjesinden peýdalanýarlar.

Maliýe-peýdalanma zerurlyklar zapaslarda immobilizlenen (gymyllatman saklanylan) serişdeleriň we müşderi bergileri, hem-de kärhananyň üpjün edijilere bergileriniň arasyndaky serişdeleriň tapawudyny we beýleki bergileri kesgitleýär.

$$\mathbf{MPZ=G_{zap}+B_{d}-B_{kr};}$$

şu ýerde: $\mathbf{G_{zap}}$-önümçilik zapaslarynyň we taýýar önüm zapaslarynyň (gorlaryň) gymmaty; $\mathbf{B_{d}}$-müşderi (debitor) bergileri; $\mathbf{B_{kr}}$-üpjün edijilere borçnama karzlary (kreditor bergilrei).

Başga kesgitleme boýunça maliýe-peýdalanma zerurlyklar-bu kärhananyň gündelik (häzirki) üstünlikleri (aktiwleri) bilen gündelik bergileriniň (passiwleriň) arasyndaky tapawut.

Gündelik üstünlikler-bu esasy (hemişeki) bölegiň hasaba alynmadyk wagtynda kärhananyň balansynyň üstünlikleriniň (aktiwleriniň) jemi. Üstünlikleriň esasy bölegi esasy fondlaryň we maddy däl aktilweriň gymmatyny öz içine alýar.

Gündelik (gysga möhletli) bergiler (passiwler)-bu gysga möhletli kreditleriň we karzlaryň, gysga möhletli bergileriň we berlen döwürde tölenme wagty gelen uzak möhletli karzlaryň böleginiň jemi.

Maliýe peýdalanma zerurlyklaryň ululygy aşakdakylara bagly bolýar:

1)peýdalanma we ýerlenme döwürleriniň dowamlylygyna; önümçilik zapaslary näçe tiz taýýar önüme, taýýar önüm bolsa, pula öwrülse, şonça hem zapasda olar az bolarlar.

2)önümçilik göwrüminiň ösüş depginlerine; önümiň öndürilmesiniň uly göwrümi materillara, çig mala, energiýa we beýlekilere köp pul talap edýär. Ondan başga-da inflýasiýa şertlerinde kärhanalar nyrhlaryň indiki ýokarlanmasynda artyk tölemejek bolup, öz zapaslaryny köpeltmäge çalyşýarlar.

3)kärhananyň möwsümleýin maddy resurslar bilen üpjün edilmesine;

4)goýulan gymmatyň normasyna (bolmaly möçberine) we ululygyna: goýulan gymmatyň bolmaly möçberi näçe az bolsa, şonça-da kärhana üpjün edijilere bergini köpeltjek bolup çalyşýar.

Goşulan gymmatlyk-bu öndürilen önümiň gymatlygy bilen peýdalanylan maddy önümçilik serişdeleriniň (çig malyň, energiýanyň, materiallaryň, amortizasiýa tutumalarynyň we beýl.), hem-de başga kärhanalaryň hyzmatlarynyň gymmatlyklarynyň arasyndaky tapawut.

Goşulan gymmatlygyň bolmaly möçberi (normasy) (**GGM)** goşulan nyrhyň **(GN)** önümiň ýerlenilmesinden girdejä **($G_ý$)** %, bölünmesi bilen kesgitlenilýär.

$$GGM=(GN/G_{ý})*100$$

Ähli sanalyp geçilen ýagdaýlar kärhananyň dolanyşyk serişdeleriň ululygyna hem deň täsir edýärler.

## 4.3.Dolanyşyk serişdeleriň peýdalanylmasynyň netijeliliginiň görkezijileri.

Senagatyň dolanyşyk serişdeleri hemişelik hereketde bolýarlar. Hemişe we birden ähli görnüşlerde bolmak bilen, şol bir wagtyň özünde olar bir görnüşden ikinjisine-çig maldan, esasy we goşmaça materiallardan, tamamlanmadyk önümçilikden we polufabrikatlardan-taýýar önüme we ýoldaky harytlara, taýýar önümden we harytlardan pul serişdelerine; pul serişdelerinden-täzeden çig mala, esasy we goşmaça materiallara geçýärler. Netijede önümçilik çägini hem dolanyşyk çägini öz içine alýan dolanyşyk serişdeleriň üznüksiz aýlanyşygy bolup geçýär. Bu prosess näçe tiz geçse, senagatda kadaly önümçilik hereketini üpjün etmek üçin, şonça-da dolanyşyk serişdeleriň az mukdary (jemi) talap edilýär. Diýmek, dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň çaltlandyrylmasy, olara bolan talaby peseltmek bilen, senagat pudagynyň ýa-da aýratyn kärhananyň hojalyk işiniň netijeliliginiň bir görkezijisi bolup çykyş edýär.

Doladnyşyk serişdeleri üznüksiz aýlanyşykda bolýany sebäpli, bir aýlawy beýlekisinden aýyrmak mümkin bolmaýar, şonuň üçin dolanyşyk serişdeleriň peýdalanyşynyň ýa-da olaryň aýlanyşygynyň tizliginiň derejesini bahalandyrmak üçin goşmaça alamatlar boýunça edilýän hasaplaşyklardan peýdalanýarlar.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygy wagt boýunça hasaplanylýar, üstesine-de ol aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň (ýa-da dolanyşyk serişdeleriň aýlaw sanynyň) koeffisiýenti bilen,

dolanyşk serişdeleriň iş bilen üpjünliginiň koeffisiýenti bilen, bir aýlawyň dowamlylygy bilen.

Aýlanyşygyň koeffisiýenti dolanyşyk serişdeleriň aýratyn döwürde edýän aýlawynyň sanyny häsiýetlendirýär.

$$K_{dol} = Q_{ý.ö.}/D_s$$

şu ýerde, $Q_{ý.ö.}$ -doşulan gymmata bolan salgytsyz we aksiz salgytsyz kärhanada hereket edýän nyrhda ýerlenilen önümiň göwrümi, man., $D_s$ -seredilýän döwür üçin dolanyşyk serişdeleriň ortaça nyrhy, man.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlawynyň sany (aýlanyşyk koeffisiýenti) satylan önümiň bir ýyl (kwartal) üçin dolanşyk serişdeleriň bir manadyna düşýän gymmatyň nähilidigini görkezýär. Belli bir wagtda dolanyşyk serişdeleri näçe köp aýlaw etseler, dolanyşyk serişdeleriň üýtgewsiz bahasynda şonça-da köp önüm çykarylar. Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň tizleşdirilmesiniň esasy ykdysady mazmuny şundan ybarat.

Dolanyşyk serişdeleriň peýdalanylyşynyň bahalandyrylmasynda ähli pudaklar üçin umumy bolan şertlilik kanun edilen-ýerlenilýän önümiň gymmaty amortizasiýa tutumyny öz içine almaly (alýar). Şonuň üçin aýlanyşyk koeffisiýentinde hem dolanyşyk fondlarynyň hem esasy fondlarynyň bölekleriniň hereketleri şöhlelendirilýär. Ýöne, şunuň ýaly ýalňyşlyklar ähli ýagdaýlarda bolany üçin, görkezijiler hem wagtda, hem kärhanalaryň arasynda deňeşdirilip bilinýärler.

Üpjünlik koeffisiýenti satylan önümiň bir manadyna düşýän dolanyşyk serişdeleriň möçberini emele getirýär. Bu görkezijiniň absolýut ululygy näçe pes bolsa, şonça-da netijeli peýdalanýarl.

Özüniň manysy boýunça bu koeffisiýent aýlanyşyk boýunça-aýlanyşyk koeffisiýentine ters bolan koeffisiýentdir.

$$K_{üpç} = D_s / Q_{ý.ö.}$$

Bir aýlawyň dowamlylygy wagtyň belli döwrüniň sutkalarynyň sanynyň şol wagtda dolanyşyk serişdeleri tarapyndan edilen aýlawlaryň sanyna bölünmesi bilen kesgitlenilýär.

$$W_{ayl} = W_{gün} / K_{dol}$$

şu ýerde $W_{gün}$-döwrüň dowamlylygy, gün.

Hasaplaşyklarda kwartal üçin 90 gün, ýyl üçin 360 gün alynýar.

Orta ululyk (dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndysy) şertlere baglylykda dürli-dürli kesgitlenilýär.

Dolanyşyk serişdeleriň ortaça aýlyk galyndysy aýyň başyna we ahyryna dolanyşyk serişdeleriniň galyndylarynyň ýarym jemi edilip kesgitlenilýär.

$$D_{soa} = (D_{sab} + D_{saa})/2$$

şu ýerde $D_{sab}$-aýyň başyna dolanyşyk serişdeleriň galyndysy; $D_{saa}$-aýyň ahyryna dolanyşyk serişdeleriň galyndysy.

Dolanyşyk serişdeleriniň ortaça kwartal galyndysy ortaça aýlyk galyndysynyň orta arifmetiki ululygy ýaly edilip kesgitlenilýär.

$$D_{sokw} = \frac{D_{soa1} + D_{soa2} + D_{soa3}}{3}$$

Dolanyşyk serişdeleriniň orta ýyllyk galyndysy ortaça aýlyk galyndylaryň orta arifmetik ululygy boýunça kesgitlenilýär.

$$D_{so\acute{y}} = \sum_{i=1}^{12} D_{soai}/12$$

Dolanyşyk serişdeleriň orta ýyllyk galyndyny kesgitlemek üçin tejribede orta hronologiýa formulasy hem giňden ulanylýar.

$$D_{so\acute{y}} = \frac{(D_{s\acute{y}b} + D_{s\acute{y}a})/2 + \sum_{i=2} D_{sabi}}{12}$$

şu ýerde: $\mathbf{D_{syb}}$-ýylyň başyna dolanyşyk serişdeleriň galyndysy; $\mathbf{D_{s\acute{y}a}}$-ýylyň ahyryna dolanyşyk serişdeleriň galyndysy; $\mathbf{D_{sabi}}$-fewral aýyndan (ikinji aýdan) başlap ähli aýlaryň başyna dolanyşyk serişdeleriň galyndysy.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň görkezijileri normirlenýän we normirlenmeýän dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndylarynyň ähli jemi boýunça hasaplanylýar. Ýöne bankda kärhananyň hasaplaşyk sçýodyndaky pul-maliýe galyndylary hasapdan aýyrýarlar, sebäbi aýlanyşygyň tizleşdrilmesi netijesinde boşadylan dolanyşyk serişdeler hasaplaşyk sçýodyna siňýärler.

Dolanyşyk serişdeleriň absoýut we otnositel boşadylmasy, olardan peýdalanmaň gowulandyrylan netijesi bolup bilýärler.

Dolanyşyk serişdeleriň absoýut (doly) boşadylmasy olaryň aýlanyşygynyň çaltlaşdyrylmasy öndürilýän önümiň şol bir göwrüminde kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň jeminiň peselmesinde bolup geçýär. Dolanyşyk serişdeleriň otnositel boşadylmasy kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň ösüşi önümi ýerlemek boýunça aýlawyň ösüşine garanda has haýal bolan wagtynda bolup geçýär.

Dolanyşyk serişdeleriň otnositel boşadylmasy (köpelmesi) berlen döwürde $Y_w$ orta sutkalyk ýerlenilen önümiň jeminiň şol döwürde aýlawyň dowamlylygynyň kemelen ýa-da köpelen sutkalarynyň sanyna köpeldilmesi bilen kesgitlenilýär.

$$\boldsymbol{\Delta D_{sob} = Y_w(\pm \Delta W_{aýl})}$$

şu ýerde $\mathbf{W_{aýl}}$-aýlawyň dowamlylygynyň kemelen ýa-da köpelen sutkalyk göwrümi.Sutkada ýerlenen önümiň möçberi belli bir döwürde ýerlenilen önümiň göwrüminiň döwrüň dowamlylygyna **($W_{döw}$)** bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

$$\boldsymbol{Y_w = Q_{ý}/W_{döw}}$$

Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri iki topara bölünýän dürli çemeleşmeleriň hasabyna döredilýärler.

1)hususy we şoňa barabarlaşdyrylan serişdeler;

2)karz alnan we alnan (çekilen) dolanyşyk serişdeleri.

Hususy dolanyşyk serişdeleri-bu paýdar (aksioner) kapitalynyň paýdarlar jemgyýetlerindäki ustaw fondunyň bölegi ýa-da döwlet kärhanalarynyň herekete (peýdalanma) girizilmesinde döwlet tarapyndan goýberilen serişdelerdir.

Hususy dolanyşyk serişdeler gymmat baha kagyzlaryň çykarylmasy netijesinde alnan serişdeler hasabyna alnan girdejiler bilen kärhananyň hususy dolanyşyk serişdeleriniň üsti doldurylýar.

Kärhananyň hususy dolanyşyk serişdelerine dürli görnüşdäki durnukly bergiler degişli bolýarlar: iş haky boýunça işçilere we gullukçylara iň pes bergiler, sosial fondy üçin tutumlar boýunça karzlar, indiki döwürde peýdalanmaga niýetlenen serişdeler (işgärleriň rugsatlarynyň, ýeňil abatlaýyş işleriň tölegleri, ýylyň ahyryndaky sylag tölenmeler we beýl.), elektroenergiýa, telefon, radio üçin bergiler we ş.m. Bu serişdeler kanuny kärhana degişli bolmaýarlar, emma hereket edýän hasaplaşyk düzgüni boýunça olar hemişe kärhananyň ygtyýarlygynda bolýarlar we dolanyyk serişdelerine bolan talaplaryň ödelmesi üçin peýdalanylýarlar.

Hususy dolanyşyk serişdeleriň geljekdäki döwür üçin dolanyşyk serişdeleriň göz öňüne tutulan çaltlandyrylmasynyň hasaba alynmasy bien kesgitlenip bilner.

$$N_{sg} = \frac{N_{si}(100 + J_a - J_o)}{100}$$

şu ýerde: $\mathbf{N_{si}}$-her bir i-meýilnamalaşdyrylan ýylyň başyna hususy dolanyşyk serişdeleriň bolmaly möçberi (normatiwi), man.; $\mathbf{J_a}$-ozalky ýyl bilen deňeşdirilende haryt önümçiliginiň ösüş depginine görä normatiwiň (bolm. möçberiň) ýokarlanma prosenti; $\mathbf{J_o}$-ozalky ýyla dolanyşyk serişdeleriň umumy normatiwiniň (bolmaly möçberiniň) peselmesi ýa-da ýokarlanmasy. Has takyk ozalky ýyl bilen deňeşdirelende meýilnamalaşdyrylan ýylda dolanyşyk serişdeleriň her bir bölegi (elementi) boýunça normatiwiň ösüşiniň (peselmesiniň) algebralyk jemi ýaly edilip kesgitlenilýär.

$$\Delta N_{sg} = \sum N(D_{s2i} - D_{s1i})$$

şu ýerde $\mathbf{D_{s1i}}$-meýilnamalaşdyrylan ýylyň başyna i-elementi boýunça bar bolan dolanyşyk serişdeler, man.; $\mathbf{D_{s2i}}$-i elementi boýunça meýilnamalaşdyrylan ýylda normatiwiň hasaplanylan ululygy, man.

Kärhanalaryň dolanyşyk serişdelere bolan talaby hemişe üýtgäp durýar. Hususy dolanyşyk serişdeler we şoňa barabarlaşdyrylan durnukly bergiler (passiwler) kärhananyň dolanyşyk serişdelere bolan iň pes talabyň öwezini doldurýarlar. Kärhananyň hojalyk hereketiniň dowamynda mysal üçin çig malyň, materiallaryň, zapas şaýlaryň, ýangyjyň ,polufabrikatlaryň nobatdaky partiýasynyň (toparynyň) satyn alynmasynda, möwsümleýin taýýarlyk göwründe, satyn alynýan resurslaryň gymmatlanmasynda, peýdalanyja berlen önümiň öz wagtynda tölenilmeýän tölegiň geçirilmesinde

dolanyşyk serişdeler bolan goşmaça talap karz alnan serişdeleriň hasabyna ödelýär.

Kärhana gysga möhletli ssudalary (kreditleri) Amanat bankyndan, kommersiýa banklaryndan belli bir möhlete we maddy üpjünçiligiň üsti bilen alyp bilýär. Kreditlerden peýdalanma üçin kärhanalardan prosentler tutulýar. Banklara kanun boýunça karzlardan başga kärhanalar resurslar bilen üpjün edijiler bilen tölegleriň we olaryň, döwletiň, öz işgärleriniň öňündäki borçnamalaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiň möhletini uzaldyp (yza çekip) bilýärler.

Daşary ýurt tejribesinde kärhanalar karz alnan serişdeler bilen giňden peýdalanýarlar we dolanyşyk serişdeleriň aýlawynyň döwri üç emele getiriji boýunça bahalandyrylýar:

$$\mathbf{W_{dol}=W_{zdol}+W_{ddol}+W_{kdol}}$$

şu ýerde:$\mathbf{W_{zdol}}$-zapaslaryň we taýýar önümiň aýlawynyň döwri, sut.; $W_{ddol}$-debitor bergileriň aýlawynyň döwri, sut.; $\mathbf{W_{kdol}}$-kreidit karzlaryň töleginiň ortaça möhleti.

Öz gezeginde

$$\mathbf{W_{zdol}=G_{zap}/D_{og};}$$

$$\mathbf{W_{ddol}=B_{d}/D_{og};}$$

$$\mathbf{W_{kdol}=B_{ü}/G_{og}+B_{zt}/ZT_{og}+B_{b}/B_{kog};}$$

şu ýerde: $\mathbf{G_{zap}}$-önümçilik we taýýar önümiň zapaslary, man.; $\mathbf{B_{d}}$-kärhananyň debitor algylary, man.; $\mathbf{B_{ü}}$--üpjün edijilere debitor bergiler, man.; $B_{zt}$-zähmet tölegi boýunça kärhananyň bergileri, man.; $\mathbf{B_{b}}$-beýleki kredit karzlary (salgyt, býudžet bolmadyk fondlara tutumlar boýunça we beýl.), man.; $\mathbf{D_{og}}$-ýerlenilmeden orta günlük düşewünt, man.; $\mathbf{G_{og}}$-üpjün edilmäniň orta günlük gymammaty, man.; $\mathbf{B_{kog}}$-beýleki kredit bergileriniň orta günlük ululygy, man.; $\mathbf{ZT_{og}}$ -işgärleriň zähmetiniň orta günlük tölegi.

Döwrüň dowamynda bu formulanyň sanawjylarynyň esli yrgyldamasynda döwrüň başy bilen ahyry arasyndaky ortaça ululygy alynmaly.

Zapaslaryň aýlawynyň we debitor bergileriň dowamlylygyny uzaltmak kärhana üçin amatly bolmaýar.

Resurslaryň zapas, taýýar önüm serişdeleriniň böleginiň hereketsiz goýulmagy finanssirlemäniň ýokary derejedäki talabyny döredýär, önüm peýdalanyjylary tarapyndan öz wagtynda tölegiň edilmesligi bolsa üpjün edijiler bilen hasaplaşmagyň saklanmasyna alyp barýar, ýagny pul serişdelerine bolan goşmaça talaby döredýär. Şonuň bilen birlikde, resurslar bilen üpjün edijilere, döwlete we beýlekilere tölegleriň tölenmesiniň yza çekilmesi kärhana üçin amatlydyr, sebäbi önümçilik sikli (döwri) bilen döredilýän maliýe çeşmesi emele gelýär.

Dünýä tejribesinde karz alnan serişdeleriň peýdalanylmasynyň netijeliligi bu hususy serişdeleriň düşewüntliliginiň tölegliligine garamazdan kreditden peýdalanylmadan alynýan artdyrylmasydyr.

Maliýe ryçagynyň netijeliligi kärhananyň ykdysady taýdan girdejililigi bilen karz alynýan serişdeleriň ″nyrhy″-prosentiň ortaça hasap hakynyň arasyndaky deň gelmezlikler sebäpli döreýär.

$$\mathbf{MRN=(1-N_g)\ (YG-POHH)\ KAMS/HMS,}$$

şu ýerde: $\mathbf{N_g}$-girdejä bolan salgydyň bolmaly möçberi (normatiwi), berklik bölegi; **YG**-ykdysady girdejililik, %; **POHH**-prosentiň ortaça hasap haky, %; **KAMS**-karz alnan pul-maýa serişdeleri, man.; **HMS**-hususy pul-maýa serişdeleri, man.;

Ykdysady girdejilik

$$YG = \frac{D_b + T_k}{A} * 100,$$

şu ýerde $\mathbf{D_b}$-kärhananyň balans düşewünti, man.; $\mathbf{T_k}$-önümiň özüne düşýän gymmatyna degişli bolýan kredit üçin prosent tölemeleriň jemi, man.; **A**-kärhananyň maliýe balansynyň aktiwleriniň jemi, man.

Prosentiň ortaça hasap haky kesgitli döwür üçin ähli kreditler boýunça hakyky çykdajylaryň **($H_k$)** şu döwürde ulanylýan ähli karz alnan serişdeleriň **(KAMS)** umumy jemine bölünmesi bilen kesgitlenilýär,%

$$\mathbf{POHH=(H_k\text{-}KAMS)100}$$

Ykdysady girdejilik bilen prosentiň ortaça hasap hakynyň arasyndaky tapawudy differensial diýip, karz alnan serişdeleriň hususy serişdelere bolan gatnaşagyny bolsa ryçagyň egni diýip atlandyrýarlar. Diýmek,

$$\mathbf{MRN=(1\text{-}N_g)\ DF\ MRE}$$

şu ýerde, **DF**-differensial, %; **MRE**-maliýe ryçagynyň egni, san gezek.

Maliýe ryçagynyň netijeliliginiň peselmesi barada kärhanany habardar edýär. Differensial otrisatel bolmaly däl. Bu kredit beriji üçin hem möhümdir sebäbi onuň töwekgllik etmegi differensial ululygyna bagly bolýar we ol näçe pes bolsa, töwekgelçilik şonça-da ýokary bolýar.

Ondan başga-da differensial bilen ryçag egniniň arasynda özara baglanyşyklyk bolýar. Karz alnan serişdeleriň köpelmesinde, diýmek ryçag egniniň hem, ″karza hyzmat etme″ boýunça çykdajylary köpelýär, sebäbi kreditorlar kredit hakyny ýokarlandyrýarlar.

Şeýlelikde, ryçag egnini hemişe ýokarlandyrjak bolup çalyşmaly däl, ony differensiala baglylykda ýola goýmak (sazlamak) zerur.

# V BAP
# Kärhanadaky işgärleri we zähmet haky

## 5.1.Kärhananyň işgärleri, olaryň gurluşy we kesgitleniş usullary.

Kärhananyň işgärleri (kadrlary, adam resurslary) her bir kärhananyň esasy gory bolup durýar. Olaryň hilinden we netijeli ulanmagyndan kärhananyň hereketiniň netijeliligi we bäsdeş bolup bilmekligi bagly bolýar. Adam resurslary önümçiligiň maddy emläk elementlerini herekete getirýärler, önümi, gymmaty we girdeji görnüşinde goşmaça önümi döredýärler.

Kärhananyň işgärleri, azda-kemde hakykat derejesinde ölçenilip bilinýän belli bir san taýdan we gurluş taýdan häsiýetnamalara eýe bolýarlar.

Kärhana işgärleriniň san taýdan häsiýetnamalary işgärleriň sanaw, gelýänleriň we ortaça sanaw sany ýaly görkezijiler arkalay ölçenilýär. Kärhana işgärleriniň sanaw boýunça sany – bu resminama boýunça kärhana kabul edilen işgärleriň sany.

Gelýänleriň sany-bu önümçilik ýumşuny ýerine ýetirmek üçin häzirki gün işe gelmeli işgärleriň sanaw düzüminiň hasaplaşyk sany. Gelýänleriň we sanaw düzüminiň arasyndaky tapawut, tutuş günlik işsizligiň (rugsadyň, keselleriň, iş saparlarynyň we ş.m.) sanyny häsiýetlendirýär.

Kesgitli döwrüň işgärler sanyny anyklamak üçin ortaça sanaw san görkezijisi ulanylýar. Ol zähmet öndürijiligini, ortaça zähmet tölegini, işgärleriň geldi-geçerligini we beýleki birnäçe görkezijileri hasaplamakda peýdalanylýar. Bir aýyň işgärleriniň ortaça sanaw sany aýyň her bir calendar güni üçin (şol sanda baýramçylyk we dynç alyş günleri hem) işgärleriň sanaw boýunça düzüm sanynyň jemini çykarmak we alnan jemi aýyň calendar günleriniň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär. Çärýek (ýyl) üçin işgärleriň ortaça sanaw sany

çärýekde (ýylda) kärhananyň ähli iş aýlary üçin işgärleriň ortaça sanaw sanynyň jemini çykarmak we alnan jemi 3 (12) bölmek arkaly kesgitlenýärler. Işgärleriň ortaça sanaw sanyny dogry kesgitlemek üçin, işgärleriň ortaça sanaw düzüminiň her gününiň hasaba alynmagy, şol sanda işgärleri kabul etme, başga işe geçirme we zähmet şertnamasyny ýatyrma barada buýruklaryň (kararlaryň) hasaba alynmagy hökman.

Işgärleriň gurluş taýdan häsiýetnamalary kärhana işgärleriniň düzümi we aýratyn derejeleriň hem toparlaryň san taýdan biri – birine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda önümçilik kärhanasynyň işgärleri şeýle toparlara bölünýärler:

- senagat önüminiň önümçilik prosessine gös-göni gatnaşýan, şeýle hem oňa ýolbaşçylyk edýän senagat – önümçilik işgärler;
- önüm öndürmek bilen baglanyşykly bolmadyk önümçilige degişli bolmadyk işgärler;

Önümçilige degişli bolmadyk işgärler ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň, medeni – durmuş we bejeriş – arassalaýyş balansyndaky edaralaryň işgärleri degişlidirler.

Senagat önümçilik işgärleri iki sany esasy toparlara – işçiler we gullukçylara bölünýärler. Işçilere maddy gymmatlyklary döretmek bilen gös-göni meşgul bolýan, esasy serişdeleriň abatlaýyş işlerini ýerine ýetirýän, ýükleri göçürýän( geçirýän), adamlary daşaýan, maddy taýdan hyzmat edýän we.ş.m. adamlar degişli. Öz nobatynda işçiler hem esasy we kömekçi işçiler toparlaryna bölünýärler.

Gullukçylar toparynda, adatça, işleýän adamlaryň ýolbaşçylar, hünärmentler we gullukçylaryň özi ýaly derejeleri tapawutlandyrylýar. Kärhana işgärlerini haýsydyr bir topara degişli edilmegi işçiler käriniň klassifikatory bilen, gullukçylaryň wezipeleri we umumy ähmiýete eýe bolýan tarif derejeleri bilen kesgitlenilýär. Kärhananyň we onuň bölümleriniň ýolbaşçysy wezipelerini, şeýle hem direktoryň, başlyklaryň, dolandyryjylaryň, kärhananyň, gurluş birlikleriniň

we bölümleriň müdirleriniň orunbasarlary wezipelerini, baş hünärmentler (baş hasapçy, baş inžener, baş mehanik, baş tehnolog, baş ykdysadyýetçi we beýlekiler) wezipelerini eýeleýän işgärler ýolbaşçylara degişlidirler. Hünärmentlere inžener-tehniki, ykdysadyýet, hasap, hukuk we hereketiň şuňa meňzeş görnüşleri bilen meşgullanýan işgärler degişlidirler. Gullukçylara resminamalaryň taýýarlanylmagyny we resmileşdirilmegini hasaba alyşy we gözegçiligi, hojalyk hyzmatlaryny we iş dolandyryjylygy amala aşyrýan işgärler degişlidirler ( agentler (wekiller), kassirlar, barlagçylar, iş dolandyryjylar, kontroler, çyzgy çekijiler we goragyň ähli görnüşiniň işgärleri.)

Zähmet hereketiniň häsiýetine baglylykda, kärhananyň işgärleri hünärler, kärler we kwalifikasiýa derejeleri boýunça bölünýärler. Işgärleriň hünär kwalifikasiýa gurluşy zähmetiň hünär we kwalifikasiýa boýunça bölünmegi täsiri astynda emele gelýär. Şonda hünär diýlende, belli bir teoriýa (nazaryýet) bilimleriniň aýratyn görnüşi, bolsa-hünär çäklerinde spesifik aýratynlyklara eýe bolan we işgärlerden goşmaça ýörite bilimleri we endikleri talap edýän hereket görnüşli düşünilýär.

Kär şol bir hünäriň çägindäki iş herektiniň görnüşini kesgitleýär. Mysal üçin, ykdysadyýetçiler (hünär) meýilnamaçy, maliýeçiler (kär) we ş.m. ýaly toparlara bölünýärler. Tokar hünäri we käriň işgärleri kwalifikasiýa (tarif) razrýadlarynda we derejelerinde şöhlelenýän, haýsy-da bir derejeleri – bu şol bir wagtyň özünde işiň çylşyrymlylyk derejesini häsiýetlendirýän görkezijiler hem bolup çykyş edýärler.

Firmanyň gullukçylarynyň hünäri kwalifikasiýa gurluşy düzüm rejesinde – her ýylda ýolbaşçy tarapyndan tassyklanylýan we iş razrýadynyň (derejesiniň) we wezipe hakynyň görkezilmegi bilen gullukçylaryň wezipeleriniň bölümler we gulluklar boýunça toparlara bölünen sanawy bolan resminamada şöhlelenýär.

Düzüm rejesi ýylyň dowamynda kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugyna laýyklykda üýtgemeleriň girizilmegi arkaly gaýatadan seredilýär.

Firmanyň işgärleri hakyna tutma şertnamasynyň baglaşma möhletine baglylykda hemişelik ,wagtlaýyn we möwsümleýin diýen toparlara bölünýärler

Hemişelik işgärler-möhleti bellenilmän işe kabul edilen işgärler; wagtlaýyn işgärlere belli bir möhlete, ýöne iki aýdan artyk bolmadyk wagta (iş ýeri saklanylýan, gelmedik işgärleriň ýerine işlemek üçin,dört aýdan köp bolmadyk) kabul edilen işgärler; möwsümleýin işgärlere alty aýdan artyk bolýan möhletde möwsümleýin işler döwrüne (meselem, agaç akdyryma) işe kabul edilen işgärler degişlidirler.

Halkara tejribede işiň häsiýetine baglylykda kärhananyň işgärleri dolandyryş işgärlerine (ýokary, orta we pes halkanyň menedžerleri), inžener-tehniki işgärlerine we edara gullukçylaryna (“ak ýakalylar”); fiziki iş bilen meşgullanýan işçilere (“gök ýakalylar”) we sosial infrastruktura işgärlerine (“çal ýakalylar”) bölünýärler.

Kärhana işiniň tehniki-ykdysady görkezijileri köp halatlarda kwalifikasiýa derejesine we işgärlerden ulanyşyň netijeliligine, olaryň bilim derejesine, hünär taýýarlylygyna we döredijilik işjeňligine bagly bolýar. Diňe durnukly işgärler topary bazar şertlerinde öz öňünde goýlan meseleleri çözüp we ýokary derejedäki netijeleri gazanyp biler. Şonuň üçin hem hünär ussatlygynyň, işgärleriň umumy bilim we medeni derejesiniň gyşarnyksyz ösüşi barada, işgärleri kwalifikasiýasynyň we önümçilik bähbidiniň hasaba alynmagy bilen ýerleşdirme barada alada etmek hökmandyr. Täze şertlerde ýokary derejede iş başarnyklygyna eýe bolýan, işgärleriň agzybir toparyny döredip bilýän ýolbaşçy işgärlere aýratyn talaplar bildirilýär. Häzirki zaman ýolbaşçy üçin ýokary hünärmetlilik dolandyryş ylmynyň esaslarynyň, psihologiýanyň bilimleri, geljegi görmeklige we hojalygy

netijeli dolandyrmaga ýardam berýän ykdysady düşünjäniň bolmagy zerurdyr.

Işgärleriň nebitgaz pudagynyň artýan talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etme maksadynda dolandyryjy işgärleriň, hünärmentleriň we gullukçylaryň hünär synagyny geçirip durmaly.

Hünär synagynyň (attestasiýanyň) netijeleri boýunça ýolbaşçy işgärleriň wezipesini, klas boýunça derejesini ýokarlanma ýa-da peseltme barada, wezipe boýunça zähmet hakyny köpeltme ýa-da azatma, ýa-da wezipe boýunça eýeleýän wezipesinden boşatma barada karar kabul edip bilýär.

Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynyň kämilleşen tehnika bilen üznüksiz enjamlaşdyrylmagy we önümçilige täze işçileriň we hünärmentleriň çekilmegi, geljekde işgärleriň önümçilik-tehniki we ykdysady taýdan okuwynyň gowulandyrylmagyny we giňeldilmegini, olaryň ylmy dolandyryş usullarynyň özleşdirilmegini,, kompýuter tehnikasynyň giňden peýdalanylmagyny talap edýär.

Bu meseleleri çözmek üçin işgärleri taýýarlamaklygyň we bilimlerini artdyrmaklygyň yzygiderlişi zerurdyr. Şu maksat bilen ýolbaşçy işgärleriň we hünärmentleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça institutlar döredilen, ýokary okuw jaýlarynda hünär derejesini ýokarlandyrmagyň bölümleri guralan. Şeýle hem kurslar (okuwlar) ulgamynyň, okuw kombinatlarynyň we işçilere bilim bermegiň beýleki görnüşleriniň giň ösüşi göz öňüne tutulan.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda okuw edaralarynyň, dolandyryş işgärlerini gaýtadan taýýarlamak boýunça, şeýle hem, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryň we seminarlaryň köp ugurly ulgamy döredildi.

Işgärlere bolan talabyň hasabaty üçin meýilnamalaşdyrylýan döwre işgärler Место для формулы.sanynyň ösüşi, kadrlaryň (işgärleriň) adaty kemelmesi we işgärlere bolan talabyň üstüniň doldurylma çeşmeleri gapdaldan alynmagy, hünär özgerdilmegi, işgärleriň

taýýarlanylmagy görkezilýär. Işgärler balansy işgärleri taýýarlamaklyk we bilimini artdyrmaklyk meýilnamasynyň işlenip düzülmeginiň esasy düýp material bolup durýar.

Täze işçi kadarlaryny taýýarlamaklyk okuw-kurs kambinatlarynda, hemişe hereket edýän kurslarda we mekdeplerde amala aşyrylýar. Mehaniki ussahanalaryň we abatlaýyş işleri bölümleriniň işçilerini hünärmentçilik – tehniki bilim uçilişeleri (okuw jaýlary) taýýarlaýarlar. Mundan başga-da, okuwyň hususy we talap görnüşe hem hereket edýärler. Olarda okuwçylary (şägirtleri) ştata (işgärler toparyna) alýarlar we derejeli işçä berkidýärler, bu işçi bolsa öwredeni üçin goşmaça pul hakyny alýar.

Işçileriň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy işçilere has ýokary razrýad (dereje) almaklyga, zähmetiň has öňde baryjy usullaryny öwrenmeklige, ilkinji ýa-da meňzeş hünäri edinmeklige we ş.m. kömek berýän okuwyň dürli görnüşleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Işgäre bolan talabyň kesgitlenilmegi geljek meýilnama döwri üçin, kärhananyň esasy maksatlaryndan ugur alyp, adam resurslary (gorlary) pudagy üçin maksatlaryň we meseleleriň, önümi öndürme we ony satma şertleriniň kesgitlenilmegini göz öňüne tutýar.

Işçi kadrlaryna bolan talabyň kesgitlenilmeginiň has ýaýran esasy usullary aşakdakylardyr:

- işiň köp zähmet talap edijiligi boýunça;
- maşynlara we enjamlara (agregatlara) hyzmat ediş, we tehnologik hereketiň (prosessiň) gözegçilik kadalary esasynda iş ýerleri boýunça.

**Işleýänleriň sanynyň (r) kesgitlenişi:**

1. Köp zähmet talap edijiligi boýunça.

$$r = \frac{MN_s}{F_n K_{ýýn}}$$

**M**-önüm birliginiň göwrümi (möçberi);

**$N_s$**-önüm birligine bolan wagtyň kadaly möçberi (sagat);

**$F_p$**-bir sany işçiniň ýylyna (sagatda) peýdaly (netijeli) iş wagty;

**Kýýn**-ýerine ýetirilýän kadaly möçberiň ýerine ýetiriliş koeffisiýenti.

Bir sany işçiniň peýdaly (netijeli) iş wagty aşakdaky hasaplamalardan ugur alyp kesgitlenilýär:

- ýylyň kalendar günleriniň sanyna gabat gelýän iş wagtynyň kalendar gaznasy;
- kalendar günlerinden ýylyň dynç alyş we baýramçylyk günlerine hem bolan iş wagtynyň nominal gaznasy;
- meýilnama boýunça işe gelmezlik (zähmet rugsady, keseller we beýlekiler) ululygyna nominal wagtdan az bolýan iş wagtynyň peýdaly (netijeli) gaznasy.

Bu usul önüm göwrümi kadalaşdyrylýan kärhanalarda ulanylýar.

Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda kömekçi işçileriň aýratyn derejeleriniň sanyna hasaplamak üçin ulansa bolýar.

2. Iş ýerleri boýunça.

Hyzmat ediş kadalary esasynda geçirilýär we adatça, üznüksiz prosessli (hereketli) önümçilik kärhanalarynda ulanylýar.

Bu usul beýlekilere garanda, nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda işçi kadrlaryň talabyny hasaplamakda ulanylýar.

Bu kärhanalaryň işgärleriniň san hasabynyň çykarylmagynyň esasynda degişli göwrümlerde nebiti we gazy gazyp çykarma, gaýtadan işleme we ulagly daşama hereketini

amala aşyrmak üçin enjamlary tehniki taýdan düzüw ýagdaýda saklamaklyk durýar.

Şunuň bilen baglylykda, işçileriň talap edilýän sany hyzmat edişiň hereket edýän kadalary esasynda we täze önümçilik kuwwatlarynyň herekete girizilmeginiň hasaba alynmagy bilen kesgitlenilýär.

Gullukçylaryň sany ortaça pudak maglumatlary derňewine görä, olar ýok ýagdaýynda bolsa kärhana tarapyndan düzülen kadalara laýyklykda kesgitlenip bilner. Ýerine ýetirilýän wezipelerine baglylykda san kadalary diňe aýratyn alnan her bir dolandyryş wezipeleri boýunça, wezipeleriň toparlary boýunça, tutuş kärhana boýunça işlenip taýýarlanman, işleriň aýratyn görnüşleri boýunça hem (hasaba alyş, grafiki, hasaplaýyş we beýlekiler), şeýle hem, wezipeler boýunça hem (konstruktorlar, tehnologlar, ykdysadyýetçiler, hasapçylar we beýlekiler.) işlenip taýýarlanylýar. Hyzmat ediş işgärleriň sany hyzmat edişiň ulanylan kadaly möçberleri boýunça kesgitlenilip bilner. Meselem, süpürijileriň sany-jaý meýdanlarynyň kwadrat metriniň möçberi boýunça, garderobçylaryň – hyzmat edýän adam sany boýunça we ş.m. Ýolbaşçylaryň sanyny dolandyryş kadalarynyň we beýleki birnäçe ýagdaýlaryň hasaba alynmagy bilen kesgitläp bolýar.

Hereket edýän kärhana üçin gerek bolan işgärler bilen üpjün etmeklik diňe kärhana işgärleriniň san taýdan kesgitlenilmegini däl-de, bar bolan işçi güýji bilen onuň deňeşdirilmegini, işgärleriň geldi-geçerliginiň bahalandyrylmagyny we işgärleriň köp bolary ýaly goşmaça talaplaryň kesgitlenilmegini talap edýär.

Işgärleriň geldi-geçerligi wagtyň belli bir döwründe işgärleriň ortaça sanaw sanyna şol döwürde öz islegi boýunça ýa-da zähmet düzügün-nyzamyny bozandygy üçin boşadylanlaryň sanynyň göterimde (%) aňladylan gatnaşygydyr. Kärhanada işçi güýjüniň geldi-geçerliginiň derejesine köp ýagdaýlar täsir edýärler: kärhananyň

meşgullanýan işi, işleýänleriň jynsy we ýaşy, konýunkturanyň umumy ýagdaýy we ş.m.

Kärhananyň işgärleriniň geldi-geçerliginiň peseldilmegine gönükdirilen hereketleri tutuş önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna gös-göni täsir edip biler. Şonuň üçin işgärleriň geldi-geçerliginiň kemeldilmegi üçin şeýle çäreler talap edilýär:

- zähmet şertleriniň we onuň töleg hakynyň gowylandyrylmagy;
- işgärleriň ukyplarynyň has doly ulanylmagy;
- sosial (korporatiw) ýeňillikleriň netijeli syýasatyny geçirmek;
- işgärler (kadrlar) syýasatynyň we zähmet hakynyň hemişelk derňewi we ugrukdyrylmagy;
- işiň ýerine ýetirilýän hereket görnüşleriniň we beýlekileri özüne çekijilik derejesiniň ýokarlandyrylmagy.

## 5.2. Zähmet öndürijiligi.

Kärhananyň adam resurslaryndan (gorlaryndan) ulanmaklygyň netijeliligi bir işgär tarapyndan wagt birliginde öndürilen önümiň (iş göwrüminiň) möçberi bilen kesgitlenilýän zähmet öndürijiligini häsiýetlendirýär.

Öndürijiligiň hasaby çykarylanda, önümiň (ýerine ýetirilen işiň, hyzmatyň) göwrümini natural (hakyky), nyrh (baha) we zähmet ölçeglerinde aňladyp bolar.

Zähmet öndürijilik ölçeginiň natural görnüşde aňladylmagy bir işgär tarapyndan wagt birliginde ýerine ýetirilen iş (öndürilen önüm) göwrüminiň kesgitlenilmeginden ybaratdyr. Natural görnüşdäki ölçeg has anyk we aýdyň bolýar. Ondan birmeňzeş işler ýerine ýetirilende ýa-da birmeňzeş önüm öndürilende toparlaryň, halkalaryň we aýratyn işgärleriň zähmet öndürijiliginiň derejesini deňeşdirmek üçin

peýdalanýarlar. Dürli hili deňeşdirmek bu ölçeg boýunça zähmet öndürijiligini deňeşdirmek kyn.

Dürli – dürli işleri ýa-da dürli görnüşde önümleriň öndürilmegini hasaba almak üçin zähmet öndürijiligi pul aňlatmasynda – belli bir wagt aralygynda bir işgäriň paýyna düşýän ýerine ýetirilen işleriň ýa-da satylan önümleriň gymmatyndan kesgitlenilýär. Ýöne bu ölçeg hem doly kämil däl: ol ulananda işleriň aýratyn görnüşleriniň göwrümleriniň nyrh aýratynlyklary hasaba alynmalydyr. Pul ölçegli ep-esli derejede giň çäklerde üýtgeýän nyrhlary emele getiriş ulgamy we başgalar işleriň material talap edijiligine täsir edýär.

Zähmet öndürijiliginiň zähmet (kada) ölçegi kadalaşdyrylan iş wagtynda ýüze çykýar we kadaly sagtalarda ýerine ýetirilen işler göwrüminiň hakyky işlenilen wagta bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu ölçeg usuly manysy boýunça kadaly möçberleriň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýär. Ýöne bu ölçegiň köp sany kemçilikleri bar. Meselem, kadalary yzygider seredilmeginiň zerurdygyna baglylykda, zähmet öndürijiliginiň hereketini häsiýetlendirip bolmaýar.

Kärhanada zähmet öndürijiligi belli bir döwrüň dowamynda köp sanly ýagdaýlar netijesinde üýtgeýär. Zähmet öndürijiligini üýtgedýän ýagdaýlar diýlende, onuň derejesiniň üýtgemegine alyp barýan sebäpler düşünilýär.

Hereket edýän kärhanalarynyň köpüsine zähmet öndürijiligini üýtgeýän ähli sebäpler tejribede meýilnamalaşdyrylanda we hasaba alnanda, aşakdaky esasy toparlara klassifisirlenýärler:

- önümçiligiň tehniki derejesiniň üýtgemegi;
- dolandyryşyň, önümçiligiň we zähmetiň ýola goýulmasynyň kämilleşdirilmegi;
- önümçilik göwrüminiň we gurluşygynyň üýtgemegi;
- beýleki sebäpler.

Kärhanada zähmet öndürijiliginiň ösüş rezerwleri diýlende, zähmet gorlarynyň tygşytlanmagynyň entek ulanylmadyk hakyky mümkinçilikleri (ýagdaýlary) göz öňüne

getirilýär. Önümçilik içindäki rezewler enjamlaryň we işçi güýjüniň kämilleşdirilmegi we has netijeli ulanylmagy, şeýle hem iş wagtynyň ýitirilmeginiň kemeldilmegi, çig malyň, materiallaryň, kapitalyň we gorlaryň beýleki görnüşleriniň tygşytlanylmagy bilen şertlenendir.

"Ýagdaýlar" we "Zähmet" düşünjeleriniň arasyndaky tapawut ýagdaýyň nähili hem bolsa bir hadysanyň amala aşyrylmagynyň sebäbi bolýandygynda, rezerwiň bolsa – anyk bir ýagdaýda amala aşyrylmadyk mümkinçilik bolýandygyndadyr.

Köplenç kärhanalarda zähmet öndürijilik ösüşiniň önümçilik içindäki rezerwleri zähmeti talap edijiligiň peselmesiniň rezerwleri, iş wagtynyň ulanylmasynyň gowulandyrylmagynyň rezerwleri, maddy gorlaryň we zähmet gurallaryň tygşytlanmagynyň rezerwleri diýen görnüşlere bölünýärler. Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň önümçilik içindäki rezerwleri gös-göni kärhananyň özünde ýüze çykarylýarlar we amala aşyrylýarlar. Olaryň hataryna aşakdakylary degişli edip bolar:

- önüm taýýarlanmagynda zähmet talap edijiligi (tehnologik, önümçilik we doly) peseldilmegi;
- iş wagtyndan peýdalanmaklygy gowulandyrmak (zähmetiň ylmy taýdan guralmasyny girizmek, zähmet düzgün-nyzamy berkitmek, işgärleriň geldi-geçerligini kemeltmek, öňdebaryjy tejribeden peýdalanmak,önümçilik arassaçylygyny we zähmet goragyny gowulandyrmak, önümçilik kemçiliklerini we beýleki önümçilik çykdaýjylary ýok etmek);
- gurluşy gowulandyrmaklygyň, işgärleriň başarjaňlygyny ýokarlandyrmaklygyň we işçi güýjüniň has gowy ulanmaklygyň rezerwleri (mehanizasiýa we kömekçi işçiler zähmetiniň has netijeli ulanylmagy, işgärleriniň degişlilikde boşamagy, ýolbaşçylyk-dolandyryş işgärleriniň udel agramynyň peselmegi,

işgärler toparynda psihologik ýagdaýlary gowulandyrylmagy).

## Nebit we gaz senagatynda zähmet öndürijiligini kesgitlemekligiň aýratynlyklary.

Beýleki köp pudaklardan tapawutlykda nebit we gaz senagatynda zähmet öndürijilik derejesine tebigy ýagdaýlar ep-esli derejede täsir edýärler.

Mundan başga-da, nebit we gaz senagatynyň pudak bölümleri öz spesifikasyna, öz tehnologik aýratynlyklara eýedirler. Burawlamada zähmet öndürijiligi, köplenç, tebigy (dag-geologik) şertlerine bagly.

Burawlamanyň durnukly dag-geologik şertlerinde (ulanylma we barlag) zähmet öndürijiligi natural görkezijisi bilen kesgitlenilýär. Ol hasaplamada ýönekeý we düşnükli bolup, şulardan ybaratdyr:

$$Ö_z = \frac{A}{r}$$

**$Ö_z$**-zähmet öndürijiligi, m/adam;

**A**-kesgitli wagt aralygynda gazyp geçiş, m;

**r**-kesgitli wagt aralygynda işleýänleriň ortaça sanaw sany, adam.

Skwažinalaryň (guýularyň) burawlanmagy işgärler topary tarapyndan amala aşyrylýandygy üçin wagt birliginde (aý, ýyl) burawlama toparynyň metrlerdäki gazyp geçiş göwrümi bolup çykyş edýän aýratyn natural görkezijisi has köp peýdalanylýan görkeziji bolýar.

Ýöne gazyp geçişiň meýdançalar we çuňluklar boýunça dürli zähmet talap edijiligine baglylykda, zähmet öndürijiligiň natural görkezijileri düýpli kemçiliklere eýe bolýarlar. Ilki bilen, çuňluklaryň we dag-geologik şertleriniň islendik üýtgemesinde kärhanalar boýunça, meýdançalar boýunça we wagt boýunça görkezijisine deňäp bilmeris

Şonuň üçin natural görkezijisini üýtgetmek zerur.

$$\ddot{O}_z = \frac{A}{r} = \frac{A / S_{st/aý}}{r / S_{st/aý}} = \frac{V_R}{r_{US}}$$

**Öz**-Zähmet öndürijiligi, $\frac{m/st./aý}{adam.}$

**Sst/aý**-gurluşygyň kommersiýa tizligi, м/st./aý

**rUS**-işgärleriň udel sany, adam/st-aý.

Diýmek, kommersiýa tizligi we işgärleriň udel sany-burawlamada zähmet öndürijiligini kesgitleýän esasy görkezijilerdir.

Burawlamada zähmet öndürijiliginiň baha (nyrh) görkezijisi (manat/adam) wagt birliginde bir işgär hasabynda smeta gymmatyndaky iş göwrümini häsiýetlendirýär:

$$\ddot{O}_z = G_{sm}/r$$

**Gsm**-ýerine ýetirilen işleriň smeta gymmatlygy,manat;

**r**-işleýänleriň ortaça sanaw sany, adam.

Nyrh görkezijisi burawlama kärhanasynyň möçber taýdan meňzeş bolmadyk önümi deňeşdirip ölçemeklige mümkinçilik berýär.

Nebiti we gazy gazyp çykarmakda zähmet öndürijiligi skwažinalaryň debitligine, ulanylma usulyna, düzüminde nebit we gaz bolan gatlaklaryň geologik-geofiziki alamatlaryna, ýataklaryň işlenilmeginiň döwrüne bagly bolýar.

Şonuň üçin hem tebigy ýagdaýlaryň ep-esli derejedäki täsiri netijesinde işgärleriň zähmet tagallalarynyň hakyky netijelerini zähmet öndürijiliginiň natural görkezijisi hem, nyrh görkezijisi hem nebit gazy gazyp çykarýan senagatyň pudaklarynda doly görkezip bilmeýärler, sebäbi deň bolan

zähmet harçlanmalary, önümi öndürme boýunça deň bolmadyk netijelere alyp barýarlar.

Nebiti we gazy gazyp çykarmakda tebigy şertleriň uly tapawutlyklaryna görä önümçiligiň tehniki we guramaçylyk derejesiniň zähmet öndürijiligine täsir edişiniň häsiýetnamasy üçin zähmet talap edijilik görkezijisi, ýagny bir skwažinada hyzmat etmeli adam sanynyň görkezijisi ulanylýar:

$$Ö_z = {}^{r}/_{U}$$

**r**-senagat – önümçilik işgärleriniň (SÖI) ortaça sanaw sany, adam; **U**-skwažinalaryň ulanylma gaznasy, birlik.

Tejribäniň görkezmesi boýunça, şertlere baglylykda, bu görkeziji 0.9ad/skw-dan 1.5ad/skw çenli üýtgeýär. Bu görkezijiniň üsti bilen nebit-gaz gazyp çykarmanyň aýratyn kärhanalarynyň arasynda zähmet öndürijilik derejesini deňeşdirip bolýar.

Nebit we gazyň ulagy we saklanmagy ulgamynda zähmet öndürijiliginiň natural ölçegleri has giňden peýdalanylýar. Meselem gazyň ulagy we saklanmagynda ulagly daşalýan gazyň bir işgäre düşýän möçberi (mln $m^3$) we bir ýylyna bir işgäre düşýän ulag işiniň möçberi (mlrd $m^3$/km). Zähmet öndürijiliginiň ölçegleri bolup bilýärler. Nebit geçiriji ulagda meňzeş bolan görkezijiler tonnalarda we tonna-kilometrlerde ölçenilýär.

Nebit üpjünçiliginde zähmet öndürijiliginiň esasy ölçegi – nebit önümleriniň satuw möçberi – nebit satýan guramanyň bir işgärine ýylyna tonnalarda düşýän möçberi.

Nebitiň we gazyň esasy ulagynda zähmet öndürijiligi (IZÖ) şeýle kesgitlenilýär.

$$Ö_z = \frac{Q}{r_{oý}}$$

**Q**-ulagda daşalýan nebitiň ýa-da gazyň möçberi, ýylyna t. ýa-da m$^3$;

**r$_{oý}$**-işgärleriň ortaça ýyllyk sany.

$$\ddot{O}_z = \frac{Q \cdot L}{r_{oý}}$$

**L**-nebit gaz geçiriji meýdanynyň uzynlygy, km;

**Q L**-ulagly iş (ýük dolanyşygy) t-km, 1000m$^3$-km.

Nebitiň we gazyň ulagy we saklanmagy ulgamynda zähmet öndürijiligi nyrh aňladylmasynda şeýle kesgitlenilýär:

$$\ddot{O}_z = \frac{B_T}{r_{oý}}$$

**G$_t$**-tarif boýunça girdeji (ulag işine bellenilen tarifiň köpeltme hasyly hökmünde).

Mundan başga-da, zähmet öndürijiligi nebit-gaz geçirijisiniň 100km çyzykly böleginiň ýa-da bir sorujy (kompressor) stansiýasynyň ýa-da bir kuwwatyň (N) 1000kBt-nyň hyzmat edilmesiniň zähmeti talap edijiliginiň görkezjisiniň kömegi bilen kesgitlenilýär:

$$Z\ddot{O}_{hyz} = \frac{r_{oý}}{1}; \qquad \frac{adam}{100km};$$

$$Z\ddot{O}_{hyz} = \frac{r_{oý}}{1}; \qquad \frac{adam}{100km};$$

$$ZÖ_{hyz} = \frac{r_{oý}}{N}; \qquad \frac{adam}{100km};$$

Zähmet öndürijiliginiň meýilnamalaşdyrylmasy aşakdakylara esaslanmalydyr:

Meýilnamalaşdyrylanýan ulag we saklanyljak önüm göwrümine zähmet harçlanmalarynyň peseldilmegi boýunça rezerwleriň gözläp tapylmagyna, täze tehnikanyň, tilsimatyň (tehnologiýanyň), mehanizmleşdirilmäniň we awtomatlaşdyrmanyň girizilmegi boýunça, zähmetiň we önümçiligiň ylmy-taýdan guralmagy boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanylmagy. Turbageçiriji ulagda tehniki ösüş, esasan hem, hyzmat ediş mümkinçiliginiň (geçiriş ukybynyň) we ulgamlaryň ygtybarlygynyň ýokarlanmagy bilen, ulag işleriniň ýerine ýetirilmegine harçlanmalaryň peselmegi, şol sanda önümçilik obýektlerine hyzmat ediş boýunça işleriň zähmeti talap edijiliginiň peselmegi bilen baglanyşykly zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmasynyň möhüm rezerwi bu çalşyk içindäki we tutuş günüň dowamyndaky işsiz durmalaryň ýok edilmegine, iş wagtynyň önümçilige degişli bolmadyk harçlanmalarynyň kemeldilmegine, ýolbaşçylyk-dolandyryş işgärleriň sanynyň azaldylmagyna, nebitiň we gazyň ulag we saklama ulgamynyň kömekçi bölümlerinde işçileriň sanynyň kemeldilmegine gönükdirilen çäreleriň işlenip taýýarlanylmagydyr.

Nebit-gazy gaýtadan işleýän we nebit-gaz himiýa kärhanalarynda zähmet öndürijiliginiň derejesini bahalandyrmak üçin dürli usullardan peýdalanýarlar: natural, nyrh ,zähmet.

Natural usul boýunça zähmet öndürijiligi (**$Ö_z$**) natural aňlatmada aňladylan öndürilen önümi (**Q**) işleýänleriň ortaça sanaw sanyna (r) bölmek arkaly kesgitleýärler

$$\ddot{O}_z = Q/r$$

Bu görkeziji zähmet öndürijiliginiň hereketiniň gidişi we derejesi barada has takyk düşünje berýär, ýöne onuň ulanylmasy çäklendirilen, sebäbi öndürilýän önümiň ähli assortimentini hasaba almaklyga mümkinçilik bermeýär.

Nebiti gaýtadan işleýän senagatda ony bir ýa-da hili boýunça deň bolan birnäçe önüm öndürýän aýratyn tehnologiki gurluşlarda, sehlerde zähmet öndürijiligini häsiýetlendirmek üçin ulanýarlar.

Zähmet öndürijiligi nyrh aňlatmasyndaky haryt önüminiň **(HÖ)** işleýänleriň ortaça sanaw sanyna (r)bölünmegi bilen kesgitlenilýär:

$$\ddot{O}_z = \frac{H\ddot{O}}{r} = \frac{\sum Q_i N_i}{r}$$

**Q we N**i-gaýtadan işlemäniň aýratyn önümleriniň öndürilmesiniň göwrümi we nyrhy.

Bu usul ýönekeý, düşnükli, öndürilýän önümiň ähli assortimentini hasaba almaklyga mümkinçilik berýär. Ýöne önümiň zähmeti talap edijiliginiň nyrhlarynyň laýyk gelmeýänligi we kooperatiw arabaglanyşyklaryň üýtgeýänligi bilen şertlenen birnäçe möhüm kemçiliklere eýe.

Zähmet öndürijiliginiň derejesi we hereketiniň gidişi barada mundan hem takyk düşünje berýän usul-zähmet usulydyr. Onda zähmet öndürijiligi önümiň birligini öndürmeklige harçlanan zähmet bilen häsiýetlenýär

$$\ddot{O}_z = \frac{r}{Q};$$

Nebit-gazy gaýtadan işleme önüminiň zähmeti talap edijiligini kesgitlemeklik çylşyrymly prosessdir, ol iki döwür boýunça geçirilýär.

Birinji döwürde aýratyn tehnologik gurluşlar boýunça zähmetiň talap edijiligini kesgitleýärler, ýagny, önümi öndürmeklik bilen gös-göni bagly bolmadyk harçlanmalardan başga kärhananyň ähli harçlanmalaryny gurluşlaryň arasynda paýlaşdyrýarlar.

Ikinji döwürde aýratyn önümleriň zähmeti talap edijiligini hasaplaýarlar. Gurluşyň çäklerindäki ähli zähmet harçlanmalaryny maksada gönükdirilen önüme degişli edýärler. Esasy önümiň zähmeti talap edijiligini tehnologiki shema laýyklykda, garmany hasaba almak bilen, polufabrikatlaryň öndürilmesinde zähmetiň talap edijiliginiň yzygiderli hasabynyň çykarylmagy bilen kesgitleýärler. Haryt önüminiň zähmeti talap edijiligini bu önüme girýän komponentleriň (bölekleriň) zähmeti talap edijiliginiň ortaça alnan bahasy hökmünde kesgitleýärler.

Öndürilýän önümiň giň nomenklaturasy (sanawy) bilen häsiýetlenýän maşyn – enjam we abzal öndüriş karhanalarynda zähmet öndürijilik derejesini kesgitlemek üçin, esasan nyrh we zähmet usullaryndan peýdalanýarlar:

$$Ö_z = \frac{LÖ(HÖ)}{r};$$

**LÖ, HÖ**-kärhananyň lomaý kesilýän nyrhlarda jemi ýa-da haryt önümi;

**r-** işgärleriň ortaça sanaw sany.

Zähmet öndürijiliginiň derejesini kesgitlemekde zähmet usulyndan peýdalananda haryt (jemi) önümiň taýýarlanyşyna zähmetiň talap edijiligi norma sagatlarda (kadalaşdyrylan sagatlarda) ölçenilýär:

$$\ddot{O}_z = \frac{L\ddot{O}(H\ddot{O})}{r};$$

LÖ,HÖ-kadalaşdyrylan sagatlarda öndürilen önümiň zähmeti talap edijigi;

**r**-işgärleriň ortaça sanaw sany.

Sagatlarda, çalşyklarda, aýlarda işläp öndürmeklik wagtyna meýilnamalaşdyrylan gaznany kabul edip, zähmet öndürijiliginiň sagat-çalşyk we aý görkezijilerini hasaplap bolýar. Şonda önüm pul aňlatmasynda, zähmeti talap edijiligi boýunça, we käbir ýagdaýlarda natural aňlatmada (tonnalar, metrler, sanlar we ş.m.) ölçenilýär.

## 5.3. Zähmete hak töleme.

Zähmet haky bu – çekilen zähmet üçin hak görnüşi, şeýle hem kärhana işgärini höweslendirmedir. Ol birnäçe hyzmaty ýerine ýetirýär:

- höweslendirýän (esas bolýan);
- sosial;
- hasaba alyş.

Höweslendiriji (esas bolýan) hyzmat önümçiligiň ösüşine işgärleriň gyzyklanmasyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen. Öz gezeginde zähmetiň mazmuny we şertleri, zähmetiň guralmagy we onuň tölegi, gulluk boýunça ýokary çekilme mümkinçiligi we ş.m. kärhana işgärleriniň esaslanmasyna gös-göni täsir edýärler.

Sosial hyzmaty sosial adalatlylyk ýörelgesiniň amala aşyrylmagyna ýardam berýär.

Hasaba alyş hyzmaty önümiň nyrhynyň emele gelme prosessinde janly zähmetiň gatnaşma çägini, onuň önümçiligiň umumy harçlanmalaryndaky paýyny häsiýetlendirýär.

Kärhanada zähmet töleginiň umumy derejesi şeýle ýagdaýlara bagly bolup biler.

- kärhananyň hojalyk işiniň netijelerine;
- kärhananyň işgärler (kadrlar) syýasatyna;
- durmuş gymmatyna (talap edijilik sebedi);
- sebitde, welaýatda, degişli bolan hünärli işgärleriň arasynda işsizlik derejesine;
- profsoýuzyň, bäsdeşleriň, döwletiň we başga täsiri.

Zähmet töleginiň bar bolan köpdürli görnüşleriniň içinde (tarif ulgamy, tarifsiz ulgam we onuň görnüşi, şertnama ulgamy) her bir kärhana önümçiligiň belli bir şertlere (öndürilýän önümiň häsiýetine, anyk tehnologik) dolandyryş derejesine, satuw bazaryna we ş.m.) has dogry gelýänini saýlap alýar.

Tarif bölegini zähmet töleginiň ýeke-täk tarif setkasyna laýyklykda hasaplap bolýan görnüşi has giň ýaýran görnüşdir. Dürli kärhanalarda onuň ulanylmagy dürli derejedäki işgärleri haýsy-da bolsa bir razrýada degişli edilmeginde 1-nji razýad tarif halkalarynyň ösüş ýollary bilen tapawutlanýarlar 1-nji razýadyň tarif haky döwletiň sosial kepil bolup durýan, iň pes derejedäki zähmet hakyna deň bolup biler ýa-da sebit aýratynlyklaryna we kärhananyň maliýe ýagdaýyna baglylykda üýtgäp biler.

Tarif ulgamy zähmetiň çylşyrymlylygyny we ýerine ýetiriliş şertlerini, ýagny, zähmet hilini hasaba almak bilen, zähmetiň dürli-dürli anyk görnüşlerini deňeşdirip ölçemeklige mümkinçilik berýär. Ol aşakda berlen esasy elementlerden ybarat:

- işiň razrýadynyň we kärhananyň haýsy pudaga degişlidiginiň hasaba alynmagy bilen zähmet töleginde differensiýany belleýän tarif ulgamy;
- wagt birligine (gün, sag.) ýönekeý zähmetiň (1-nji razrýad) töleginiň doly göwrümini kesgitleýän tarif haklary;
- çylşyrymlylygyna baglylykda dürli görnüşdäki işleri toparlara bölüşdirýän, tarif – dereje maglumat kitapçalary;

- dürli tebigy – howa şertlerinde (sebitlerde) durmuş gymmatlyklarynyň tapawutlyklarynyň ýerini doldurýan, zähmet tölegine goşulýan etrap boýunça koeffisiýentler;
- hünärleriň bilelikde ýerine ýetirilmesi hyzmat ediş çäkleriň giňelmesi, artyk edilýän işler, baýramçylyk we dynç alyş günlerindäki iş, zyýanlygy, ikinji we üçinji çalşykdaky iş we ş.m. üçin tarif haklaryna kemini tölemeler we goşmaça tölegler;
- hakyna tutma boýunça işleýän adamlara zerur bolan sosial goragy bilen üpjün edýän we kanun tarapyndan bellenilýän iň pes derejedäki zähmet haky.

Kärhanada zähmet töleginiň tärif ulgamy dürli tarif setkalary esasynda düzülýärler.

Zähmet instituty tarapyndan býudžete degişli bolan edaralar, guramalar we kärhanalar üçin ÝTS (Ýeketäk tarif setkasy)-nyň 18 – razrýadly diapazona esaslanan. ÝET pudaklary üçin Ýeke täk tarif setkasynyň işlenip taýýarlanylmagy 19-22 razrýadly setka esasynda amala aşyrylýär.

Bu tarif setka tarifikasiýanyň hem-de işçileriň we gullukçylaryň razrýadlar boýunça zähmet töleginiň ýeke-täk şkalasyna emele getirýär. Ol kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ähli işgärlerini – işçiden başlap, tä ýokarky derejedäki ýolbaşçylary öz içine alýar. (ÝTS) ÝTS-de ýerine ýetirilýän işleriň (wezipeleriň) umumylaşdyrylan alamatlary boýunça işgärleriň ähli hünärleri we wezipeleri toparlara bölnendir.

Işgärleriň zähmet töleginiň Ýeketäk tarif setkasy esasynda işlenip taýýarlanylan täze ulgam ýagdaýy düýpli üýtgetmeklige we deň derejedäki ýagdaýy işe deň zähmet tölegini geçirmeklige mümkinçilik berýär, ýagny zähmet töleginiň (ZT) guramagynyň kämilleşdirilmesine saýlaw (alternatiw) çemeleşmäni amala aşyrmaklyga mümkinçilik döredýär. Işgärleriň ähli derejeleriň zähmet hakynyň özarabaglanşylan ýeketäk ulgamy üpjün edilýär, birinji

razrýadyň tarif haklarynyň islendik üýtgemelerinde işçileriň we gullukçylaryň zähmetiniň çylşyrymlylygy boýunça zähmet hakynyň gatnaşygy kesgitlenilýär; dürli çylşyrymlylykdaky we derejedäki işleriň zähmet hakyna deňeýjilik aýrylýar; öňünden bellenilen ýokarlandyryjy koeffisiýentleriň üsti bilen, derejeli (kwalifikasiýaly) zähmet işgärleriniň iş hakynyň ýokarlandyrylmagynyň belli bir kepillikleri üpjün edilýär.

$$ZT = H_t W$$

**$H_t$**-degişli bolan razýad işçisiniň sagatlaýyn tarif haky, manat;

**W**-önümçilik işlenilen hakyky wagt, sag.

Wagty – sylag ulgamynda hakyky işlenilen wagt üçin tarif haky boýunça tölegden daşary bellenilen görkezjileriň we sylaglanma şertleriniň ýerine ýetirileni üçin baýrak göz öňünde tutulýar. Tölegiň bu ulgamy nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda beýlekilere garanda has köp ulanylýar.

Zähmet tölegiň potratlaýyn görnüşinde işgärlere zähmet haky, ýerine ýetirilen işiň ýa-da öndürilen önümiň her bir birligi üçin ozaldan bellenilen bahalar boýunça hasaplanylýar. Zähmet töleginiň potratlaýyn görnüşi, ilki bilen, işiň göwrüm, hil görkezijileriniň gowulanmagyna höwes döredýär. Şonuň üçin ol el ýa-da maşyn – el zähmeti köp bolýan önümçilik bölümlerinde ulanylýar. Hut şu şertlerde öndürilen önümiň sanyny we hilini hasaba alyp, önümçilik göwrümini ýokarlandyryp we bellenilýän zähmet kadalarynyň esaslandyrylmagyny üpjün edip bolýar. Zähmet hakynyň potratlaýyn görnüşini ulanmaklyk has maksadalaýyk bolýan ýerleri;

- işiniň ýa-da işçiler toparynyň başarnyklaryna gös-göni bagly bolan işiň san görkezijileriniň bolmagynda;
- işgärler tarapyndan öndürilýän zatlaryň ýa-da ýerine ýetirilýän işleriň göwrümini ýokarlandyrmak mümkinçiliginiň bolmagynda;

- berlen meýdançada işçileri geljekde önüm öndürilmeginiň ýa-da ýerine ýetirilýän işleriň göwrüminiň ýokarlandyrmaklyga höwes döretmekligiň zerur ýagdaýynda;
- ýerine ýetirilýän işleriň göwrüminň (sanynyň) anyk hasaba alynmasynyň mümkin ýagdaýynda;
- zähmetiň tehniki taýdan esaslanan kadalaryň ulanylmasynda.

Zähmet hakynyň gös-göni hususy potrat ulgamynda işçiniň aýlygy ($A_{pu}$) şeýle formula boýunça kesgitlenilip bilner;

$$\mathbf{A_{pu}=s \cdot B_b}$$

**s**-önüm sany;

$\mathbf{B_b}$-öndrilen önümiň ýa-da işiň birliginiň bahasy.

Zähmetiň topar potrat töleginde toparlaýyn potrat nyrhlar ulanylan ýagdaýynda umumy zähmet haky toparyň işgärleriniň arasynda koffisiýent – sagatlaryň kömegi bilen paýlanylýar. Toparyň i-agzasynyň potrat haky ($A_{pui}$) şeýle hasaplanylyp bilner;

$$A_{pui} = \frac{A_{pu}^{top}}{\sum_{i=1}^{n} K_i \cdot W_i} \cdot K_i \cdot W_i$$

$A_{pu}^{top}$ -toparyň potrat haky;

$\mathbf{K_i}$-i işçiniň tarif koeffisisýenti;

$\mathbf{W_i}$-hasabat döwründe i işçi tarapyndan işlenilen wagt;

**n**-topardaky işçileriň sany.

Potrat – baýrak ulgamynda işçi-potratça ýa-da işçiler toparyna zähmet hakyndan başga-da, sylaglama barada tertipnamada göz öňüne tutulan kesgitli san we hil görkezijileriniň ýerine ýetirilendigi ýa-da artygy bilen ýerine ýetirilendigi üçin gös-göni potrat nyrhlary boýunça baýrak tölenilýär.

Potrat-baýrak ulgamynda bellenilen kadaly möçberleriň çäginde taýýarlanylan önüm adaty bahalar boýunça, bu möçberlerden geçýänler bolsa ýokarlanan nyrhlar boýunça tölenilýär.

Zähmet hakynyň potrat ulgamy işleriň belli bir göwrüminiň we bu işler boýunça zähmet töleginiň gaznasynyň umumy ululygynyň anyklanmagyny göz öňünde tutýar. Zähmet tölegine niýetlenen serişdeler ýerine ýetiriliş möhletine bagly bolmazdan doly işler toplumynyň tamamlanmasyndan soň tölenilýär. Zähmet töleginiň bu ulgamy ilki bilen, işleriň doly toplumynyň az sandaky işgärler tarapyndan we has gysga möhletde ýerine ýetirilmegine höwes döredýär.

Nebit we gaz sengatynyň kärhanalarynda zähmetiň potrat görnüşi abatlaýyş işleri ýerine ýetirilen wagty kömekçi bölümlerde ulanylyp bilner.

Ýolbaşçylaryň zähmet haky olara ştat rejesi boýunça bellenilen aýlykda we hereket edýän baýrak ulgamyna laýyklykda amala aşyrylýar. Özüniň häsiýeti boýunça ol döwürleýin-baýrak ulgamyna ýakyn, olaryň arasyndaky tapawut tarif hakynyň (gün ýa-da sagat) ýerine, aýlyk ýa-da ýyllyk hak bolýandygyndadyr. Bellenilen görkezijiler we sylaglama şertleri bu işgärleriň zähmetiniň aýratynlyklaryny şeýle hem, bu adamyň işleýän bölüminiň aýratynlyklaryny hasaba alýarlar.

Işleýänleriň ähli derejelerine zähmet hakynyň tölenilmesiniň esasy çeşmesi – zähmet tölegi gaznasydyr. Zähmet töleg gaznasynyň (ZTG) meýilnama ululygy dürli usullar bilen kesgitlenilip bilner. Köplenç göni hasaplama usuly ulanylýar

$$\mathbf{(ZTG) = S_{om} \cdot ZH_o}$$

$S_{om}$-işleýänleriň ortaça sanaw meýilnama sany;

**$ZH_o$**-goşmaça tölemeler we hasaplap çykarmalar bilen meýilnama döwründe bir sany işleýän adamyň ortaça zähmet haky.

Şu usulyň kömegi bilen zähmet töleginiň umumy gaznasy tutuş kärhana boýunça işleýänleriň sanyna we olaryň zähmet tölegine görä hem, işgärleriň derejelerine we aýratyn toparlaryna görä hem hasaplanylyp bilner.

Zähmet töleg gaznasynyň düzümine girýärler:

- işlenilen wagt üçin töleme;
- işlenilmedik wagt üçin tölemeler;
- bir gezek berilýän höweslendiriji tölemeleri;
- iýmit, ýaşaýyş jaý, ýangyç üçin tölemeler.

Işlenilen wagt üçin tölemeler öz içine alýarlar:

1) tarif haklary boýunça zähmet tölegleri;
2) natural töleg tertibinde berlen önümiň gymmaty;
3) baýraklar we sylaglamalar;
4) hünär ussatlygy, wezipeleri we kärleri bilelikde ýerine ýetirilmegi üçin tarif haklaryna goşmaça höwes dörediji tölemeler we artdyrylan pullar;
5) iş tertibi we zähmet şertleri we ş.m. bilen baglanyşykly öwezlik tölegleri.

Işlenilmedik wagt üçin tölegler – bu aşakdaky töleglerdir:

1) her ýylky we goşmaça rugsatlary;
2) ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary;
3) işgär sebäpli bolmadyk işsiz durmalar;
4) mejbury işe gelmezlik we beýlekiler.

Bir gezek berilýän höweslendiriji tölemeler aşakdakylary öz içine alýarlar:

1) bir gezek berilýän (bir wagtlaýyn) sylaglar;
2) ýyl dowamyndaky işiň netijeleri boýunça sylag, köp wagt gulluk edeni üçin (iş stažy) ýyllyk sylagy;
3) işgärleriň ählisine ýa-da köpüsine berilýän maddy kömek;
4) peýdalanylmadyk rugsat üçin öwezlik tölegi;

5) sylaglama hökmünde işgärlere mugt berilýän paýnamalaryň gymmaty ýa-da paýnamalary edinmeklik üçin ýeňillikler we ş.m.

Tarifler we aýlyklar boýunça zähmetiň tölenmegi we höweslendirilmegi şertlerinde gyradeňlikden dynmaklyk, aýratyn işgäriň we tutuş toparyň bähbitleriniň arasyndaky gapma-garşylygy ýeňmeklik örän kyn.

Şoňa görä-de, tarif bölegi, goşmaça hak, tölemeler we baýraklar töleg hakynyň tarifsiz düzgünleşdirilmesiniň ulanylma ýoly arkaly paýlaýjy usul boýunça hasaplaşyp bilnerler, onda zähmet goşandyna laýyklykda her bir işgäre edilýän töleg jemi ($ZH_i$) onuň tutuş topar tarapyndan gazanylan zähmet töleg gaznasyndaky paýyny. Şonda hasaplaşyk formula şeýle görnüşe eýe bolýar:

$$ZH_i = \frac{ZTG \cdot \underset{j=0}{\overset{m}{G}} \cdot K_{ij}}{\sum_{i=1}^{n} \underset{j=0}{\overset{m}{G}} \cdot K_{ij}}$$

Bu ýer-de

**ZTG-**işgärler arasynda paýlanylmaly toparyň zähmet töleg gaznasy;

**G-**işgäriň goşandyny kesgitleýän görkeziji;

**$K_{ij}$-**degişli bolan görkezijilerde (j = 1,2...m) aňladýar;

**i-**işgäriň häsiýetnamasy;

**m-** işgäriň işini häsiýetlendirýän görkezijiler sany;

**s-**zähmet töleg gaznasynyň paýlanylmasyna gatnaşýan işgärleriň sany.

Dürli kärhanalarda her bir işgäriň zähmet hakynyň ululygyny kesgitleýän görkezijileriň sany bir meňzeş däldir. Düzgün boýunça zähmet töleginiň tarifsiz ulgamy girizilen pursadynda işgärler topary tarapyndan işgäre berlen hünär derejesiniň koeffisiýenti; töleg geçirilýän döwürde işgärler topary tarapyndan gündelik işiniň netijelerine iş bilen

gatnaşygynyň koeffisiýenti; berlen döwürde işlenilen iş wagtynyň sany görkezijiler toparlary giňeldilip hem (zähmet goşant koeffisiýentiniň girizilmegi, şertnama borçlarynyň ýerine ýetirilmegi we ş.m. hasabyna), hat-da bire çenli, meselem, hünär derejesiniň koeffisiýentine ýa-da işlenilen wagtyň sanyna baglylykda zähmet töleginiň we höwes döretmäniň tarifsiz ulgamynyň dürli modelleri (şekilleri) hereket edýärler.

Berlen model (şekil) üç ýagdaýdan peýdalanýar:

- işgäriň hünär derejesi;
- zähmete gatnaşyk koeffisiýenti (ZGK);
- hakyky işlenilen wagt.

Bu ulgam boýunça ýolbaşçydan başlap, tä işçä çenli kärhananyň ähli işgärleriniň zähmet haky tutuş kärhananyň ýa-da aýratyn bölümiň zähmet töleg gaznasynda işgäriň paýyny göz öňüne tutýar. Bu şertlerde her bir işgäriň zähmet hakynyň hakyky ululygy görkezilen ýagdaýlara bagly bolýar.

Kärhana işgäriniň hünär derejesi işgärler toparynyň ähli agzalaryna bellenilýär we geçen döwür üçin işgäriň hakyky zähmet hakynyň şol döwür üçin kärhanada dörän zähmet hakynyň iň pes derejesine bölünme netijesi hökmünde kesgitlenilýär.

Hünär derejeler ulgamy geljekde ösüş gazanyp bilmejek, diýmek zähmet hakynyň hem ýokarlanmasyna garaşylmaýan, işçi 5-nji 6-njy razrýadly bolýan tarif razrýadlar ulgamyna garanda, hünär derejesi has ýokary drejede bolan zähmetiň maddy taýdan höweslendirilmegi üçin köp mümkinçilikleri döredýär.

Işgäriň hünär derejesi onuň işiniň bütin dowamynda ýokarlandyrylyp bilner. Hünärmentleriň ýa-da işçiniň degişli bolan kwalifikasiýa toparyna goşmak baradaky soragy işgäriň şahsy häsiýetnamalaryny hasaba almak bilen işgärler toparynyň maslahaty çözýär.

Zähmete gatnaşma koeffisiýenti (ZGK) ýolbaşçy bilen bilelikde kärhananyň ähli işgärlerine bellenilýär we ZGK -niň

kesgitlenilmesiniň döwrüni (aýda, çärýekde bir gezek we ş.m.) we ZGK hasaplap çykarmak üçin görkezijiler düzümini özi belleýän, işgärler toparynyň maslahaty bilen tassyklanylýar.

Zähmet töleginiň tarifsiz ulgamynda zähmet hakynyň hasaplanyp çykarylmagy şeýle yzygiderlilikde amala aşyrylýar:

- her bir işgär (bölüm, seh, meýdança, topar) tarapyndan gazanylan ballaryň sany;

$$\mathbf{G\,K_{ij} = K_i\,N_i\,ZGK_i}$$

Şu ýer-de **$K_i$** – hünär (kwalifikasiýa) derejesi;

**$N_i$**-işelilen adam-sagatlaryň sany.

Bölümiň ähli işgärleri tarapyndan gazanylan ballaryň (J) umumy jemi.

$$S = \sum_{i=1}^{n} \dot{I}_{j=0}^{ç} \cdot K_{ij}$$

Bir baly (manat) tölemeklige düşýän zähmet töleg gaznasynyň paýy (d)

$$d = \frac{ZTG}{\sum_{i=1}^{n} G_{j=0}^{з} \cdot K_{ij}}$$

Bölümleriň aýratyn işgärleriniň iş haky.

$$ZH_i = G_{j=0}^{з} \cdot K_{ij} \cdot d$$

Bu ulgam kwalifikasiýanyň, razrýadyň şol bir derejesinde zähmet töleg gaznasynyň (ZTG) bölünme deň ölçegliliklerini üýtgedýär. Bir işçileriň zähmet haky ýokarlanyp, beýlekileriňki bolsa kemelip bilýär. Netijede, tarif

ulgamynda gazanyp bolmaýan, işgärleriň arasynda zähmet hakynyň paýlanylmagyndaky uly sosial adalatlylyk üpjün edilýär.

Önümleriň we hyzmatlaryň satylyş göwrüminiň bazar ykdysadyýeti şertlerinde möhüm iş görkezijisi bolýandygyny bellemek gerek. Şonuň üçin hem, satuw göwrümi näçe ýokary bolsa, kärhana şonça-da netijeli işleýär, we zähmet tölegine satuw göwrümine baglylykda düzedişler girizilip bilinýär. Bu ýagdaý dolandyryş işgärleri we kömekçi işçiler üçin örän netijeli, sebäbi kärhana işgärleriniň bu gaty baglanyşykly däldirler.

Işgärleriň şahsy başarnygyny we öndürijilikli zähmet üçin döredilen goşmaça höweslendirmeleri ýokarky derejede hasaba alma maksady bilen kärhananyň müdirligi (iş bilen üpjün ediji) we kärhana işgäri (hünärment) arasynda zähmet şertnamasy baglaşylyp bilner.

Şertnama bu – iş bilen üpjün edýän bilen hünärmendiň arasynda baglaşylan zähmet ylalaşygynyň aýratyn görnüşi bolup, belli bir işiň ýerine ýetiriliş döwründe olaryň arasyndaky hukuklary we borçlary kesgitleýär. Şertnama bu – iki sany deň hukukly taraplaryň ylalaşygy.

Şertnama predmetleri:

- nähili hem bolsa bir önümçilik hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegi;
- ylmy-barlag we tejribe konstruktor işleriniň ýerine ýetirilmegi.

Şertnama ýa belli bir işiň ýerine ýetirilme wagtyna, ýa-da bäş ýyl möhleti bilen baglaşylýar. Hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy boýunça şertnama uzaldylyp ýa-da täze möhlete gaýtadan baglaşylyp bilner.

Şertnamada şeýle ýagdaýlary şöhlelendirilemelidir:

1) baglaşylýan şertnamanyň maksady we predmeti; ýerine ýetirilmeli işiň görnüşi we gurluşy ýa-da hünärmentiň ýerine ýetirmeli wezipeleriniň anyk beýany;

2) hünärmentiň zähmetiniň guralma we tölenme şertleri, iş wagtynyň tertibi.

Zähmetiň guralma şertleri dürli bolup bilýärler: ýa kärhana içindäki tertibiň şertlerine boýun egmeklik, ýa-da hususy iş rejesi (tertibi).

Şertnama boýunça zähmet hakynyň başlangyç ululygy iş başlanmazdan ozal kesgitlenilýär. Hünärmentiň zähmet haky işiň mukdary, hili we ahyrky netijelerine laýyk hasaplanylýar we ýokarky derejelilik ululyklary bilen çäklendirilmeýärler.

Şertnama boýunça zähmet haky aşakdakylary öz içine alyp bilýär:

a) hak ujundan – onuň töleginiň döwürliligi we ululygy şertnamada aýdylýar;
b) ahyrky ýokary netijelilik üçin sylagdan –işiň tamamlanmasy bilen, onuň sanynyň we hiliniň hasaba alynmagynda.

Zähmet gatnaşyklarynyň şertnama görnüşi boýunça zähmet tölegi ýola goýlanda zähmet hakynyň hemişelik we üýtgeýän elementleri göz öňünde tutulyp bilnerler. Kärhananyň hereketde bolmagyny üpjün edýän we onuň önümçilik – hojalyk işiniň netijeliligi üçin jogapkär bolýan, kärhananyň we onuň bilen bagly bolan gulluklarynyň ýolbaşçylary üçin üýtgeýän elementiň has uly paýyny göz öňüne tutmak maksadalaýykdyr. Kärhananyň ýolbaşçylygy üçin zähmet töleginiň üýtgeýän bölegini kesgitleýän netijeler hökmünde aşakdakylar çykyş edip bilerler:

- girdejiniň (düşewündiň) ösüş derejeleri;
- daşary bazarlarda (eksport) önümiň satylmagy;
- obýektleriň öz wagtynda we köp mukdarda girizilmegi we başgalar.

Hünärmentiň zähmet töleginiň şertnama ylalaşygy berlen hünärdäki derejeli işgäriň zähmet bazaryndaky gymmatynyň hasaba alynmagy bilen kesgitlenilýär.

Mundan başga-da, şertnamada şertnamanyň ýerine ýetirilmesi boýunça taraplaryň hukuklary we borçlary hakda

aýdylýar, ýerine ýetirilen işiň bahalandyrylmasynyň we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäniň tertibi bellenilýär, taraplaryň özara ylalaşygyny talap edýän, esasan hem, sosial-durmuşy soraglara seredilýär. (jetwel 5.1.)

**Zähmet ylalaşygy we şertnamasy boýunça kireý şertleriniň we mümkinçilikleriniň deňeşdirme jedweli.**

**Jetwel 5.1.**

| Zähmet aluw-satuwynyň möhüm ýagdaýlary | Möhletsiz/möhletli zähmet ylalaşygy | Şertnama |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Gatnaşyklar (ylalaşyk) predmeti | Kesgitlenilmeýär we öz islegi boýunça üýtgedilip bilner | Onuň üýtgemesiniň ady we guramaçylyk şertleri-niň görkezilmegi bilen anyk kesgitlenilýär. |
| Zähmet bahasy | Kwalifikasiýa yzygiderli-ligiň haky ulgamy bilen reglamentirlenen (ylalaş-ykdan daşary kesgitle- mäni göz öňüne tutýar) | Zähmetiň bazar konýuk-turasy we profsoýuz syýasaty esasynda meýle-tin ylalaşygyň netijesi hökmünde kesgitlenilýär. |
| Zähmetiň şertleri (iş | ZHK tarpyndan regla-mentirleme; toparlaýyn | Ylalaşyk netijesi hökmün-de kesgitlenilýärler |

| | | |
|---|---|---|
| **wagty, zähmet töleginiň tertibi, zähmet goragy we beýlekiler)** | **ylalaşykda, içki zähmet tertip – düzgüninde, sy-laglama barada tertipna-mada we beýleki görkezilen** | **we şertnamanyň bahasy bel-lenilinde söwda zady (predmeti) bolýarlar.** |
| **Zähmet netijeleri boýunça eýeçilik gatnaşyklary** | **Aýrylanlar ZHK boýunça zähmet netijeleri hökman hakyna tutýana degişli bolýar we işgär tarapyn-dan öndürilen önümden alnan girdejilerde işgäriň gatnaşmagy göz öňüne tutulmadyk** | **Kärhananyň girdejisine gatnaşmaklyga çenli bel- lenilip bilerler we şertna-manyň bahasynyň kesgit-lenilmesinde söwda zady (predmeti) bolup çykyş edýärler.** |
| **Zähmet boýunça sosial kepillikler** | **Iki tarap üçin hem hakyna tutma şertleri boýunça sosial kepillikleriň berk reglamentirlenen düzümi** | **Konstitusiýa kepillikleriň we profsoýuz talaplary-nyň berjaý edilmesi bilen taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýärler. we söwda zady (predmeti) bolýarlar** |

# VI BAP
# Nebit gaz pudagynda önümçilik harçlanmalaryň emele gelşi

## 6.1.Nebit gaz pudagynda önümçilik harçlanmalaryň emele gelşi.

Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmaty - önümi (işi, hyzmaty) öndürmeklik hereketinde peýdalanylýan tebigy resurslarynyň, çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň, esasy fondlaryň, zähmet resurslarynyň hem-de ony öndürmeklik we ýerlemeklik üçin edilýän beýleki harçlamalaryň gymmaty boýunça bahalandyrylmasyny öz içine alýar.

Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna aşakdakylar degişli bolýarlar:

- önümi (işi, hyzmaty) öndürmeklik bilen gös-göni bagly bolan çykdaýjylar;
- tebigy çig malyň peýdalynmasy bilen baglanyşykly çykdaýjylar (ýerleri rekultiwasiýalaşdyrmaklyga edilýän çykdaýjylar, suw hojalyk gurluşlaryndan senagat kärhanalary tarapyndan alynýan suw üçin tölegler we beýlekiler);
- önümçiligi taýýarlamak we özleşdirmek üçin edilýän çykdaýjylar, şol sanda gazyň we nebitiň gazyp alma pudaklarynda taýýarlyk işleri boýunça harçlamalar, täze kärhanalary, önümçilikleri, sehleri we agregatlary özleşdirme üçin edilýän çykdaýjylar (herekete getirýän çykdaýjylar) we beýl.;
- tehnlogiýanyň we önümçiligiň guralmasynyň kämilleşdirilmesi bilen baglanyşykly, şeýle hem önümiň hiliniň ýokarlanmasy, önümçilik hereketiniň dowamynda amala aşyrylýan peýdalanylmaklygyň uzak wagtlylygy, berkligi we beýleki häsiýetleri bilen baglanyşykly çykdaýjylar;
- önümçilik hereketine hyzmat etmeklik üçin (önümçiligi çig mal, materiallar, ýangyn, gurallar, gurluşlar we zähmet

serişdeleri, hem-de beýleki serişdeler bilen üpjün etme boýunça, esasy önümçilik fondlaryny iş ýagdaýynda saklamak boýunça - tehniki taýdan gözden geçirilmeklik we hyzmat etmeklik üçin, ýeňil we düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek üçin, sanitar - gigiýenik, ýangyna garşy we garawul goragynyň talaplaryny ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin we beýlekiler) edilýän çykdaýjylar;

- tejribe - synag işlerini geçirmek bilen, oýlap taplamalar we täzelik teklipler boýunça görnüşleri we nusgalary taýýarlamak, hem-de synagdan geçirmek , başdeşikleri, sergileri, gözden geçirişleri we ş.m. guramaklyk bilen baglanyşykly harçlanmalar;

- zähmetiň we tehniki howpsuzlygynyň bolmaly şertlerini üpjün etmek boýunça harçlanmalar;

- tebigy goramak hyzmatly fondlary çekme we peýdalanma bilen baglanyşykly gündelik harçlanmalar;

- önümçiligi dolandyrma bilen bagly bolan çykdaýjylar (kärhananyň dolandyrma apparatynyň we onuň gurluş bölümleriniň işgärlerini saklama, olaryň işini maddy-tehniki we ulag tarapyndan hyzmat edilme, önümçilik hereketi bilen baglanyşykly iş saparlaryna çykdaýjylar); dolandyrma tehniki serişdelerini: hasaplaýjy merkezlerini, aragatanyşyk uzellerini, signalizasiýa serişdeleri düzüw saklama we olara hyzmat etme, maslahat beriji, maglumat beriji we auditor hyzmatlarynyň tölegi baglanyşykly çykdaýjylar we beýlekiler;

- işgärleri taýýarlama we kämilleşdirme bilen baglanyşykly çykdaýjylar;

- önümçilik bilen meşgullanýan işgärleriň zähmetiniň tölenmesine edilýän harçlanmalardan ilatyň iş bilen meşgullylygynyň döwlet fonduna, döwletiň durmuşy atiýaçlandyrylmasy we pensiýlar boýunça tutumlar;

- hökmany medisina ätiýaçlandyrmasy boýunça tutumlar;

- sosial pudak we pudaklara býudžetden daşary fondlara kanuna laýyk geçirilýän tutumlar;

- önümi ýerleşdirme bilen baglanyşykly çykdaýjylar (gaplama, saklama, daşama, ýükleme-düşürme işleri we ş.m.);

- esasy fondlaryň gymmatyndan doly dikeldilmeklige amortizasion tutumlary görnüşinde önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan esasy fondlary gaýtadan döretmeklige edilýän çykdaýjylar;

- beýleki çykdaýjylar.

**Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyny emele getirýän çykdaýjylar** özüniň ykdysady mazmunyna laýyklykda aşakdaky elemetler boýunça tapawutlandyrylýarlar:

- material harçlanmalary (yzyna gaýtarylmaly galyndylaryň nyrhynyň aýrylmasy bilen);
- zähmet hakyny tölemeklige harçlanmalar;
- sosial zerurlyklara tutumlar;
- esasy fondlaryň amortizasiýasy;
- başga harçlanmalar.

″Material harçlanmalary″ bölüminde aşakda sanalyp geçilýän zatlaryň gymmatlyklary şöhlenenýär:

- esasyny emele getirmek bilen öndürilýän önümiň düzümine girýän ýa-da önümi öndürmeklikde (işi geçirmiklikde, hyzmaty etmeklikde) zerur komponenti bolup, gapdaldan alynýan materiallaryň gymmaty;

- normal tehnologik hereketini üpjün etmek üçin önümi (işi, hyzmaty) öndürmek prosessinde (hereketinde) ulanylýan satyn alma materiallaryň gymmaty;

- berlen kärhanada soň montaž ediljek ýa-da goşmaça işlenjek satyn alynýan ýygyndy önümleriň we polufabrikatlaryň gymmaty;

- tebigy çig - malyň gymmaty (mineral-çig mal esasynyň üznüksiz önümçiligine, ýerleri rekultiwasiýasyna tutumlar, suw üçin tölegler we ş.m.)

- gapdaldan alnyp tehnologik maksatlara harçlanýan ýangyjyň ähli görnüşleriniň, energiýanyň ähli görnüşlerini, öndürmäniň, jaýlaryň ýyladylmasynyň we ş.m. gymmatlyklary;

- kärhananyň tehnologik, energetik, hereketlendirji we beýleki önümçilik we hojalyk zerurlyklaryna satyn alynýan energiýanyň ähli görnüşleriniň gymmaty.

Material resurslaryň gymmaty olaryň edinmeklik nyrhlaryndan ugur alnyp emele gelýär.

″Zähmete hak töleme boýunça harçlanmalar″ elementinde işçilere we gullukçylara önümçilik üstünlikleri üçin sylaglaryň, höweslendiriji we öwezi dolandyrýan tölegleriň hasaba alynmasy bilen kärhananyň esasy önümçilik işgärleriň zähmete hak töleme üçin edilýän çykdaýjylar şöhlenendirilýärler.

″Sosial zerurlyklara bolan tutumlar″ elementde işgärleriň zähmetine hak tölenmä edilýän çykdaýjylardan döwlet atiýaçlandyrma edaralaryna, Pension fonduna, Döwlet meşgullylyk fonduna we medisina äýtiýaçlandyrylmasyna kanun tarapyndan kesgitlenen hökmany tutumlar şöhlenendirilýärler.

″Esasy fondlaryň amortizasiýasy″ elementde esasy önümçilik fonduny doly dikeltmäge amortizasion tutumlaryň jemi şöhlenendirilýär.

″Beýleki harçlamalar″ elementine önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatynyň düzüminde salgytlar, ýygynylar, býüdžetden daşary sosial fondlaryna tutumlar, iş saparlaryna harajatlar, işgärleriň guramaçykly toplamaklyga harçlanmalar, aragatnaşyk, hasaplaýjy merkezleriň hyzmatlarynyň tölegi we ş.m. harajatlar degişlidirler.

Önümiň (işiň, hyzmatyň) öndürilmesi we ýerlenilmesi bilen baglanyşykly harçlanmalar özüne düşýän gymmat meýilnama esaslandyrylanda hasaba alnanda we kalkulirlenende **harçlanmalaryň maddalary** bilen tapawutlandyrylýarlar.

**Önümiň özüne düşýän gymmatyna geçişine görä** ähli çykdaýjylar göni we gytaklaýyna bölünýärler. Göni çykdaýjylar - bu ol ýa-da beýleki görnüşindäki önümiň özüne düşýän gymmatyna göni degişli edip bolýan harçlanmalar degişlidirler - oturdyp çykylan turbalaryň gymmaty, burawlama enjamlarynyň we skwažynalaryň amortizasiýasy

we ş.m., ýa-da berlen tehnologik gurluşlaryň işi üçin zerur bolan çykdaýjylary - çig mala, materiallara, energetik harçlanmalary, enjamlaryň amortizasiýasy, esasy senagat-önümçilik işgärleriň gazanjy.

Nebiti we gazy gazyp alýan senagatda harçlanmalaryň uly bölegi göni harçlanmalara degişlidirler.

Göni harçlanmalardan tapawutlylykda gytaklaýyn harçlanmalar sehiň ýa-da kärhananyň ähli hereketi bilen baglanyşykly bolýarlar we şonuň üçin hem berlen önümçiik üçin häsiýetli bolan belli bir şertli alamaty esasynda önümiň ähli görnüşlerini arasynda paýlanylýar.

**Önümçilik hereketinde ykdysady wezipesi** boýunça esasy we goşmaça harçlanmalar tapawutlandyrylýarlar. Esasy harçlamalar tehnologik hereketiň amala aşyrylmasy bilen gös-göni bagly bolýarlar we önümçilik hereketinde harçlanylýan çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň harçlanmalaryny, esasy fondlaryň amortizasiýasyny, şeýle hem önümçilik işleriniň gazanjyny öz içine alýarlar.

Goşmaça harçlanmalar - bu önümçiligi dolandyrma we öňa hyzmat etme boýunça edilýän çykdaýjylardyr. Olara seh, umumy iş (umumy zawod), beýleki önümçilik we önümçilik däl çykdaýjylary degişlidirler.

**Önümçiligiň göwrümi bilen baglanyşyklyk häsiýeti** boýunça şertli - üýtgeýän we şertli-hemişelik harçlamalary tapawutlanýarlar.

Şertli -üýtgeýänler önümçilik göwrüminiň üýtgemesine deň bolup üýtgeýärler, emma olaryň önüm birligine bolan derejesi üýtgemän galýar diýen ýaly. Olara çig mala, materiallara, ýangyja, energiýa edilen çykdaýjylar degişlidirler. Şertli-hemişelik çykdaýjylar tersine, önümçiligiň göwrüminiň üýtgemegi bilen üýtgemeýärler diýen ýaly, önümiň birligine bolan olaryň derejesi bolsa üýtgeýär. Olara amortizasiýa tutumlary, sehiň apparatlaryny (işgärlerini) saklama, umumy iş (umumy zawod) çykdaýjylary we beýleki harçlanmalar degişlidirler.

**Emelli gelme ýeri** boýunça sehkleýin, önümçilik (zawod), doly we pudaklaýyn özüne düşýän gymmatlyklaryny tapawutlandyrýarlar.

Seh boýunça özüne düşýän gymmatlyk önümi öndürmeklik ýa-da işi amala aşyrylmaklyk bilen baglanyşykly sehiň harçlanmalaryny emele getirýär. Önümçiligiň özüne düşýän gymmaty sehiň harçlanmalaryndan başgada umumy önümçilik çykdaýjylaryny öz içine alýar. Doly özüne düşýän gymmatlyk önümçiligiň özüne düşýän gymmatyny we esasan hem önümi ýerlemeklik bilen bagly bolan önümçilikden daşary edilýän çykdaýjylardan emele gelýär.

Pudak boýunça özüne düşýän gymmatlyk berlen pudagynyň kärhanalarynyň özbaşdak harçlanmalarynyň ortaça hasabyny häsiýetlendirýär.

**Emele gelen wagty we önümçilige geçirilmesine görä** häzirki döwrüň we geljekdäki döwürleriň harçlanmalary tapawutlandyrylýar.

**Düzümi boýunça özüne düşýän gymmatlyk** diýlende - çykdaýjylaryň aýratyn elementiniň ölaryň umumy jemine bolan gatnaşygyna düşünilýär.

## 6.2. Nebit gaz işleriniň özüne düşýän gymmaty.

**Önümiň we gelogik gözleg işleriniň özüne düşýän gymmaty** bu gözleg kärhanalaryň işlerini ýerine ýetirmeklik (önümi öndürmeklik) üçin gös-göni çykdaýjylaryň pul görnüşlerinde aňlatdymasydyr.Geologiýa gözleg işleriniň smeta boýunça gymmatlygy,meýilnama boýunça özüne düşýan gymmatlygy we hakyky özüne düşýän gymmatlygy tapawutlandyrylýar.

**Smeta gymmatlyk** hereket edýän bolmaly möçberler (normalar) we nyrhlar boýunça tehniki taslamanyň esasynda hasaplanylýar.

**Meýilnama boýunça özüne düşýän gymmatlygy** smeta gymmatlygyndan meýilnama boýunça toplama jemine we

berlen döwürde geologiýa - barag işleriniň geçirilmesine çykdaýjylaryň meýilnama boýunça peselme ululygyna kem bolýar.

**Hakyky özüne düşýän gymmatlyk** berlen möçberdäki işleriň ýerine ýetirilmesi üçin geologiýa - gözleg kärhanasynyň hakyky eden çykdaýjylaryny häsiýetlendirýär.

Neit-gaz gözleg işleriniň özüne düşýään gymmatlygyna goşulýan çykdaýjylara aşakdakylar degişlidirler: önümçilik işçileriň we inžene-tehniki işgärleriň zähmet haky we onuň hasaplap çykarylyşy; meýdan üpjünçiligi; materiallaryň we elektroenergiýanyň gymmaty; esasy serişdeleriň amortizaasiýasy; gymmat bolmadyk we tiz tozulýan zatlaryň könelmegi; öz we daşardan goşmaça kömekçi önümçilikleriniň hyzmatlary; önümçilik transporty (ulagy) boýunça çykdaýjylar; önümçiligi dolandyrma we oňa hyzmat etme boýunça harçlanmalar.

Geologiýa-gözleg işleriniň özüne düşýän gymmaty nebit-gaz gözleg kärhanalarynyň iş hiliniň täsiri astynda hem-de işleriň geografik ýerleşine we onuň dag-maddan - geologik şertlerine bagly bolçasyndan emele gelýär.

Özüne düşýän gymmatlygyň düzümi we gurluşy nebite we gaza geologiýa işleriň dürli görnüşleri üçin birmeňzeş däldir.

Tehniki taýdan üpjünçiigiň ösmegi has kämilleşen we diýmek, has gymmat baha apparaturanyň peýdalanmasy geologiýa-gözleg işleriniň özüne düşýän gymmatlygyň amortizasiýa tutumlarynyň gurluşynda uly udel agramyna eýe bolýar.

Geologiýa-gözleg kärhanalaryň harçlanmalarynda materiallarda we elektroenergiýa edilýän çykdaýjylaryň möçberi uludyr.

Täze barylmasy kyn bolan ýerleriň özleşdirilmesi bilen baglylykda udel agramy ösýän ulag (transport) çykdaýjylary geologiýa-gözleg işleriniň özüne düşýän gymmatynyň gurluşynda aýratyn orna eýedirler.

Çuňňur gözleg burawlama - nebite we gaza geçirilýän geologiýa barlag işleriniň has gymmat görnüşidir.

Geologiýa-barlag işleriniň özüne düşýän gymmatlygyna düýpli täsir edýän esasy ýagdaýlara aşakdakylar degişlidirler:

- täze önümçilik fondlarynyň girizilmesi we bar bolan esasy fondlaryň kämilleşdirilmesi;
- geologiýa gözleg işleriniň döwürler boýunça geçirilmesini bellenilen yzygiderliginiň berk berjaý edilmesini;
- geologiýa gözleg işlerinniň alnyp barylmasyny esaslanan usulyýetiniň bolmasy;
- geologiýa ýumuşynyň ýerine ýetirilmesiniň hilini ýokarlandyrmak, tehnologik tertip-düzgünini berkitmek we hil derejesini berk barlamaklygy ýola goýmak;
- geologiýa barlag işleriniň proýektirlenmesiniň hilini ýokarlamak;
- geologiýa gözleg işleriniň territorial ýerleşinde süýşmeler (üýtgemeler);
- geologiýa gözleg kärhanalarynyň üpjünçiligini gurnamaklygy gowulandyrmak;
- tebigy şertleriň üýtgemegi;
- maddy resurslaryň nyrh derejesini we iş hakynyň derejesiniň üýtgemegi.

## 6.3. Burawlama işleriniň özüne düşýän gymmaty.

Skwažynalaryň gurluşygynyň özüne düşýän gymmatynyň emele gelmesi burawlamanyň bütin işleriniň toplumyny şöhlenendirýär.

Birinji döwür skwažynalaryň gurluşygyna taýýarlanyş işlerine edilýän çykdaýjylary öz içine alýar. Ikinji döwür minaranyň (wyşkanyň) gurluşygy we onuň ýanyndaky gurluşlary hem-de burawlama enjamlarynyň montažy bilen baglanyşykly. Üçinji döwür skwažynalaryň dik deşiginiň geçişine edilýän çykdaýjylary öz içine alýar, olar skwažynalaryň çuňlugyna, geçişiň şertlerine we ş.m.

baglylykda giň çäkde üýtgeýärler. Dördünji döwür gatlaklary biri-birinden aýyrmaklyga (skwažynalary berkitmä we sementlemä) harçlanmlary öz içine alýar. Bäşinji döwür nebitiň we gazyň akymyny barlama bilen baglanyşykly. Altynjy döwür enjamlaryň we minaranyň (wyşkanyň) sökülip aýrylmasyna edilýän çykdaýjylary öz içine alýar.

Burawlamada geologiýa gözleg işlerindäki ýaly skwažyna gurluşygynyň smeta gymmatyny, geçiş metriniň meýilnama boýunça smeta gymmatyny we geçiş metriniň hakyky özüne düşýän gymmatyny tapawutlandyrylýar.

Skwažynanyň smeeta gymmatyny kesgitlemek üçin alty sany smeta-maliýe hasaplaşygy we umumy smeta hasaplanylýar. Geçiş metriň meýilnama boýunça smeta gymmatlygy smeta gymmatynyň burawlamatizligini üýtgemesiniň we skwažynanyň çunlugynyň koeffisiýentlrine gönüklendirilmesi bilen hasaplanylýar.

Burawlama işleriniň özüne düşýän gymmaty skwažynalary burawlamanyň birnäçe aýratynlygynda emele gelýär:

- skwažynalaryň dürli görnüşliliginde;
- skwažyna gurluşygynyň dürli döwürlerinde iş düzüminiň we çykdaýjylaryň dürliginde;
- skwažynalaryň çuňlaşma derejesine görä burawlama şertleriniň üýtgemesinde;
- burawlama frontunyň süýşýänliliginden (göçmeliliginden).

Skwažyna gurluşygynyň özüne düşýän gymmatynyň derejesine we düzümine şol bir wagtyň özünde ýagdaýlaryň çylşyrymly toplumuny täsir edýär: geologiýa we ykdysady-tehniki şertler, iş önümleriň tehniki we guramaçylyk derejesi.

Skwažynalaryň gurluşygynyň özüne düşýän gymmatyny emele getirýän harçlanmalary şeýle bölümlere we kalkulýasiýa maddalaryna toparlanyrylýalar.

## 1-nji bölüm

## Skwažynalaryň gurluşygyna taýýarlyk işleri

Kalkulýasiýasynyň bu bölümi tokaýçapma işlerine, burawlama üçin meýdançalary meýilnamalaşdyrylma (planirowka), ertýän ýol gurluşlaryna, turbogeçirijileriň çekilmesine we sökülmesine, kuwwat, ýagtylyk we telefon liniýalaryň çekilmesine, suw skwažynalaryň burawlamasyna harçlanmalary birleşdirýär.

## 2-nji bölüm

## Ýer üstündäki gurluşlaryň gurulmasyny we sökülmesi, enjamlaryň montažy we sökülmesi

Bu bölüm burawlama minaralarynyň, onuň ýanyndaky binalaryň, ýyladyş jaýlarynyň gurluşygy (göçürilmesi) boýunça, burawlama enjamlaryny we ýyladyş gurluşlarynyň montažy (düzülmesi) we sökülmesi boýunça harçlanmalary öz içinde alýar.

## 3-nji bölüm

## Skwažynalary burawlama

Bu bölümde skwažynalaryň geçmesi we olaryň berkidilmesi boýunça çykdaýjylar jemlenen. Olar şeýle maddalar we kalkulýasiýalara bölünýärler:

1. Materiallar: töwerege oturdylýan turballar, tamponaž sementi, toýun, ýuwulýan suwuklygy himiki ýol bilen işläp taýýarlama üçin reagentler, agraldylyjy, tehniki suw we başga.
2. Esasy iş haky . Bu madda boýunça burawlama toparllarynyň işçileriniň esasy iş haky, skwažynalaryň geçiş we

berkidilme wagty dowamynda ýuwulýan suwuklary taýýarlama boýunça işçileriň esasy iş haky görkezilýär.

3. Burawlama ejamlaryň we gurluşlarynyň peýdalanmasy boýunça harçlanmalar.

4. Ulag (transport) harçlanmalary. Bu madda skladlardan ýa-da edaralardan (bazalardan) burawlama ýerlerine ýükleri ertmek boýunça, wahtalary alyp barmak boýunça, şeýle hem burawlama hyzmat etmede ulanylýan dürli ownuk materiallary alyp barmak üçin peýdalanylýan hyzmat ediş transportyny saklamak boýunça çykdaýjylary öz içinde alýar.

5. Energetik harçlanmalary. Bu madda dürli görnüşindäki energiýanyň peýdalanmasy bilen baglanyşykly.

6. Kömekçi önümçiliginiň we gapdaldan edilýän beýleki hyzmatlar we beýleki çykdaýjylar.

## 4-nji bölüm

## Skwažynalaryň öndürijiligini barlamak

Kalkulýasiýasynyň bu bölüminde skwažynalaryň öndürijiligini barlamak boýunça ähli edilýän çykdaýjylar jemlenilýär.

Gazyp alyş senagat kärhananyň geofiziki işleri.Bu madda skwažynalarda gazyp alyş senagat kärhananyň geofiziki barlagynyň harçlanmalaryny öz içine alýar.

Goşmaça çykdaýjylar- bu buraw işleri dolandyrma,gurnama we oňa hyzmat etme boýunça umumy harçlary.Olar bütüw buraw kärhanalaryň işi bilen baglaşylan we öz içine alýarlar:administratiw-hojalyk çykdaýjylary(buraw işleriniň dolandyrma apparatyny (işgärlerini) saklama we ş.m.);işçileri hyzmat etme boýunça çykdaýjylary;işi gurnamak we öndürmek boýunça çykdaýjylary;önümçilik däl çykdaýjylary-hojalyk şertnama düzgünleri bozmak boýunça jerimeler we ş.m.

Burawlamada harçlanmalary burawlama wagtyna we burawlamanyň göwrümine bagly bolýan çykdaýjylara bölýärler.

Burawlama wagtyna bagly bolýan çykdaýjylar skwažynalaryň burawlamasynyň dowamlylygyna deň üýtgeýär. Olara aşakdakylar degişlidirler: burawlama toparlarynyň iş haky, burawlama enjamlaryny saklamaklyga edilýän çykdaýjylar, burawlama enjamlarynyň amortizasiýasy, ýörite transport (ulag) we beýlekiler. Harçlanmalaryň bu topary burawlama edilýän ähli çykdaýjylaryň 60-80% öz içine alýar. Üstensine-de skwažynalaryň çuňlugynyň ösmegi bilen wagta bagly bolan çykdaýjylaryň udel agramy ýokarlanýar. Burawlamanyň göwrümine bagly bolan harçlanmalar skwažynalaryň çuňlugy we gurluşy bilen ululygy kesgitlenilýär: dolota, semente, oturdylýar turbalara edilýän harçlanmalar.

Aýratyn etraplar we aýratyn maksatlar boýunça çuň gözleg burawlamanyň özüne düşýän gymmatlylygynyň gurluşy ep-esli derejede üýtgeýär, emma wagta bagly bolan harçlanmalar ähli ýagdaýlarda agdyglyk edýärler. Şonuň üçin bu çykdaýjylary peseltmäge mümkinçilik berýän burawlamanyň tizligini ýokarlandyrmaklyk burawlama işleriniň özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyň esasy usuly bolup çykyş edýär.

Şol bir wagytda harçlanmalaryň bir bölegi burawlamanyň göwrümine bagly bolýar - oturdylýan turbolaryň, dolotlaryň, sementiň gymmatlyklary, burawlama turbolaryň könelmesi.

Özüne düşýän gymmatlygy azaltmaklygyň esasy ýollary - bu burawlama tehnikasynyň we tehnologiýasynyň kämilleşdirilmesidir, önümçiligiň we zähmetiň guralmasydyr.

## 6.4. Nebiti we gazy gazyp almaklygyň özüne düşýän gymmaty.

Nebiti we gazy gazyp almaklygyň özüne düşýän gymmatynyň emele gelmesi geologiýa gözleg işleriniň,

ýataklardan peýdalanmanyň, skwažynalardan ulanylmanyň çylşyrymly we köpdürli prosessleriň toplumyny bilen bütinleý bagly bolýar. Şol bir wagtyň özünde nebitiň we ugurdaş gazyň gazylyp alynmasynyň hem-de skwažynalardan peýdalanmanyň dürli usullarynyň ulanmasy (çüwdürimli, kompressorly, çuňluk-nasosly) nebitiň we gazyň gazylyp alynmasynyň özüne düşýän gymmatynyň emele gelmesiniň möhüm aýratynlyklary bolup durýarlar.

Nebit we gaz ýataklarynyň tapylmasynyň we peýdalanmasynyň tehniki-ykdysady aýratynlyklary nebiti we gazy gazyp almaklyk bilen baglanyşykly çykdaýjylaryň maddalarynyň atlarynyş (nomenklaturasynyň) jemini kesgitleýär.

1. Nebiti çykarma üçin energiýa harçlanmalary.

2. Gatlaga emele usul bilen täsir etme boýunça harçlanmalar umuman gatlaga täsir etme ýoly bilen nebiti gazyp almagy güýçlendirmek boýunça işleri amala aşyrmaklyk bilen baglanyşykly. Bu harçlanmalar gatlak basymyny saklama sehlerinde meşgullanýan işgärleriň iş hakyndan, nasoslap suw ýygnamanyň, gapdaldan gysylan howanyň ýa-da gazyň gymmatlyklaryndan, gysyp toplaýjy skwažynalaryň we beýleki esasy serişdeleriň amortizasiýasyndan we beýleki çykdaýjylardan emele gelýärler.

3. Önümçilik işçileriň iş haky.

4. Sosial atiýaçlandyrma bolan tutumlar esasy we goşmaça iş hakynyň jemi boýunça normalar (bolmaly möçberler) bilen kesgitlenilýär.

5. Skwažynalaryň amortizasiýasy.

6. Nebiti we gazy ýygnama we ulag bilen gerekli ýere alyp barma boýunça harçlanmalar nebiti we gazy ýygnama we ulaglama (daşama) sistemalaryndan peýdalanma boýunça çykdaýjylardan emele gelýärler.

7. Nebiti tehnologik taýdan taýýarlama boýunça harçlanmalar nebiti dürli usullar bilen taýýarlama üçin çykdaýjylary öz içine alýarlar.

8. Önümçiligi taýýarlama we özleşdirme üçin harçlanmalar işlenilmä täzeden girizilýän meýdançalarda nebiti gazyp alýan täze edaralaryň gurnalmasy bilen baglanyşykly taýýarlanyş işlerine edilýän harçlanmalar ybarat bolýarlar.

9. Enjamalaryň saklama we olardan peýdalanma üçin harçlanmalar tehnologik we energetik enjamlaryny - çüwdürim armaturalary, nasos-kopmressor turbolary, çunluk - nasos ştangalary, yralýan stanoklar, eksplutasion minarallary we maçtalary, çümdirilen elektronasoslary, yralýan stanoklara we toparlaýyn herekete getirijilere elektrohereketlendirijileri, deňiz estakadalary. saklamaklyga we olardan peýdalanmaklyga edilýän çykdaýjylary birikdirýärler.

10. Umumy önümçilik harçlanmalary inžener-tehniki gulluklaryny saklamaklyga, önümçilik prosessleriniň awtomatlaşdyrylan we telemehanizimleşdirilen serişdelerinden, umumy önümçilik maksatly gurluşlardan we inwentardan peýdalanmaklyga, umuman nebiti gazyp alyş edaralaryny saklamaklyga, şeýle hem, umumy önümçilik maksatly beýleki çykdaýjylary öz içine alýar.

11. Beýleki önümçilik harçlanmalary geologiýa-gözleg işlerine edilýän tutumlary, ylmy-işleri üçin çykdaýjylary öz içine alýar.

Ýokarda sanalyp geçilen kalkulýasiýa maddalary boýunça ähli harçlanmalar umuman önümiň önümçiliginiň özüne düşýän gymmatyny emele getirýärler. Bu çykdaýjylardan başga-da nebit we gaz alynmasynyň özüne düşýän gymmatyna önümçilikden daşary harçlanmalar hem girýärler.

Şertli-hemişelik harçlanmalar - skwažynalaryň we beýleki esasy fondlaryň amortizasiýasy, seh we umumy iş çykdaýjylary, gazanç (iş haky), önümçiligi taýýarlama we ony özleşdirmä, enjamlary saklama we ondan peýdalanylma edilýän harçlanmalar nebiti gazyp alma senagatynyň özüne düşýän gymmatynda uly udel agramy bilen häsiýetlendirýärler.

Gurluşyň bu aýratynlygy, esasan hem, nebiti we gazy çykarylmasynyň göwrüminiň ösmegi netijesinde özüne düşýän gymmaty azaltmaklyga ýardam edýär.

Etraplar boýunça nebitiň we gazyň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy tebigy - geologik aýratynlyklary bilen bagly bolýan uly tapawutlyklara eýedirler.

Nebit gatlagynyň gurluşy hem nebiti gazyp alynmasynyň özüne düşýän gymmatynyň ýagdaýyna we peýdalanylmanyň umumy netijesine ep-esli derejede täsir edýär.

Skwažynalaryň arasynda aralyga (uzaklyga), peýdalanylmanyň möhletine, nebitiň çykarylyşynyň gündelik ýagdaýyna we onuň ýerastlardan alnyş derejesine görä nebit gatlagynyň gurluşynyň görnüşi özüne düşýän gymmatlykda şöhlenilýär (oňa täsir edýär). Has uly nebit berijiligi bilen tapawutlanýan basyş işleýiş düzgünli (kadaly), aýratyn hem suw batlandyryjyly görnüşindäkisi has tygşytly bolýarlar. Şonuň üçin has pes netijelikli režimleri (işleýiş kadalary) gatlaga suw ýa-da gaz ýygnama usuly bilen emeli batly režimlere (işleýiş kadalara) çalyşylmagy nebit alynmagy ýokarlandyrýar we ähli tehniki-ykdysady görkezijileri gowulandyrýar. Skwažynalaryň çuňlugy - peýdalanma ykdysadyýetiniň wajyp ýagdaýlarynyň biridir. Skwažynalaryň çuňlugynyň artmasy bilen skwažynalary burawlamaklyk we enjamlaşdyrmaklyk kapital goýumlary artýar, bu bolsa skwažynalaryň we beýleki esasy fondlaryň amortizasiýasyna täsir edýär.

Çuň skwažynalardan peýdalanylmaklyk zähmet hakyna, energiýa, esasy fondlaryň ýeňil abatlaýyş eşlerine harçlanmalaryň ýokarlanmasy bilen we gatlaklaryň peýdalylygynyň artmasy bilen tapawutlanýar.

Gatlakdan skwažynalaryň sütümine nebit we gaz bilen bile çägäniň ep-esli bölegi, parafin çökündileri, skwažynalarda korrodirleme häsiýetli sreda, nebit ýataklarynyň deňizde ýerleşmegi we beýlekiler peýdalanylýan tehnika hem-de geçirilýän işleriň guralmasyna we diýmek nebiti we gazy gazyp

almanyň özüne düşýän gymmatyna ep-esli derejede täsir edýärler.

Çäge dykylarynyň aýrylmasy boýunça işler skwažynalaryň işsiz durmaklaryna, nebitiň alynmaklygynyň peselmesine alyp barýar we ep-esli derejedäki harçlanmalary talap edýärler.Nassos-kompressor turbolarynyň, nasos ştangalarynyň, çuňluk nasoslarynyň, nebit geçiriji turbolaryň we beýlekileriň gatlak suwyndan poslap dargamasy (karroziýasy) hem nebit alynmanyň ykdysadyýetie täsir edýär. Nebit gatlaklarynyň we skwažynalaryň öndürijiliinginiň özüne düşýän gymmatynyň derejesini we beýleki ykdysady görkezijilerini kesgitleýän esasy sebäpleriň biri bolup çykyş edýär. Ol tebigy şertleriň toplumyna, nebit alynmanyň tehnikasynyň we tehnologiýasynyň derejesine bagly bolýar.

Nebit ýataklaryndan peýdalanylma - ulanylma şertleriniň üýtgemesinde we nebiti gazyp almanyň ähli görkezijileriniň ýaramazlaşmasynda uzak wagtyň dowamynda bolup geçýän çylşyrymly önümçilik prosessidir.

Nebiti we gazy gazyp almanyň özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyň esasy ýollary - tehniki progress, önümçiligiň we zähmetiň guralmasynyň kämilleşdirilmesi, geologiýa - gözleg işleriniň, ygtybarlylygyny skwažynalaryň we nebit kärhanalaryň enjamlarynyň berkligini ýokarlandyrmakdyr.

Materiallara, ýangyja we energiýa çykdaýjylaryň kemeldilmesi nebiti we gazy gazyp çykarmaklygyň özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyň wajyp ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär. Çykdaýjylary kemeltmeklik, hususan hem materiallara, gatlaklaryň nebit berijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen nebit gatlaklara emeli usul bilen täsir etmäniň kämilleşdirilmegi we giňelmegi bilen amala aşyrylýar.

Energetik harçlanmalary kemeltmeklik aşakdaky 2 topara birikdirilen işleriň ýerine ýetirilmesi bilen üpjün edilýär.

1. Tehnologiýa täzelikçiligiň girizilmesi we önümçilik hereketleriniň guralmasynyň gowulandyrylmasy.

2. Energiýa üpjünçilik sistemasyna täzelikçiligiň girizilmesi.

Energiýa güýjünden peýdalanmaklyklygy kadalaşdyrmak, hasaba almak, gözegçilik etmek energiýa harçlanmalarynyň tygşytlanmasynyň wajyp şerti bolup durýarlar.

Nebit senagat tehnikasyny we beýleki esasy fondlary, ylaýta-da skwažynalary, nebiti çykarmak üçin maşynlary we enjamlary, turbogeçirijileri ýokary derejede öndürijilikli peýdalanmaklyk nebiti we gazy gazyp çykarmanyň özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyň möhüm çeşmesidir.

## 6.5. Nebit önümleriniň özüne düşýän gymmaty.

Nebit önümleriniň özüne düşýän gymmaty - nebiti gaýtadan işläp çykarýan önümlerini tapawutlandyrýan käbir aýratynlyklaryň şertlerinde emele gelýär. Olara çykarlýan nebit önümleriniň görnüşleriniň dürli-dürlidigi, aýratyn tehnologik taýdan özara baglanyşan hereketleriň (prosessleriň) ulanylmasy we olaryň kompleksleýin häsiýeti, gaýtadan işleme prosesleriň himiýalaşdyrylmasy degişlidirler.

Ýangyç, ýangyç-ýagly we ýangyç-nebit-himiki shemalar nebiti gaýtadan işläp çykarma önümçiliginiň esasy tehnologiki shemalarydyr. Nebiti gaýtadan işläp çykarmanyň shemasynyň üýtgemegi bilen peýdalanma harçlanmalaryň möçberi we önümiň özüne düşýän gymmaty üýtgeýär.

Nebiti gaýtadan işläp çykarma we nebit-himiýa senagatynda özüne düşýän gymmatyň gurluşynyň aýratynlygy bu çig mala we energiýa edilýän çykdaýjylaryň, uly udel agramynyň bolmasydyr, ol nebiti gaýtadan işläp çykarmanyň umumy çykdaýjylarynyň 90%-ne barabaryny emele getirýär. Nebiti gaýtadan işläp çykarma we nebit-himiýa senegatynyň önüminiň özüne düşýän gymmatynyň ikinji bir aýratynlygy bu ýütgeýän harçlanmalaryň ýokary ululygydyr (85-90%).

Nebit himiýa önümleriniň önümiliginiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy dürli-dürlidir, sebäbi olar material, energiýa we kapital talap edijiligi boýunça tapawutlanýarlar. Polimerleriň köpüsiniň öndürilmesine çig malyň uly

çykdaýjylary edilýär. Monomerleriň önümçiligine çig mala edilýän harçlanmalar pesräk, emma energýa goşmaça materiallara, amortizasiýa we ýeňil abatlaýyş işlerine harçlanmalar güýçli ösýär.

Nebiti gaýtadan işläp çykarma önümleriniň özüne düşýän gymmatynyň gurluşyny hasaba almak bilen, onuň (özüne düşýän gymmatyň) has peselmesini çig maldan peýdalanylmanyň gowulandyrylmasy netijesinde alyp bolýar. Munuň üçin çig maly gowy saýlama we taýýarlamak, onuň düzümini durnukly etmek (stabilleşmek), tehnologik rejäni kämilleşdirmek we durnukly etmek, katalizatory dogry saýlamak, has arzan çig maly ulanmak, ozalky prosesslerde (hereketlerde) onuň önümçiligini arzanlatmak, goşmaça alynýan önümleri oýlanyşykly peýdalanmak zerurdyr.

Hereket edýän önümçilik güýçleriniň (kuwwatynyň) öndümli we san taýdan (ekstensiw) peýdalanylmasy ýokarlandyrmak önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmesini wajyp çeşmesidir. Birmeňzeş tehnologik gurluşlaryň iş görkezijileri ýyl dowamynda we kärhanalar boýunça bir sutkadaky öndürijiligiň üýtgeýşini takyklaýar. Bu çig malyň düzüminiň we hiliniň durnuksyzlygy, tehnologik rejäniň tapawutlygy, hyzmat edýän toparlaryň kämilligi bilen döreýär. Diýmek, çig malyň düzüminiň stabilleşdirmesi (durnukly edilmesi), tehnologik rejäniň kämilleşdirmesi hereket edýän önümçilik kuwwatynyň peýdalanylmasynyň öndümliligini artdyryp bilýär, bu bolsa önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmesine ýardam edip biler.

Tehnologik desgalaryň işiniň dowamlylygy birinji nobatda geçirilýän abatlaýyş işleriň aralygy bilen kesgitlenilýär. Köplenç tehnologik desgalar çig malda bar bolan duzlaryň we kükükrtli birleşmeleriniň täsiri astynda apparatynyň we turbogeçirijileriň korroziýasy (dargamasy) sebäpli, turbodan edilen peçlerde we beýleki apparatlarda koks emele gelmesi zerarly, hapalanma we şorlanma netijesinde ýyllyk alyşyk apparatlarynda ýylylygyň geçirilmesiniň ýaramazlaşmasy

sebäpli abatlaýyş işleriniň geçirilmesi üçin işsiz durýarlar. Bu sebäpleriň netijesindäki işsiz durmalar çig-malyň ýeterlik derejede taýýarlanmadyklygy tehnologik iş kadasyny (režimini) berjaý edilmezligi, käbir awtomatlaşdyrylan serişdeleriniň bolmazlygy we ş.m. bilen bagly bolup bilýär.

Hereket edýän güýçleriň san taýdan (ekstensiw) peýdalanmasy artdyrmak abatlaýyş işleriniň guralmasynyň gowulandyrylmasynyň üsti bilen şolar sebäpli işsiz durmalary azaltmak bilen amala aşyrylyp bilner. Tehniki ösüş (progress) önümiň özüne düşýän gymmatyny azaltmaklygyň esasy bolup durýar. Kuwwatly, utgaşdyrylan (kombinirlenen) desgalar gurnalanda, kapital harçlanmalar peselýär, diýmek, amortizasiýa, abatlaýyş işleri we ş.m. ýaly maddalar boýunça önümiň özüne düşýän gymmaty hem azalýar. Desgalaryň işiniň durnuklylygyny (üznüksiz önümçiligini) ösdürmek netijesinde önümçigiň awtomatlaşdyrmasyny kämilleşdirmeklik önüm öndürmäniň ösüşini, energiýanyň we maddy-tehniki serişdeleriň harçlanma möçberiniň kemeldilmesi üpjün edýär netijede, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýär.

Energiýa harçlanmalarynyň kemeldilme mümkinçilikleri ýylylyk çeşmelerinden, şol sanda gaýtadan alynýan energiýa çeşmelerinden - tüsse gazlaryndan we gyzgyn nebit önümlerinden ýokary derejede peýdalanylmasyna, ýylylyk üpjünçiliginiň kämilleşdirilmesine, howa bilen sowadyş apparatynyň girizilmesine, energoresurslaryň progressiw harçlanma moçberini girizilmesine hem bagly bolýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatyny ep-esli azaltmagyň mümkinçilikleri önümçilige hyzmat etme we ony dolandyrma edilýän çykdaýjylaryň peselmesine baglydyr.

## 6.6. Nebiti we gazy daşama we saklama gurluşynyň (sistemanyň) özüne düşýän gymmaty.

Nebitiň we gazyň transportynyň (ulagymynyň) özüne düşýän gymmatynyň gurluşynda esasy paý amortizasiýa

harçlanmasyna düşýär (50%-den köpräk), elektropriwodlar bilen abzallaşdyrylan kompressor stansiýalary gazyň transportynda ep-esli derejede energiýa harçlanmalaryň paýy ýokarlanýar. Ondan başga-da önüm öndürilme prosessi bolman, diňe onuň ýeriniň üýtgedilemsini amala aşyrylýandygy sebäpli bu gurluşda çig mala edilýän çykdaýjylar gurluşynyň beýleki bir aýratynlygy - bu daşalýan nebitiň we gazyň göwrümine bagly bolmaýan, ýagny şertli-hemişelik harçlanmalaryň agdyklyk etmegidir, olara hasaplap çykarmalar bilen iş haklary, esasy fondlaryň amortizasiýasy, müdiriýet dolandyryş harçlanmalary, jaýlary, gurluşlary, inwentary saklamaklyga transport harçlanmalaryň, beýleki umumy hojalyk we ş.m. harçlanmalaryň ep-esli bölegi degişlidir. Bu harçlanmalar ähli peýdalanylma çykdaýjylaryň 80-85% barabaryny emele getirýärler.

Nebiti we gazy daşamanyň göwrümine bagly bolýan harçlanmalara (şertli-üýtgeýänlere), esasan hem reagent harçlanmalary, energetik çykdaýjy we nebit hem-de gazyň ýitgileri degişlidirler. Eger reagentiň harçlanmasy we gaz geçirijide gazyň ýitirilmesi onuň daşalýan göwrümine deň köpelse, onda gazyň daşalma göwrümine garanda energetik harçlanmalar hemişe ýokary derejede köpelýärler we kompressor stansiýalaryň agregatlaryň işini bellenilen režimine (iş kadasyna) hem-de dykyzlanma derejesine bagly bolýar.

Nebiti we gazy daşamada harçlanmalaryň garalyp geçilen düzüminden tapawutlykda nebit üpjünçilik sistemasynyň dolanyşygynyň harçlanmalaryň düzümi ep-esli derejede tapawutlanýar we şeýle çykdaýjylary öz içine alýar:

- nebit bazalaryň, suwuklyk guýulýan punktlaryň (ýerleriň), maşynlara ýangyç guýma ýerleriň harajatlary (transport ugrundan harytlary getirme we göýberme boýunça; sklad ugrundan - sklad işgärleriň iş haky, sklad jaýlaryny we gurluşlaryny saklamaklyk we olardan peýdalanmaklyk üçin harçlanmalar; göteriji - transport mehanizimleri we sklad

enjamlary saklama we olardan peýdalanma üçin edilýän çykdaýjylar, ýeňil abatlaýyş işleri boýunça harçlanmalar; gap boýunça edilýän çykdaýjylar; dolandyryş apparatyny saklama üçin edilýän çykdaýjylar; nebit önümlerini kabul etme we iberme boýunça harçlanmalar; beýleki saklad çykdaýjylary).

- önümçilige degişli bolmadyk harçlanmalar (ýolda we saklamada azalma normasynyň (möçberiniň) çäginde harydyň ýetmezligi we ýetirilmegi)
- ýolda we saklamada kemelme möçberinden artyk harydyň ýetmezligi we ýitirilmegi;
- barmaly ýeriň franko-stansiýa nyrhy bellenilen nebit önümlerini daşama boýunça harçlanmalar (demir ýol, suw we beýleki tarif, nebit önümlerini nasoslap guýmak bilen bagly bolýan harçlanmalar).

Önümçiligiň harçlanmalarynyň peseldilmesi - nebit we gazyň daşalmasy hem-de saklanmasy sistemasynyň işiniň esasy hil häsiýetlendirmeleriniň biri bolup durýar. Maddy tehniki we ýangyç - energetik resurslaryň ähli görnüşleriniň tygşytlanmasy olaryň azaldylmasynyň wajyp rezerwidir. Bu bolsa esasy nebit gaz geçirijileriň iň amatly töleýiş düzgüniniň we kompressorlaryň herekete getirijisiniň görnüşleriniň saýlanylmasynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Önümçilik prosessleriniň awtomatlaşdyrylmasy we telemehanizirilenmesi hyzmat edýän işgärleriň sanynyň ep-esli derejede azalmasyna alyp barýar, bu bolsa öz gezeginde daşalýan önümiň birligine iş hakynyň tygşytlanmasyny, şeýle hem ortaça iş hakynyň ýokarlanmasy bilen deňeşdirilende zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň ozmagyny üpjün edýär.

Önümçiligiň harçlanmalrynyň umumy möçberinde önümçiligi dolandyrma we oňa hyzmat etme bilen bagly bolan çykdaýjylar uly udel agrama eýedirler. Olaryň gös-göni tygşytlanmasy, şeýle hem önümçiligiň göwrümine garanda olaryň ululygy haýal ösýänligi hasabyna tygşytlanma - özüne düşýän gymmatyň azalmasynyň ep-esli derejedäki rezerwi.

Nebitiň we gazyň ulagyna harçlanmalaryň gurluşynda şertli-hemişelik çykdaýjylaryň agdyklyk etmegi daşalýan nebitiň we gazyň birliginde çykdaýjylaryň azalmasynyň möhüm şertidir. Şeýlelikde, nebitiň we gazyň ulag gurluşynyň hyzmat ediş mümkinçiliginiň doly ulanylmasy, olaryň öndürilmesiniň artmasy - özüne düşýän gymmatlygyň azaldylmasynyň esasy rezerwi, ýagny nebitiň we gazyň ulaglarynyň möçberiniň ýokarlandyrylmasynda çykdaýjylaryň esasy elementleri tygşytlanmasa-da özüne düşýän gymmatlygyň peselmesi gazanylýar.

Esasy fondlaryň has gowy peýdalanylmasy hem özüne düşýän gymmatynyň peselmesini üpjün edýär. Özüne düşýän gymmaty nebitiň we gazyň daşalmasynda olaryň ýitirilmesiniň kemeldilmegi hasabyna hem özüne düşýän gymmaty azaldyp bolýar. Bu bolsa esasy nebit we gaz geçirijisine hyzmat edilişiň gowulandyrylmasy bilen, öz wagtynda nebitiň we gazyň akyp, syzmasynyň öňüniň alynmasy bilen amala aşyrylýar.

# VII BAP
# Kärhanada nyrhyň emele gelmesi

## 7.1. Nyrh syýasaty.

Bazara iberilýän harytlar we hyzmatlar babatynda nyrh syýasatynyň emele gelmegi kärhana hereketiniň bir emele getiriji bölegi bolup durýär. Ýurduň ykdysadyýetiniň kadaly hereketde bolmagy arasynda möhüm orny eýeleýän nyrhlar bar bolan, tyçaglar ulgamyny ulanmaklygy talap edýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrhlaryň ähmiýeti örän uludyr. Nyrh önümçiligiň gurluşyny we göwrümini maddy akymlaryň hereketini kesgitleýär, satuwyň, girdejiniň, önümiň peýdalylygynyň, şeýle hem tutuş kärhananyň peýdalylygynyň rowaçlanyşyna täsir edýär.

Nyrh-alyjynyň haryda çalşyp, satyja töleýän pul jemi. Ol talap edijilikli haryt bazarlarynyň we senagat önüminiň bazarlarynyň hereketde bolmagynyň guraly bolup durýar.

Kärhananyň nyrh syýasaty – köp meýilnamaly düşünjedir. Kärhana nyrhy diňe bellemeýär-de, öndürilýän önümiň doly assortimentini öz içine alýan, şeýle hem, önümçiligiň we satuwyň harçlanmalaryndaky tapawutlyklary, dürli geografik sebitleriň ulanyjylar toparlaryny, talap derejeleriniň aýratynlyklaryny, haryt talabynyň möwsümliligini we ş.m. hasaba alýan özüniň nyrhyň emele gelme ulgamyny döredýär. Kärhananyň nyrh syýasatyny (NS) şeýle görnüşde görkezip bolar (surat 7.1.)




**7.1.sur. Kärhanayň nyrh syýasaty.**

Nyrh syýasatynda kärhanayň kesgitleýän maksatlary – bazardaky ýagdaýyny saklamak, önümiň ähli nomenklaturasy (jemi) boýunça – girdejini ýokarky derejä ýetirmek, önüm satuwyny has ösdürmek, bazarda öňde baryjylygy gazanmak we ş.m.

Nyrh syýasatynyň ýörelgeleri –goýlan kapitalyň birligine girdejiniň tabşyrylan ululygyny gazanmak, bazarda durnukly ýagdaýy üpjün etmek, satyn alyjylyk talaby güýçlendirmek, döwlet kanunlaryny berjaý etmek.

Nyrh syýasatyny amala aşyrma görnüşleri – nyrhlaryň durnuklylygyny saklamak, nyrhlary üýtgetmek, ýeke-täk nyrhlary bellemek, üýtgeýän (çeýe) nyrhlary ulanmak.

Nyrh syýasatyny amala aşyryş usullary – görkezilen nyrhy harytlaryň köpçülikleýin tabşyrylmasy bilen üpjün etme; bazary giň gerimde eýeleme, güýçli talaba garaşma, önümiň täze görnüşlerine gysgawagtlaýyn nyrhlary galdyrmak bilen “gaýmagy ýygnama”.

Nyrh syýasatyny kesgitleýän ýagdaýlar – talap, teklip, döwletiň salgyt syýasaty, bäsdeşler, inflýasiýa.

Bazar şertlerinde kärhanalar nyrh syýasatyny anyk kesgitlemelidir we öndürýän önümine bellenilýän nyrhlaryň sebäplerini hasaba almalydyr. Öz harytlaryňa başlangyç nyrhlaryň hasaplanyş usulyna eýe bolmak hem zerur. Bu usul şeýle döwürlerden bolup biler:

- nyrhy emele getirmek meselelerini goýmak;
- talaby anyklamak;
- çykdaýjylary bahalandyrmak;
- bäsdeşler harytlarynyň nyrhlaryna we hillerine gatnaşyk;
- nyrhy emele getirme usulyny saýlamak;
- ahyrky nyrhyň bellenilmesi.

## 7.2. Nyrhyň ýerine ýetirýän hyzmatlary.

Nyrhyň ilkinji hyzmaty – ölçeg. Nyrhyň kömegi bilen harydyň gymmadyny ölçäp, kesgitlep bolýar, ýagny haryt üçin alyjynyň nähili pul mukdaryny tölejegini, satyjynyň bolsa aljagyny anyklap bolýar. Nyrhlar önüm birligine mukdar taýdan baha berilmesine, şeýle hem, satylan önümiň we edilen hyzmatlaryň göwrümi kesgitlenilmegine mümkinçlik döredýärler.

Nyrhlaryň deňeşdirip ölçemek hyzmaty dürli harytlaryň gymmadynyň deňeşdirilmeginden ybarat. Nyrhlary deňeşdirip gymmat we arzan harytlary kesgitlemäge mümkinçilik döreýär. Nyrhlary deňeşdirip, harytlaryň we hyzmatlaryň peýdalygy barada baha berip bolýar.

Hasabatlyk wezipesi nyrhyň ýene-de bir tarapyny häsiýetlendirýär. Pul aňlatmasyna geçirilen san we hil hasabatlyk hyzmaty kärhana emläginiň gymmatyny bahalandyrmag, önüm öndürmeklige edilen çykdaýjylary hasaba almaklyga ýardam berýär.

Nyrh ölçeg hökmünde görkezijileri pul aňlatmasynda ulanylýan derňewiň, çaklamanyň, meýilnamalaşdyrmanyň guraly bolup bilýär.

Nyrh paýlaşdyrma hyzmatynyň ýerine ýetirilýär. Bu ýagdaýda nyrh sebitleriň ykdysadyýet pudaklarynyň onuň bölümleriniň eýeçiligiň dürli görnüşindäki kärhanalarynyň, toplama we sarp etme gaznalarynyň, ilatyň dürli sosial gatlaklarynyň – arasynda pul serişdelerini paýlama we gaýtadan bölme guraly bolup çykyş edýär. Nyrhyň bu wezipesi käbir harytlara bolan aksizleriň goşulan gymmata salgytlaryň, gümrük haklarynyň, satuwdan salgydyň we býudžetiň goýberilýän beýleki salgyt ýygymlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Bazar ykdysadyýetinde nyrhyň höweslendirme hyzmaty has möhümdir. Ol öndürijilerde satuw möçberini ýokarlandyrmaklyga gyzyklanma döredýär. Bu täsir öndürijiniň gymmat baha we ýetmezçilik edýän harytlaryň önümçiligini giňeldip, girdejini we düşewünti ýokarlandyrmak islegiň üsti bilen yzarlanyp bilner. Olar önüme, harytlara we hyzmatlara bolan nyrhlar bilen gös-göni bagly.

Nyrhyň ýerine ýetirýän möhüm hyzmaty – sosial hyzmatydyr. Harytlaryň we hyzmatlaryň gurluşy we peýdalanylma möçberleri, her bir adamyň harçlanmalary, durmuş derejesi, güzeran üçin iň az serişde, talap edijilik býudžeti-nyrhlaryň özgermesine bagly. Talap edilýän harytlaryna we hyzmatlara bolan bölek satuw nyrhlaryna durmuş taýdan akyl ýetirilende nyrhlaryň ösmegi, ýaşaýyş derejesini peseldýär diýlip düşünilýär. Şonuň bilen birlikde nyrhdan başga ýagdaýlara – girdejilere, bazarda harytlaryň bar bolmagyna peýdalanylmanyň gurluşyna üns berilýär.

Ýurduň içinde amala aşyrylýan, içerki hyzmatlardan başga-da nyrhlar söwda ylalaşyklaryň, daşky tölegleriň, ýurtlaryň arasyndaky özara hasaplaşyklaryň guralynyň wezipesini ýerine ýetirip daşary ykdysady hyzmatyny ýerine ýetirýärler.

Nyrhlaryň hyzmatlaryň köp dürlüligi, şeýle hem aýratyn hyzmatlaryň amala aşyrylma maksatlarynyň deň gelmezligi, bu hyzmatlaryň (wezipeleriň) ählisini birden ulanyp bolmaýanyna alyp barýar. oýlanyşykly we amatly nyrhlar hakynda aýdylanda, nyrhlaryň doly gerekli derejede amala aşyrylýan kesgitleýji hyzmatlary we olaryň utgaşmasy göz öňünde tutulýar. Bazar ykdysadyýetinde nyrhlar önümçiligiň sazlaýjylary we çaltlandyryjylary bolup çykyş edýärler. Nyrh ululygy talap we teklip kanunynyň hereketi bilen şertlenen, emma şonda döwletip nyrha, nyrh mehanizmine, nyrh syýasatyna edýän düzgünleşdiriji täsirinden doly gutulyp bolmaz.

## 7.3. Bazar şertlerinde önüm nyrhynyň emele gelşi

Nähili hem bolsa bir harydyň nyrhy onuň gymmatynyň pulda aňladylmasydyr. Ol bazar mehanizminiň we bazar konýunkturasynyň elementi bolýar we bazaryň, bazar bolsa öz gezeginde nyrhyň, emele gelmegine täsir edýärler.

Hojalygy dolandyrmanyň dünýä tejrubesinde nyrhlaryň kesgitlenilmesine birnäçe çemeleşme bar: talap we teklip esasynda, önümi öndürme boýunça meýilnama çykdaýjylary esasynda, şertnama esasynda. Bazar harytlaryň satylmasy döwründe bellenilýän nyrhlar ulgamynyň üsti bilen ýüze çykýan peýdany gazanmaklyk nämäni we nähili mukdarda öndürmek, nämäni we nähili mukdarda edinmek baradaky çözgüdi kabul etmekligiň sebäbi bolýar. Kärhana tarapyndan öndürilýän önümiň girdejililigi bazar tarapyndan, onuň satuw bahasy tarapyndan kesgitlenilýär. Eger nyrh öndüriş we satyş çykdaýjylaryndan ýokary bolsa, onda bu hili önümi öndürmek peýdaly.

Bazardaky nyrhlar emele gelen çykdaýjylara bagly bolmazdan, berlen haryda bolan talap we onuň teklibi esasynda döreýär. Bu ýagdaýda kärhana üçin nyrh görkezilen (tabşyrylan) bolýar.

Beýleki deň bolan şertlerde harydyň bazar nyrhy bilen onuň talap ululygynyň arasynda şeýle baglylyk bar bu – harydyň nyrhy we talap ululygy arasyndaky baglylykdyr. Bu baglylyga talap şkalasy ýa-da talap görkezijisi diýilýär. Grafiki görnüşinde talap görkezijisi şeýle görünýär: nyrh näçe pes bolsa, talap we peýdalanma şonça-da ýokary bolýar.

Surat 7.2. gorizontal (kese) oky boýunça haryda bolan talabyň ululygy, wertikal (dikligine) oky boýunça nyrh görkezilýär




**7.2.sur. Talabyň we teklibiň görkezijileri.**

Berlen ýagdaýda talap ululygy we nyrh öňküsi ýaly proporsional (deň ölçegli), ýagny nyrh peselýän wagty talap ösýär we tersine.

Eger nyrh ýokary bolsa, önümiň has köp göwrümini öndürmek – bazardaky öndürijä mahsus bolan häsiýet. Alyja mahsus bolan häsiýet muňa gapma garşydyr. Pes nyrhlarda ol köp önüm satyn alýar.

E nokady talabyň we teklibiň deňagramlylygynyň şöhlelenmesi. Deňagramly nyrh ($Ц_E$) we deňagramly göwrümi

($Q_E$) onuň koordinatalary bolýarlar. Satyjylaryň we alyjylaryň bähbitlerini aňladýan deňeşdirilen nyrhyň üsti bilen bazarda deňagramlylyk dikeldiler. Deňagramly nyrh hem öndürijileri (nähili harydy we nähili möçberde öndürmekligiň zerurdygy barada), alyjylary hem berlen harydyň nähili göwrümine tama edip boljakdygyny barada) habar edýär.

## 7.4. Nyrhyň düzümi we görnüşleri

Nyrhyň düzümine belli bir elementler girýär. Absolýut aňlatmadaky elementler ähmiýeti onuň düzümini kesgitleýär.




Elementler we emele geliş döwri boýunça nyrhlaryň düzümi surat 7.3. görkezilen

**7.3.sur. Nyrh görnüşleri.**

Önümiň özüne düşýän gymmaty onuň nyrhynyň esasynda emele getirýär. Ol kärhananyň önümi öndürme we satma boýunça gündelik harçlanmalary häsiýetlendirýär. Harydyň önümçiligi we satuwy bilen baglanyşykly harçlanmalar kesgitlenilende RF HK madda 253 esaslanýarlar. Önümiň özüne düşýän nyrhynyň onuň bahasyndaky udel agramy 35% girdeji 20% NDS – 16.7-20.0% emele getirýär.

Islendik kärhana önüm öndürmek bilen baglanyşykly harçlanmalaryň doly öweziniň doldurylmasy we girdejiniň ýeterlik derejesini almak üçin hereket edýärler. Kärhananyň girdejisi gündelik çykdaýjylaryň meselem, (işgärlere maddy kömek, kärhanada işleýänleriň pensiýalaryna goşulan pullar, zähmet weteranlarynyň pensiýasyna bir gezek berilýän kömek aksiýalar boýunça diwiddender we ş.m.) maliýeleşdirilmegini däl-de kärhanayň ösüşini hem üpjün etmeli.

Salgytlar, aksiz ýygymlary, paçlar, býudžete degişli bolmadyk gaznalara tölegler (ýeke-täk sosial salgydy) kärhana bilen döwletiň özara gatnaşyklaryny kesgitleýärler we nyrhyň düzüminde dürli-dürli şöhlelenýärler. Olar çykdaýjylar düzümine önümiz özüne düşýä gymmatyna) girip, kärhananyň girdejisi (girdejä salgyt) kemeldip, nyrha gös-göni goşmaça pul (artdyrma) (NDC, aksizler, satuwdan salgyt we ş.m.) bolup bilerler.

Girdeji nyrhyň hökmany elementi bolup durýar. Ol önümiň özüne düşýän nyrhyna göterim artdyrmasynyň üsti bilen haýyrlylyk kadasynyň kömegi bilen hasaplanylýar.

Wagt hasaplaşykda bölekleýin ýa-da lomaý satylýan harytlaryň, işleriň hyzmatlaryň nyrhyna harytlaryň we hyzmatlaryň bölek satuwa salgyt goşulýar. Satuwa bolan salgyt hakynyň ululygy 5% ýokary däl. Satuwa salgyt jemi haryt bahasyna goşulýar we ony НДС we aksizler ýaly ulanyjy ýa-da müşderi töleýär.

Dellalçy we söwda guramalarynyň bahalary artdyrmalary olary önümi öndürijilerden ulanyjylara alnyp barylmasy bilen baglanşykly eden çykdaýjylarynyň öweziniň

doldurylmagy bilen we girdejiniň belli bir jeminiň alynmagy bilen üpjün edýär.

Nyrh ulgamy – milli we dünýä bazarlarynyň dürli gatnaşyjylarynyň arasynda ykdysady gatnaşyklaryna hyzmat edýän we olary düzgünleşdirýän nyrhlaryň dürli görnüşleriniň ýeke täk tertibi salnan jemidir. Nyrhlaryň we tarifleriň (haklaryň) şeýle görnüşleri tapawutlandyrylýar:

- kärhananyň bahasy;
- soňky düşýän lomaý nyrh;
- satyn alynýan lomaý nyrh;
- bölek satuw nyrhlary.

Senagat önümine lomaý kesilýän nyrhlar –kärhana eýeçiliginiň görnüşine bagly bolmazdan ähli derejedäki ulanyjylara (ilatda başga) senagat önüminiň satylýan bahasy. Önüm lomaý toplumlarda satylýaram, satyn alynýaram.

Satyn alynýan bahalar – ddaýhan birleşikleri, fermalar we ilat (hususy kömekçi hojalyklaryň önümleri) tarapyndan satylýan oba hojalyk önümleriniň bahalary.

Gurluşyk önümlerine bolan nyrhlar ýa obýektiň smeta gymmatyny (her bir obýektiň gurluşygyna harçlanmalaryň ahyrky ululygyna) ýa-da umumy gurluşyk obýektiniň ahyrky önüm birliginiň ortaça gymmatyny emele getirýärler.

Ýük we ýolagçylar ulagynyň tarifleri ýolagçylary we ýükleri göçürme üçin ulag edaralary tarapyndan ýük göýberijilerden we ilatdan alynýan töleg.

Talap edilýän harytlara nyrhlar bölek söwda ulgamynyň üsti bilen kärhanalar we guramalar tarapyndan ilata harytlary satmak üçin ulanylýarlar. Olar, adatça, dolanşyk çäginden çykýan we öý hojalygynda ýa-da önümçilikde ulanylýan harytlaryň dolanşygyna hyzmat edýärler.

Hyzmatalara bolan tarifler – hyzmat ediş kärhanalarynyň ulanyjylara öz hyzmatlaryny satýan haklarynyň ulgamy.

Ýokarda agzalan ähli nyrhlar milliler toparyna degişlidirler. Olar ilki bilen, harytlary we hyzmatlary

öndürmeklige we satmaklyga edilen çykdaýjylaryň öwezini doldurmalydyrlar, şeýle hem milli öndürijileri girdeji bilen üpjün etmelidirler.

Daşary söwda nyrhlary watanyň harytlarynyň we hyzmatlarynyň eksport we daşary ýurt harytlarynyň we hyzmatlaryň emport amala aşyrylýan nyrhlar. Bu toparyň nyrhlarynyň emele gelmegi öz esasy boýunça milli nyrhlaryň kesgitlenmesinden tapawutlanýarlar. Daşary söwda nyrhlary hasaplap çykarylanda tehniko – ykdysady görkezijileri boýunça meňzeş ýa-da şoňa ýakynrak bolan önüm öndürýän we dünýä bazarynda satýn firmalaryň nyrhlary barada maglumatlary ulanma usuly has netijeli bolýar.

Eksport nyrhlary – öndürijileriň ýa-da daşary söwda guramalarynyň dünýä bazarynda watan harytlaryny (hyzmatlaryny) satýan bahalar. Bu nyrhlaryň emele gelme algoritmini şeýle ýagdaýda göz öňüne getirip bolýar: dünýä bazarynda ugrukdyryjy nyrhy saýlamak; bu nyrhy ylalaşygyň hakyky şertlerine (hiline, ulag bilen daşalmagyny, tşlegleri, ätiýaçlandyrmany, saklamagy we beýlekiler hasaba almak bilen) dogry getirmek; eksport gümrük hakyny goşmak; milli pula geçirmek.

Impart nyrhlary – firmalaryň daşary ýurtlardan haryt (hyzmat) satyn almakda ulanýan bahas. Import önümine nyrhlar gümrük import hakynyň, walýuta kursunyň, ýurduň içinde bu harydy satmaklyga çykdaýjylaryň hasaba alynmagy bilen import harydynyň gümrük gymmaty bazasynda (edarasynda) bellenilýär.

Düzgünleşdiriji çägine baglylykda bazar we düzgünleşdirýän nyrhlar tapawutlandyrylýar.

Bazar nyrhlaryna aşakdakylar degişlidirler:

- Talap we teklip esasynda haryt we hyzmat öndürijileri tarapyndan bellenilýän erkin bahalar. Şonda alyjy we satyjy aluw-satuw şertleşiginden öň hem, soň hem hiç hili borçlar bilen baglanyşmadyk.

- Taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýän ylalaşyk şertnama nyrhlary. Şonda ylalaşyk şertnama baglaşyp, alyjy we satyjy belli bir borçlaryň berjaý edilmegine boýun bolýarlar.
- Bazaryň bölek ýa-da doly monopoliýalaşdyrma şertlerinde bir ýa-da iki tarapy hem nähili hem bolsa mejbury şertlere kaýyl bolmaklyga alyp barýan nyrhlar.

Düzgünleşdirilýän nyrhlar – döwletiň ýa-da Federasiýanyň aýratyn edaralarynyň gözegçiligi astynda bellenilýän nyrhlar. Düzgünleşdirmäniň gös-göni we goşmaça usullary tapawutlandyrylýar. Gös-göni düzgünleşdirme berkidilen nyrhlaryň, çäkli nyrhlaryň, goşmaça pullaryň nyrh üýtgemeleripň çäklendirilen koeffisiýentleriň, girdejililigiň çäklendirilen derejesiniň kesgitlenilmesi ýoly bilen amala aşyrylýar. Goşmaça düzgünleşdirilme salgytlaryň we göterim haklarynyň üsti bilen nyrhlara täsir etmeleri göz öňüne tutýar (jetwel 7.1.)

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmesi

Jetwel 7.1.

| Nyrh görnüşi | Döwletiň tutýan orny | Döwlet tarapyndan täsir görnüşi |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Döwlet tarapyndan berkidilen nyrhlar | Nyrhlary döwletiň özi belleýär | 1. Nyrhlaryň döwlet prýskuranty (bahasanawy)<br>2. Bazar nyrhlarynyň,doňdurylmasy<br>3. Monopol nyrhlaryň berkidilmegi |
| Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän nyrhlar | Döwlet kärhana üçin düzgün belleýär, kärhananyň özi bolsa nyrhlary kesgitleýär. | 1. Nyrhlaryň çäkli derejesini bellemek.<br>2. Preýskurantyň berkidilen nyrh-laryna çäkli goşmaça pullaryň ýa-da koeffisiýentleriň bellenilmegi.<br>3. Bölek satuw nyrhlarynyň elementleriniň çäkli bahalaryny bellemek.<br>4. Nyrhlaryň bir gezeklik göteril-mesiniň çäkli derejesini kesgitlemek.<br>5. Monopol nyrhlara döwlet gözegçiligi.<br>6. Döwlet kärhanalaryna nyrh bellemek arkaly bazar nyrhlaryny düzgünleşdirmek. |
| Erkin (şertnama boýunça) nyrh | Ynsapsyz bäsdeşlige birnäçe gada-gan etmeleri girizip, döwlet bazarda "oýun şertleri-ni" belleýär. | 1. Nyrhlaryň gorizontal berkidilmeginiň gadagan edilmegi,<br>2. Nyrhlaryň wertikal berkidilmegi-niň gadagan edilmegi.<br>3. Nyrh diskriminasiýanyň gadagan edilmegi.<br>4. Dempungiň gadagan edilmegi<br>5. Ýaramaz nyrh reklamasynyň gadagan edilmegi. |

## 7.5. Nyrh kesgitlenme usuly.

Harytlaryň aýratynlygyna, kärhananyň we onuň pul maýalarynyň ululygyna, onuň öz öňünde goýan maksatlaryna laýyklykda nyrh kesgitlenilmesiniň dürli usullary ulanylyp bilner.

1. Doly çykdaýjylar usuly – gelip çykyşyna bagly bolmazdan, haýsy hem bolsa bir önüm birligine geçirilýän ähli çykdaýjylar esasynda nyrhlaryň emele gelme usulydyr. Bu usulyň artykmaçlygy onuň ýönekeýligidedir. Doly çykdaýjylar usuly ulanylanda, hasap girdejisi goşulýan önüm birligine düşýän önümçiligiň hakyky harçlanmalary nyrh kesgitlenilmeginiň esasy bolup durýar. Bu usul ondan pes düşmeli däl nyrh çägini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.
2. Birmeňzeş çykdaýjylar usuly hakyky çykdaýjylaryň kada boýunça bolmalylardan üýtgemesiniň hasaba alynmagy bilen, kada boýunça harçlanmalaryň hasabyny çykarma esasynda nyrhlary emele getirmäge mümkinçilik döredýär. Harçlanmalaryň ýönekeý şöhlelenmeginden tapawutlylykda meňzeş çykdaýjylaryň nyrh usuly harçlanmalaryň ýagdaýlar boýunça derňewiň geçirilmegine mümkinçilik berýär. Birmeňzeş kadalardan üýgemeler seljerilýär, kadalardan gyşarmalaryň sebäpleri anyklanylýar we geljekde olaryň aýrylmasynyň ýollary göz öňünde tutulýar. Çykdaýjylary ululygy boýunça däl-de, kadalardan gyşarmalary (çykmalar) boýunça dolandyryp, bolmaklyk mümkinçilik bu usulyň artykmaçlygy bolýar. Harçlanmalaryň her bir maddysy boýunça gyşarmalar (üýtgemeler) diňe çykdaýjylary däl-de, eýsem girdejini hem gözegçilikde saklamaga mümkinçilik berýän maliýe netijeliligi bilen wagtal-wagtal deňeşdirilýär.
3. Hakyky çykdaýjylar usuly bazar konýunkturasyndan we önüm satuwynyň garaşylýan nyrhlaryndan ugur alyp, gös-göni harçlanmalary kesgitlemek esasynda nyrhlary emele getirmeklige mümkinçilik döredýär.

Hakyky (göni) harçlanmalar diýip, önümçilik göwrüminiň üýtgemegine baglylykda özgerýän üýtgäp duran çykdaýjylar hasaplanýarlar. Goşmaça harçlanmalar anyk önümlere degişli bolmaýarlar we maliýe netijelilige degişli edilmelidirler hem-de tutuş girdeji hasabyna ýeri doldurylmalydyr. Önümiň bahasy bilen gös-göni

harçlanmalaryň kemelmesiniň arasyndaky tapawut näçe ýokary bolsa, şonça-da tutuş girdeji (ödeme ululygy), diýmek düşewüntlilik hem, şonça-da uly bolar.

Hakyky (göni) harçlanmalar usulynyň bir görnüşine birmeňzeş we hakyky harçlanmalaryň artykmaçlygyny bilelikde utgaşdyrýan, birmeňzeş hakyky harçlanmalar usuly degişlidir.

## 7.6. Nyrhlary frankirleme

Nyrhda ulag emele getirijileri boýunça nyrhlar differensiasiýasy ulag çykdaýjylarynyň töleg terbine baglylykda amala aşyrylýar. Tejribede ol nyrhlary frankirleme ulgamynda şöhlelenýär. "Franko" diýmek harydyň öndürijiden alyjylara iberilme ýolunyň haýsy nokadyna çenli ulag harçlanmalary önümiň bahasyna goşulandygyny aňladýar. "Franko" nokadyna çenli satyjy ýüküň ulagly äkidilmesi, ätiýaçlandyrmasy, abatlygy, onuň ýüklenmesi, düşürilmesi boýunça harçlanmalary özo çekýär.

"Franko" ulgamy aşakdakylardan ybarat bolýar:

- üpjün edijiniň franko – ammary;
- ugratma franko-bekedi;
- gowuşmaly franko-bekedi;
- alyjynyň franko – bekedi.

"Franko" nyrhlaryň emele gelmesiniň shemasy surat 7.4. görkezilen

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Üpjün edijiniň ammarynda önüminiň nyrhy | Ugradyjynyň bekedine eltmesi boýunça çykdaýjylar | Ugradyş bekedinde önümi wagonlara ýükleme boýunça harçlanmalar | Gowuşmaly bekedine çenli ulagly äkidilmesi boýunça harçlanmalar | Gowuşmaly bekedinde wagonlardan önümi düşürme boýunca harçlanmalar | Gowuşmaly bekedinden alyjynyň ammaryna çenli eltilmesi býunça harçlanmalar |

| |
|---|
| **Üpjün edijiniň franko ammary** |
| **Ugradyjynyň franko bekedi** |
| **Ugratmanyň franko – wagon bekedi** |
| **Gowuşmaly franko-wagan bekedi** |
| **Gowuşmaly franko bekedi** |
| **Alyjynyň franko-ammary** |

**7.4.sur. “Franko” nyrhlaryň emele gelme shemasy.**

**Daşary söwdada önüm üpjünçiliginiň bazis (esasy) şertleri**

**Jedwel 7.2.**

| Toparyň ady | Üpjün etme şertleri (söwda adalgalary) | | Ulag bilen baglanyşykly harçlanmalaryň öwezininiň doldurylmasynyň, töwekgelliklerin gümrük haklarynyň we ýygymlaryň üstüniň doldyrylmasynyň şertleri |
|---|---|---|---|
| "A" topar | SDA | EXM | Franko – zawod |
| "B" topar | KOL | FCA | Daşaýjyda aňsat |
| | NOP | FAC | Gämi gorumynyň (bortunyň) uzaboýuna aňsat (düşürilýän gämi duralgasynyň ady) |
| | MOP | | Gämi gorumynyň (bortunyň) içinde aňsat (düşürilýän gämi duralgasynyň ady) |
| "Ç" topar | KUL | CFR | Nyrh we fraht (gowuşmaly gämi duralgasyna çenli fraht tölenen) |
| | BIL | CIF | Nyrh, ätiýaçlandyrma, fraht |
| | ÇOT | CPT | Daşama ....... çenli tölenen (gowuşmaly nokady görkezilýär) |
| | LMN | CIP | Daşama tölegi we ätiýaçlandyrma çenli tölenen |
| "D" topar | DAR[+] | DAF | Araçäge çenli eltilen |
| | DEL[+] | DES | Gämä çenli eltilen |
| | DEK[0] | DEC | Gämi duralgasyna eltilen |
| | DDÝ[+] | DDU | Gümrük haky tölenmän eltilen |
| | DDN | DDP | Gümrük haky tölenilip eltilen |

**Bellik** [+] Satyjy gümrük amallaryny ýerine ýetirmeli däldir.
[0] Satyjy gümrük amallaryny ýerine ýetirmelidir.

## 7.7.Nebit gaz toplumunda nyrhyň emele gelşi

### Gaz senagatynda nyrhyň emele gelşi.

Gaz senagatynda nyrhyň emele gelşi OAO “Gazsenagaty” tebigy gazyň esasy öndürijisi we içki we daşary bazaryny üpjün edijisi bolup çykyş edýär. OAO “Gazsenagaty” MPS “ЕЭС” PAO bilen bir hatarda adaty monopoliýa hasaplanýar. Adaty monopoliýalaryň önümibe we hyzmatlaryna nyrhlar we tarifler (haklar) Russiýa Federasiýasynyň Federal energetik topary (ФЕТ) tarapyndan işlenip taýýarlanylýar.

Hususan hem ФЕТ OAO “Gazsenagaty” üçin her ýyl, zerur bolsa ýylyň dowamynda hem, Russiýa Federasiýasynyň ulanyjylary üçin satylýan gazyň lomaý bahalary hakynda, karar çykarýar. Onda senagat peýdalanyjylaryna we ilata satylýan gara lomaý nyrhlar tassyklanylýar we herekete girizilýär; RF-ň käbir etraplarynda gazyň satylmasynyň aýratyn şertleri agzalýar we ФЕТ-ň ozalky Kararlary güýji gaçan diýip ykrar edilýär.

Gaza bolan lomaý nyrhlar gaz ulagy we gaz paýlaýjy ulgamlar bölüminiň franko-araçäk şertlerinde bellenilen. Gaza lomaý nyrhlar temperaturanyň (20C), basyşyň (760mm rt.st) çyglygyň (0%) ýanmanyň hasaplanylan ýylylygynyň (7900 ± 100kkal/$m^3$) kesgitli şertlerine getirilen, 1000$m^3$ gaz ölçeginiň göwrüm birligine bellenilen.

Ulanyjylara (ilatdan başga) satylýan gazyň lomaý nyrhlary sebitler üçin nyrh guşaklyklary boýunça işlenip taýýarlanylýar. Gaza lomaý baha (1000$m^3$ üçin rub) НДС-siz, aksizli kesgitlenilýär. RF-ň bütin meýdany ýedi sany nyrh guşaklyklaryna (0-dan 6 çenli) bölnen. Ilkinji üç guşaklyga (0-dan 2 çenli) gaz çykarylýan okruglar (etraplar) we welaýatlar degişli (Ýamal-Nenes, Hanty-Mansi AW, Komi Respublikasy, Týumen, Astrahan welaýatlary), üçinji we dördünji guşaklyklara Ural we Powolžýe welaýatlary görkezilen, bäşinji

guşaklyga – Merkezi welaýatlar, altynjy guşaklyga – Demirgazyk Kawkazyň respublikalary Stawropol we Krasnodar ülkeleri, kaliningrad we Rostow welaýatlary.

Gaza ФЕТ tarapyndan kesgitlenilen lomaý nyrhlaryň üäginde OAO “Gazsenagaty” gaza içerki hasaplanylan (lomaý) nyrhlary we OAO “Gazsenagaty” edaralary üçin gazy ulagly daşamak we saklamak üçin hyzmatlara içerki hasaplanylan tarifleri işläp düzýär:

1. Urengoýgazsenagatynyň, Ýamburgazçykarmanyň Kumdymgaz-senagatynyň, Noýabrskgazçykarmanyň, Kubangazsenagatynyň kär-halary üçin 1000$m^3$ rub gaza içki hasaplaşyk (lomaý) nyrhlary.
2. Ýamburgazçykarmanyň we Urengoýgazsenagaty üçin durnuksyz gaz kondensatyna (toplanmasyna) we nebit gaz kondensatly garynda (1 tonna üçin rub) içki hasaplaşyk (lomaý) nyrhlary.
3. Benzini aýrylan gaz-1000$m^3$ üçin rub, odorant – 1 tannasy üçin rub. Orenburgsk we Astrahan GGZ üçin gazy gaýtadan işläp çykarýan edaralaryň önümine içki hasaplaşyk (lomaý) nyrhlary.
4. Tehnologik ýitgileri, täzeden gurulýan we giňeldilýän ýerasty saklawhanalara sorujy bilen toplanýan bufer gazy we gatlak basyşyny saklamak üçin gatlaga sorujy bilen goýberilýän gazy we nebitiň kondensat berijiligini ýokarlandyrmaklygyň beýleki usullaryny hasaba almak bilen OAO “Gazsenagatynyň” edaralary tarapyndan öz tehnologik zerurlyklary üçin ulanylýan gaza (1000m kub üçin rub) içki hasaplaşyk (lomaý) nyrhlary. Nryhlar OAO “Gazsenagatynyň” kärhanalary boýunça differensirlenen.
5. Gaz ulagynyň edaralary tarapyndan esasy gazgeçirijiler boýunça gazy daşamak boýunça hyzmatlara içki hasaplaşyk tarifleri. Tarifler gaz ulaglary kärhanalary boýunça differensirlenen we 100km-e 1000$m^3$ gazy ulagly daşamaklyga kesgitlenilen.

6. Gaz ulagynyň kärhanalary tarapyndan ýerasty saklowhanalarda gazy saklamak (GÝS) boýunça edilýän hyzmatlara içki hasaplaşyk tarifleri. Tarifler 1000m$^3$ hasabynda bellenilen we saklanma üçin (saýlanylýan) sorujy bilen goýberilýän gazyň ýanma ýylykygyna bagly bolmazdan ulanylýarlar we öz gurluşynda GÝS bar bolan gaz ulagynyň kärhanalary boýunça differensirlenýärler. Gazy saklama boýunça hyzmatlara içki hasaplaşyk tarifleri OAO "Gazsenagatynyň" bir sany gaz ulag edarasynyň düzümine girýän ähli GÝS (ПХГ) üçin ýeketäk bolýarlar.

OAO "Gazsenagatynyň" kärhanalary we guramalary üçin içki hasaplaşyk nyrhlarynyň emele gelmeginiň esasynda salgytlary, ykdysady sanksiýalary, sosial infrastrukturany saklamak üçin tölegleri, işgärlere maddy kömekleri bermeklige çykdaýjylary, pensiýalara, stipendiýalara goşmaça pullary medisina hyzmatlarynyň töleglerini we beýlekiler tölemeklige zerur bolan çykdaýjylaryň nyrh we kärhanada girdejini döretme arkaly öwzini doldurma ýörelgesi dur.

Häzirki wagtda umumy russiýanyň içki lomaý gaz bazarynyň dördilmegi baradaky sorag çözülýär. Ol ähli gaz öndürijileriniň – "Gazsenagatynyň" kärhanalaryny, wertikal integrirlenen kompaniýalary we garaşsyz öndürijileri häzir OAO "Gazsenagatynyň" düzümine girýän we onuň gaz ulag kärhanalary tarapyndan ulanylýan gaz geçiriji setine (ulgamyna) deň derejede birikmegine mümkinçilik berer.

Gazyň içki bazarynyň we gaz biržasynyň döredilmegi gaza bolan talabyň we teklibiň hem-de bäsdeşleriň – tebigy gaz satyjylarynyň – nyrhlarynyň hasaba alynmagy bilen, gaz senagatynyň ýokarda garalyp geçilen nyrh emele gelme ulgamyny bazar nyrh emele gelme esaslaryna çalşyryp üýtgeder.

OAO "Rusgazüpjünçiliginiň" edaralary tarapyndan ilata we kärhanalara satylýan gazyň ownuk satuw nyrhy "Rusgazüpjünçiliginiň" edaralarynyň çykdaýjylarynyň

ödelmesi we hasaplaşyk girdejiniň ululygy hasaba alnanda gaza bolan lomaý nyrhlaryň esasynda emele gelýärler.

## Nebit senagatynda nyrhyň emele gelşi.

Häzirki gün Russiýada nebitiň içki bazary ýok. Nebit senagaty dokuz sany iri nebit kompaniýalara degişli. Şolaryň arasynda: ZUKOÝZ, Sidanko, TNK, Rusnebit we başgalar. Bu kompaniýalaryň düzümine girýän kärhanalarda, nebitiň gazylyp alynmasy, gaýtadan işlenip çykarylmasy, nebitiň we nebit önümleriniň satylmasy ýaly işler alnyp barylýar. Wertikal integrirlenen kompaniýalar (WINK) nebite we nebiti gaýtadan işläp çykarýan kärhanalaryň önümine öz bahalaryny özbaşdak belleýärler. Bu nyrhlar içki ýa-da transfert nyrhyna degişlidirler. Transfert nyrhlarynyň mehanizmi aşakdakydan ybarat.

WINK özüniň nebiti gazyp çykarýan kärhanalaryndan nebiti korporatiw nyrh boýunça satyn alýarlar. Nebitiň bir bölegi (gazylyp çykarylan nebitiň umumy gwörüminiň 40% çenli) eksporta satylýar, beýleki bölegini berme esasynda NGZ gaýtadan işläp çykarýarlar, alnan nebit önümlerini içki we daşary bazarlarda satýarlar. Adatça transfert nyrhy salgytlary pes derejä ýetirmek üçin, ýöne kärhananyň gündelik çykdaýjylaryndan kem bolmadyk möçberde bellenilýär. Bu transfert nyrhynyň kesgitlenilmeginiň bir usuly. Nyrh bellemäniň başga bir usuly – nebiti gazyp çykarmada önümçiligiň harçlanmalaryny peseltmek maksady bilen, olaryň meýilnama boýunça düzgünleşdirilmegi: NGZ tarapyndan НГДУ-a meýilnama boýunça satyn alma nyrhlar ýetirilýär, öz gezeginde НГДУ önümçilik harçlanmalarynyň kemeldilmesiniň degişli bolan meýilnamasyny işläp taýýarlaýar. Bu ýagdaýda nebitiň salgyt hasaplanyp çykarylýan nyrhy “bazar” bahasyndan, ylaýtada eksport bahsayndan, pes bolar.

# VIII BAP
# Senagat önümçiliginiň gazanjy we peýdalylygy.

## 8.1. Gazanjyň düýp esasy, ähmiýeti, ýerine ýetirýän hyzmaty. Gazanç ululygynyň üýtgemegine täsir edýän ýagdaýlar.

### Gazanç almaklygyň çeşmeleri.

Gazanç kärhananyň, kompaniýanyň, pudagyň önümçilik – hojalyk hereketiniň umumylaşdyryjy görkezijileriniň biridir.

Ykdysady dereje (kategoriýa) hökmünde gazanç telekeçilik hereketi dowamynda maddy önümçilik çäginde döredilen arassa girdeji şöhlelendirýär.

Önümçilik şertleriniň (zähmetiň, kapitalyň, tebigy gorlaryň) we dolandyrýan şahslaryň peýdaly önümçilik hereketiniň (işiniň) birleşmesiniň netijesi ulanyja satylma şertinde haryda geçýän taýýar önüm bolýar. Satylma (ýerlenme) döwründe ozalky maddy görnüşe getirmekligiň we janly zähmetiň gymmatyny öz içine alýan, haryt gymmaty ýüze çykarylýar. Janly zähmetiň gymmaty iki topara bölünýän, täze döredilen gymmaty şöhlelendirilýär. Birinji bölegi işçileriň zähmet hakyny (zerur bolan zähmetiň gymmaty), ikinji bölegi arassa girdejini (goşmaça zähmetiň gymmaty) emele getirýär.

Haryt – pul gatnaşyklary şertlerindäki kärhana derejesinde arassa girdeji gazanç görnüşine geçýär.

Kärhana işiniň maliýe netijeliligini aýan etmek üçin önümi satuwdan giren puly onuň önümçiligine we satylmagyna çykdaýjylar bilen deňeşdirmeli. Satuwdan giren pul çykdaýjylardan ýokary bolsa, netije gazanç alnandyna şaýatlyk edýär. Eger önüm satuwyndan giren pul onuň kärhana öndürilen önüminiň çykdaýjylaryny ödäp bilipdir. Satuwdan giren puldan edilen harçlanmalar köp bolan ýagdaýynda, kärhana zyýan çeker – ýaramaz maliýe netijeliligi, bu bolsa oňa

hat-da bankrotlyga (bergidärlyga) alyp baryp biljek, çylşyrymly maliýe ýagdaýyny döreder.

Kärhananyň (kompaniýanyň, pudagyň gazanjy diýip, kärhananyň önümçilik we sosial taýdan ösdürilme maksatlaryna, şeýle hem töleglere we ähli derejedäki býudžetleriň tutumlaryna gönükdirilen pul toplumlarynyň bölegine aýdylýar.

## Gazanjyň ýerine ýetirýän hyzmatlary.

Gazanç bazar gatnaşyklarynyň möhüm derejesi (kategoriýasy) hökmünde birnäçe wajyp hyzmatlary ýerine ýetirýär.

Birinjiden, gutarnykly maliýe – ykdysady netije hökmünde çykyş etmek bilen, gazanç kärhananyň netijeli işiniň ölçegi we görkezijisi bolup çykyş edýär. Kärhana girdejisiniň we kreditorlaryň karzçylaryň talaplaryny kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýär.

Ikinjiden gazanç höweslendiriji wezipäni ýerine ýetirýär. Gazanç – hususy kapitalyň ösüşiniň esasy çeşmesi. Bazar gatnaşygy şertlerinde, gazanjyň ululygyna baş çykaryp bilip, kärhana eýeleri we menedžerleri kärhananyň maýa goýumlary we paý peýda (diwidend) syýasaty babtynda kararlary kabul edýärler. Kärhananyň gazanjy kärhananyň önümçilik, sosial ösüşiniň we onuň işgärleriniň maddy taýdan sylaglanmasynyň çeşmesi bolup durýar.

Üçünjiden, dürli derejedäki býudžetleriň girdejilerini emele getirmekligiň çeşmesi bolýar. Ol salgytlar, ykdysady sanksiýalar (çäreler) görnüşinde býudžete düşýär we býudžetiň çykdaýjylar bölümi tarapyndan kesgitlenilen we kanun bilen berkidilen, dürli maksatlar boýunça ulanylýar.

Gazanjyň ýokarlanmasynyň ätiýaçlyklaryny kesgitlemek üçin kärhananyň tagallalaryna bagly bolan we bagly bolmadyk birnäçe ýagdaýlara, şertlere seredilip geçilmegi zerur (surat 8.1).

Daşary şertlere (daşky täsir şertlerine) degişlidirler: bazar konýunkturasy, ulanylýan maddy – çig mal we ýangyç – energetik gorlarynyň nyrh derejesi, nyrhlaryň we tarifleriň (haklaryň) göterim  we salgyt haklarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilme we .ş.m.




**8.1.sur. Gazanjyň ululygyna täsir edýän ýagdaýlar.**

Bu şertler (ýagdaýlar) kärhananyň  işine bagly bolmaýan hem bolsa,onuň kereketine ep-esli derejede täsir edýärler.

Içki şertler (ýagdaýlar) önümçilik we önümçilige degişli däl diýen toparlara bölünýärler. Önümçilik şertleri zähmet we maliýe gorlarynyň bolmagyny we ulanylmagyny häsiýetlendirýärler we öz gezeginde ekstensiw we güýçli depginde (intensiw) diýen toparlara bölünýärler.

Ekstensiw şertler gazanç alynma hereketine zähmet serişdeleriniň we predmetleriniň (zatlaýň), maliýe gorlarynyň,

enjamyň iş wagtynyň, işgärler sanynyň, iş wagt gaznasynyň we ş.m. mukdar (sa) taýdan üýtgemeginiň üsti bilen täsir edýärler.

Güýçli depginli (intensiw) şertler gazanç alynma hereketine hil görkezijileriniň üsti bilen täsir edýärler. Olara enjam öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy, tehnologik hereketleriň kämilleşdirilmegi, dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň tizleşdirilmegi, önümiň zähmeti talap edijiliginiň we material talap edijiliginiň pesedilmegi, gorlaryň has netijeli ulanylmagy we beýlekiler degişlidirler.

Önümnçilige degişli däl ýagdaýlara üpjün etme ýerlerine (satma), tebigy goram herketileri, zähmetiň we durmuşy sosial şertleri we beýlekiler degişlidir.

Gazanç ululygyna täsir edýän ýagdaýlar möhüm satmadan gazanç ululygyna täsir eddýän möhüm içki şert – önüm öndürme we satuw göwrüminiň üýtgemesidir. Önümçilik göwrüminiň aşak düşmegi-hökman gazanç göwrüminiň peselmegine alyp barýar. Şonuň üçin kärhana tehniki taýdan dikeldilme we öndürilýän önümiň bäsdeşlige ukyplylyk derejesini ösdürilmegini üpjün edýän gyssagly çäreleri görmelidir. Öz gezeginde, gorlar bilen üpjün etmek we önümi satmak boýunça kärhanalaryň arasynda hasaplaşyk-töleg gatnaşyklaryň kämilleşdirilmegi önümi atmaklyk şertleriniň gowulandyrylmagyna we gazanjyň ýokarlanmagyna ýardam berer.

Satuwdan gazanjyň ululygyna täsir edýän ýene-de bir möhüm ýagdaý – önümiň özüne düşýän gymmatydyr. Önümiň özüne düşýän gymmaty, ýagny onuň önümçiligine we satuwyna çykdaýjylar näçe pes bolsa, gazanç şonça-da ýokary bolar we tersine. Şonuň üçin önümiň özüne düşýän gymmat derejesiniň üýtgemeginiň derňewini geçirip durmak we önümiň öndürilmegine we satuwyna harçlanmalaryň peseldilmeginiň usullaryny işläp taýýarlamak zerur, bu bolsa gazanç ululygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik döreder.

Ulanylýan nyrhlar önüm satuwyndan kärhananyň gazanç ululygyny kesgitleýän şert bolup hyzmat edýärler. Nyrh

liýeralçylygy şertlerindäki erkin bahalar (nyrhlar) berlen önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna, beýleki öndürijileriň şuňa meňzeş önümlerine bolan talaba we teklibe baglylykda kärhanalaryň özleri tarapyndan bellenilýär.

Şonuň üçin hem önüme bolan erkin bahasynyň ýagdaýy bilen bir derejede kärhana bagly bolýan şertdir. Monopoliýaçylaryň kärhanalarynyň önümine bellenilýän döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän nyrhlar kärhana degişli bolmadyk ýagdaý bolup çykyş edýär.

Satuwdan gazanjyň ululygyna öndürilýän we satylýan önümiň gurluşyndaky (düzümindäki) üýtgemeler täsir edýärler. Has haýyrly önümiň paýy näçe ýokary bolsa, kärhana şonça-da köp gazanç alar we tersine, pes düşewüntli önüm paýynyň ýokarlanmagy gazanjyň kemelmesine alyp barar.

## Gazanç almaklygyň çeşmeleri.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde kärhana girdejiniň diňe bäsdeşlik bazarynda öz ýerleşişini saklamaklyga mümkinçilik döredýän däl-de, onuň önümçiliginiň joşgunly ösüşini üpjün edýän ululygyny gazanmaklyga çalyşmaly. Bu bolsa gazanjy emele getirýän çeşmeleriň kesgitnilmegini we onuň has gowy ulanylmagynyň usullarynyň tapylmagyny talap edýär.

Gazanç almaklygyň üç esasy çeşmesi bar:

Birinji çeşme önümi öndürmeklik ýa-da önümiň seýrek duş gelijiligi boýunça kärhananyň monopol ýagdaýy hasabyna emele gelýär. Ýöne gazanç almaklygyň bu çeşmesini ýokary derejede saklamak üçin mydama önümi täzeläp durmak gerek. Bu ýer-de döwletiň monopoliýa garşy syýasaty we beýleki kärhanalaryň bäsdeşlige bolan ukybynyň ösýändigini hasaba alynmalydyr.

Ikinji çeşme kärhananyň önümçilik we telekeçilik hereketi bilen gös-göni baglanyşykly. Onuň ulanylmasynyň netijeliligi bazar konýukturasyny bilmeklige we degişli bolan marketingiň geçirilmekligine bagly. Bu ýagdaýda girdeji

ululygy birinjiden, önümi öndürmek boýunça kärhananyň önümçilik ugrunyň saýlamagynyň dürsdügine; ikinjiden, öz önüminiň satuwynyň we hyzmat edilmeginiň bäsdeşlige ukyplylyk şertleriniň döredilmegine (bahasy, üpjün etme möhletleri, satuwdan soňky hyzmatlar we ş.m.); üçünjiden, önüm öndürme göwrümine we ony öndürmeklige hem-de satmaklyga çykdaýjylara bagly bolýar.

Üçünji çeşme kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny, satuw göwrümleriniň ösmegini we gazanç agramynyň ýokarlanmagyny üpjün edip, öndürilýän önümiň hemişe täzelenmesini talap edýän innowasiýa hereketi bilen kesgitlenilýär.

## 8.2. Gazanjyň emele gelmesi we bölünişi

Önüm satuwyndan giren pul düşünjesi.

Düşewünt (girdeji) – kärhananyň hususy maliýe gorlarynyň emele gelmesiniň esasy çeşmesi. Ol kärhananyň üç sany esasy ugurlar boýunça hereket netijesinde emele gelýär:

- esasy;
- inwestisiýa;
- maliýe.

Esasy hereketden (işden) girdeji önüm (iş, hyzmat) satuwyndan giren pul görnüşinde çykyş edýär.

Önüm satuwyndan giren pul kärhananyň öndüren önümi, ýerine ýetiren işleri, eden hyzmatlary üçin alan pul serişdeleriniň jemi. Bu harçlanmalaryň öwezini doldyrylmasy we kärhananyň girdejileriniň döredilmegi üçin serişdeleriň esasy çeşmesi.

Satuwdan giren pul öz öndüren harydynyň, işleriniň we hyzmatlarynyň satuwyndan, ozal alnan harytlaryň satuwyndan, gymmatbaha kagyzlaryň hasaba alynmasy.
Bilen, emlägiň satuwyndan, şeýle hem emläk hukuklarynyň satuwynyndan girdejileri öz içine alýar.

Esasy önüminiň satuwyndan girdejiden başga kärhana beýleki satuwlardan (sandan çykarylan esasy gaznalaryň, materiallaryň we beýleki), şeýle hem, satuwdan daşary amallardan (gymmatbaha) kagyzlar bilen amallar boýunça, girdejiler emläge kärendä bermek, bilelikdäki hereket we başgalar) hem girdeji alyp bilýär.

Satuwdan alynýan girdejiniň ululygyna öndürilýän önümiň göwrümi, onuň assortimenti (görnüşleri), nyrh derejesi, hasaplaşyk görnüşleri we başgalar täsir edýärler. Serişdeleriň gelmesiniň öz wagtyndalylygy girdejiniň emele gelme prosessinde (hereketinde) möhüm pursat bolup çykyş edýär.

Işleriň ýerine ýetirilmesinden we hyzmatlaryň edilmesinden alnan gazanç önüm satuwyndan gazanja meňzeş hasaplanylýar. Düşewündiň emele gelmesi ýerine ýetirýän işleriň we hyzmatlaryň aýratynlyklary we ulanylýan hasaplaşyk görnüşleri bilen berk baglanyşykly.

Meselem, gurluşyk edaralarynda düşewünt potrat we kömekçi potrat şertnamalary boýunça ýerine ýetirilip, tamamlanylan gurluşuk obýektleriniň gymmatyny şöhlelendirýär. Ulag we aragatnaşyk kärhanasynda girdeji hereket edýän tarifler (haklar) boýunça ýerine ýetirilýän hyzmatlar üçin pul serişdelerini şöhlelendirýär. Söwdada, üpjün ediji we satyjy edaralarda düşewünt harytlaryň satuwyndan tutuş girdejä (satylýan harytlaryň satuw we satyn alma gymmatynyň arasyndaky tapawut) laýyk gelýär.

Esasy işiniň girdejisinden başga-da, kärhana maýa goýumlar (inwestisiýa) we maliýe bilen geçirilýän işlerden girdeji gazanyp biler.

Inwestisiýa hereketinden düşewünt dolandyryşykda bolmadyk aktiwleriň satuwynyň we gymmat baha kagyzlaryň ýerlenilmesiniň maliýe netijesi görnüşinde aňladýar.

Maliýe hereketinden girdeji inwestorlaryň arasynda kärhananyň obligasiýalaryny we aksiýalaryny ýerlemeden netijeleri öz içine alýar.

Önümi satmadan girdejiniň şöhlelendirilmesiniň iki usuly kanun tarapyndan berkidilen:

- harytlaryň düşürilmegi (ýerine ýetirme, hyzmatlary etme) boýunça we kontragente hasaplaşyk resminamalarynyň görkezilmegi boýunça hasaplama usuly; düşewündiň dörän wagty-düşürilme senesi;
- töleg çägi boýunça – kassa (gazna) usuly: kärhananyň hasaplaşygyna serişdeleriň hakyky gelip gowuşmasy boýunça girdejini kesgitlemek.

Düşewünt býudžete goşmaça salgyt bolup düşýän, goşulýan gymmata salgytsyz we aksizsiz hasaba alynýar. Önümi eksportlaýan kärhanalar, döwlet girdejisine ugradylýan eksport tariflerini hem düşewüntden aýyrýarlar. Düşewüntden önümiň satuwyna gatnaşýan söwda we üpjün ediji satyjy kärhanalaryna düşýän goşmaça pullaryň (arzanladylnalaryň) jemi hem aýrylýar.

Kärhananyň hojalyk işiniň gutarnykly netijesi, üç sany emele getirijini öz içine alýan balans (umumy) gazanjylar:

- önümi (iş, hyzmaty) satuwdan gazanç (ýitgi);
- kärhananyň esasy serişdeleriniň we beýleki emlägiň satuwynydan gazanç (ýitgi);
- satuwa degişli bolmadyk amallardan alnan maliýe netijeleri.

Önümiň (işiň hyzmatyň satuwyndan gazanç (ýitgi)-bu kärhananyň tertipnamsynda bellenilen we kanun tarapyndan gadagan edilmeýän, islendik görnüşde amala aşyrylyp bilinýän, esasy hereketden (işden) alnan maliýe netijesidir. Maliýe netijesi işiň (hereketiň) her bir görnüşi boýunça bölek kesgitlenilýär we hereket edýän nyrhlarda önümiň (işiň hyzmatyň) sutuwyndan girdeji bilen onuň önümçiligine we satuwyna edilen harçlanmalar arasyndaky tapawuda deň (surat 8.2.)




**8.2.sur. Satuwdan gazanç**




**8.3.sur. Esasy serişdeleriň we beýleki emlägiň satuwyndan gazanç**

Kärhana öz emlägine özbaşdak eýeçilik edýär. Ol emlägiň hasapdan çykaryp-da, satyp-da, ýok edip-de, kärendesine berip-de, başga kärhanalaryň ustaw kapitalyna geçirip-de bilýär. Maliýe netijesi diňe emläk satuwynda bolup bilýär.

Esasy serişdeleriň we beýleki emlägiň satuwyndan gazanç satylan emlägiň satuw bahasy bilen satuw boýunça edilen çykdaýjylaryň hasaba alynmasynda onuň galan gymmatynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär (surat 8.3).

Satuwa degişli bolmadyk amallardan alnan maliýe netijeler – bu kärhananyň esasy işine (hereketine) degişli bolmadyk we önümiň, işleriň, hyzmatlaryň, esasy gaznalaryň we beýleki emlägiň satuwy bilen bagly bolmadyk dürli häsiýetdäki amllar boýunçaalnan gazanç (ýitgi). Maliýe netijesi satuwdan daşary amllardan girdeji bilen olara edilen harçlanmalaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.

Kärhananyň satuwdan daşary amallarynyň sanawy köp dürli we ýeterlik derejede giň göwrümlidir.

Satuwdan daşary amallardan girdejileriň düzümine aşakdakylar girýärler.

- emlägiň kärendesine (garaşly kärendä ) berilmeginden girdeji;
- daşary ýurt walýutasynyň aluw-satuw amallaryndan girdeji;
- başga guramalardaky paý gatnaşmalaryndan girdeji;
- kärhana degişli bolan aksiýalar, abligasiýalar we beýleki emitentleriň başga gymmat baha kagyzlary boýunça girdejiler;
- dellalçylyk işinden girdejiler;
- karz alma, kredit, bank goýumlarynyň şertnamalary, gymmat baha kagyzlary we beýleki karz borç;ary boýunça alnan, göterim görnüşdäki girdejiler;
- tükelleýiş netijesinde ýüze çykarylan, haryt-maddy gymmatlyklaryň artykmaçlarynyň gymmat görnüşdäki girdejiler;
- alnan we tölenilen jerimeleriň, şowsuzlyklaryň çäre görmekligiň beýleki görnüşleriniň saldosy;
- we başgalar.

Satuwdan daşary harçlanmalaryň düzümine aşakdakylar degişlidir:

- karz harçlanmalary (kredit gündelik we inwestisiýa karz almalary) boýunça göterim görnüşindäki harçlanmalar;
- gymmat baha kagyzlaryny çykarmaklygy guramak boýunça çykdaýjylar (emissiýalaryň, gymmat baha

kagyzlarynyň banklaryny taýýarlamak, (MB) ýazgysyny (reýestrini) saklamak, olary ýitirmezlik we başgalar);

- kazyýet çykdaýkjylar we araçy ýygymlar;
- banklaryň hyzmatlaryny tölemeklige çykdaýjylar;
- ulanylmadan çykarylýan esasy gaznalaryň ýok edilemsine çykdaýjylar, şol sanda, söküp aýyrma, ýerastlary daşama, gorap saklama üçin harçlanmalar;
- konsirwirlenen önümçilik kuwwatlarynyň we obýektleriniň saklanmagyna harçlanmalar;
- şertnama ýa-da karz borçlarynyň bozulmagy üçin herimeleriň ýa-da başga çäreleriň jemi görnüşindäki, şeýle hem ýetirilen zyýanyň öwezini goýlan pullaryň jemi görnüşindäki harçlanmalar.
- we başgalar.

Girdejiniň hojalyk hereketiniň gutarnykly maliýe netijesi hökmünde garalmagynda, alnan gazanjyň ählisiniň kärhanada galmaýandygyny, onuň salgyt salynma duçar bolýandygyny göz öňünde tutmalydyr.

Salgyt salynýan gazanjyň ululygyny almak üçin umumy gazanç RF-ň Salgyt kanunyň bap 25 madda 270 esasynda şeýle ýagdaýda düzedilip durulýar (surat 8.4):

- satuwdan daşary amallardan girdejileriň bu amallara edilen çykdaýjylara hem bolan ululygyna kemelýär;
- kärhana tarapyndan beýleki iş (hereket) görnüşlerinden, hususan hem, dellalçylyk, söwda-dellalçylyk hyzmatlarynyň, ätiýaçlandyrma hereketinden alnan gazanç ululygyna kemelýär;
- RF-ň kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda döredilýän ätiýaçlyk (rezerw) we beýleki ýörite gaznalara tutumlaryň jemine kemelýär;
- öňki salgyt döwründen ýetirilen çykdaýjy jemine kemelýär, şonda bu ýitginiň jemi salgyt bzasynyň 30% ýokary bolup bilmek;

- we beýleki maddalara.




**8.4.sur. Salgyt salynýan gazanç ululygynyň emele gelmegi.**

Girdejä salgydyň we býudžetiň beýleki tölegleriň tölenilmesinden soňky galan gazanç – arassa gazanç kärhananyň eýeçiliginde galýar we kärhana tarapyndan özbaşdak ulanylýar. Arassa gazanjyň harçlanylma ugurlarynyň kesgitlenilmegi, onuň ulanylyşynyň gurluş maddalary kärhananyň ygtybarlylygynda bolýar.

Arassa gazanjyň paýlaşdyrylmasy kärhananyň gaznalarynyň we ätiýaçlyklarynyň emele gelme prosessini (hereketini) şöhlelendirýär we firma içindäki meýilnamalaşdyrmanyň bir ugry bolýar.

Kärhananyň arassa gazanjy şeýle ugurlar boýunça paýlaşdyrylýar:

- Döretmek
  - toplama gaznasyny;
  - sarp etme gaznasyny;
  - ätiýaçlyk gaznasyny;
  - walýutadan tutmalar gaznasyny;
- Esaslandyryjylar (paýdarlar) arasynda paýlaşdyrmaklyga gazanç;
- Paýlaşdyrylmadyk gazanç (gazanç boýunça ätiýaçlyk).

Toplama gaznasy kärhananyň maliýeleşdirilmegi we sosial taýdan ösüşi üçin niýetlenen. Gazanç paýlanylanda we onuň ulanylmasynyň ugurlary kesgitlenilende, ilki bilen, kärhanayň önümçilik kuwwatynyň düýpli giňeldilmeginiň we täzelenmeginiň zerurdygyny buýruk berýän bazar konýukturasy hasaba alynmalydyr. Şuňa laýyklykda, gazançdan ylmy-barlag taslama, konstruktor we tehnologik işlerine, önümiň we tehnologik prosessleriň täze görnüşleriniň işlenip taýýarlanylmagyna we özleşdirilmegine, enjamlaryň kämilleşdirilmegine, tebigy goramaklyk çäreleriniň geçirilmesine çykdaýjylary maliýeleşdirmek üçin niýetlenen gorlary bolan önümçilik ösüşiniň gaznalaryna tutmalaryň göwrümleri kesgitlenilýär.

Çykdaýjylaryň bu toparyna başga kärhanalaryň satuw kapitalynyň döredilmegine esaslandyryjylaryň goýum hökmünde kärhanalaryň gazançdan tölemeleri (gatançlary); düzümine şu kärhana girýän kompaniýalara, birleşmelere, konsernlere giçirilýän serişdeler degişlidirler. Gazanjyň bir bölegib kredit maýa goýumlary (inwestsiýalary) boýunça göterimleriň tölegine hem ulanylýar.

Sosial zerurlyklara gazanjyň paýlaşdyrylmagy kärhananyň balansyndaky sosial-durmuş obýektlerini ulanma boýunça çykdaýjylary önümçilik üçin niýetlenilmedik obýektleriň gurluşygyny maliýeleşdirmeklige, sagaldyş, medeni – köpçülik çäreleriniň geçirilmegini öz içine alýar.

Sarp etme gaznasy işgärleriň sosial zerurlyklaryny we maddy taýdan höweslendirilmegini maliýeleşdirmeklige; sylaglary tölemeklige; ýylyň dowamyndaky iş we köp wagt gulluk edeni üçin tölegleri tölemeklige, ýolhatlaryň (putýowkalaryň), bejertmeleriň tölegine, pensiýalara goşmaça pullary bermekligi, zähmet weteranlaryna, pensiýa gidýänlere bir gezek berilýän baýraklary we beýlekileri tölemeklige ulanylýar.

Ätiýaçlyk gaznasy. Bazar gatnaşyklaryna geçiş şertlerinde töwekgellikli amallaryň geçirilmegine we şonuň netijesi bolýan telekeçilik işiniň girdejisiniň ýitirilmegine görä, serişdeleri ätiýaçlyk goýma zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň üçin kärhana arassa gazanjyndan maliýe (ätiýaçlyk) rezerwini, ýagny, töwekgellik gaznasyny döretmäge hukugy bar.

Bu ätiýaçlandyrmanyň ululygy ustaw kapitalynyň 15% hem bolmagy däl. Bu gaznanyň serişdeleri iş bilen baglanyşykly töwekgelliklerden bolup biljek harçlanmalary üstüni dolmak başga-da önümçilik we sosial taýdan kämilleşdirilmä, täze tehnikany işläp taýýarlama we ornaşdyrma, hususy dolanşyk serişdeleriniň ösdürilmegine gönükdirilen goşmaça harçlanmalara we kärhananyň ösüşi bilen şertlendirilän beýleki çykdaýjylara ulanylyp bilner.

Paýdarlar jemgyýetinde we bilelikdäki kärhanalarda ätiýaçlyk gaznalarynyň emele gelmegi salgyt salmadan ätiýaçlyk gaznasyna goýberilýän gazanç böleginiň aýrylmasy, birnäçe aýratynlyklara eýe bolýar:

- ätiýaçlyk gaznasynyň ululygy esaslandyryjy resminamalara laýyk gelmelidir;
- paýdarlar jemgyýetiniň ätiýaçlyk gaznasyna tutmalar ustaw kapitalynyň belli bir paýyndan az bolmaly däldir, bilelikdäki kärhananyň ätiýaçlyk gaznasy hem ustaw kapitalynyň belli bir paýyndan (bu paýlar kada resminamalarynda kesgitlenendirler) kem bolmaly däl.

Walýutadan tumalar gaznalaryny öz önümini eksport edýän kärhanalar, şeýle hem, eksportýor bolman, maliýe bazarynda walýuta amallaryny gecirýän edaralar döredýärler.

Esaslandyryjylar (paýdarlar) arasynda arassa gazanjy paýlaşdyrmaklyk esaslandyryjy resminamalara laýyklykda we hereket edýän kanun esasynda (ýeňillikden peýdalanýan we adaty aksiýalar boýunça diwidenleriň tölenme tertibi, obligasiýalar boýunça göterimleriň ululygy we ş.m.) amala aşyrylýar.Gazanjyň bir bölegi peýdalanylman galdyrylyp bilner. Ol gazanç boýunça ätiýaçlyk hökmünde çykyş edýär we kärhananyň geljekdäki ösüşi üçin çeşme hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Gazanjyň emele gelmesiniň we paýlanylmasynyň shemasy sur 8.5 görkezilen




**8.5.sur. Gaznanyň emele gelmesiniň we paýlanmasynyň shemasy**

## 8.3 Gazanja salgyt

Salgyt töleýjiler. Salgyt salynýan obýekt. Gazanja salynýan salgydyň töleýjileri:

- russiýa edaralary

- öz hereketini hemişelik hökümetiň üsti bilen Russiýa Federasiýasynda öz hereketini amala aşyrýan we ýa-da Russiýa Federasiýasyndaky çeşmelerden girdeýji alýan daşary ýurt edaralary.

Gazanja salynýan salgyt boýunça salgyt salynýan obýekt – bu töleýji tarapyndan alynýan gazançdyr.

Gazanç diýlip hasaplanýarlar:

1) Russiýa edaralaryüçin – edilen çykdaýjylaryň ululygyna kemeldilip, alnan girdeýji;
2) Öz hereketini hemişelik hökümetiň üsti bilen Russiýa Federasiýasynda öz hereketini amala aşyrýan daşary ýurt edaralary üçin – şol hökümetleriň üsti bilen edilen çykdaýjylaryň ululygyna kemeldilip, alnan girdeji;
3) Beýleki daşary ýurt edaralary üçin – Russiýa Federasiýasyndaky çeşmelerden alnan girdeji.

Islendik salgydyň, hususan hem gazanja salgysyň, hasaby çykarylanda, salgyt gelmeleriňululygynyň emele gelmeginde iki ýagdaýy tapawutlandyrmak zerur:

- salgyt bazasy (salgyudyň alynma ýeri);
- salgyt haky (näçe alynmaly .

## Salgyt bazasy

Salgyt bazasynyň kesgitlenilmeginde şeýle ýagdaýlary hasaba almak gerek:

1. salgyt bazasy bu – salgyt salynýan gazanjyň pul aňlatmasy. Salgyt töleýjiniň girdejileri we çykdaýjylary nyrhda hasaba alynýarlar.
2. salgyt salynmaly gazanç salgyt salynýan döwrüniň başyndan ösdürilme jeminde kesgitlenilýär.
3. Eger hasaplaşyk döwründe salgyt töleýji ýitgä sezewar bolan bolsa, bu döwrüň salgyt bazasy nola deň diýip hasap edilýär.

4. Esaslandyrjy tarapyndan ynanç emläkden alnan girdejileri esaslandyryja geçirilen hakyky girdejä bagly bolmazdan, satuwa daşary girdejileriň düzümine degişli edýärler. Umumy düzgün boýunça salgyt salynma degişli bolýar.
5. Ozalky salgyt döwrüniň (döwürleriniň) ýitgileri häzirki döwrüň salgyt bazasyny çekilen ýitginiň doly jemine ýa-da bu jemiň bir bölegine (ýitgileri geljege geçirmeklik) kemeldip bilerler. Ýitgileri (çekilen zyýanlary) şol zyýan ýeten salgyt döwründen soň gelýän gelejekdäki on ýylyň dowamyna geçirip bolar (geçirilýän ýitgi jemi salgyt bazasynyň 30% ýokary bolup bilmez)

Eger zyýan ýetmeler bir däl-de, birnäçe salgyt salma döwürlerinde bolup geçen bolsalar, bu hili zyýan ýetmeler geljege ýeten nobatlary boýunça geçirilýärler.

**Salgyt bazasynyň hasaplanmagy.**

Salgyt bazasynyň hasaplanmagy şeýle amala aşyrylýar (sur 8.6)

1) Satuwdan girdejileriň jemi kesgitlenilýär, şol sanda:
- öz öndürýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satuwyndan girdeji;
- emlägiň, emläk hukularynyň satuwyndan girdeji;
- gazma bazarynda dolanşykda bolmaýan gymmat baha kagyzlarynyň satuwyndan girdeji;
- satyn alynýan harytlaryň satuwyndan girdeji;
- esasy serişdeleriň satuwyndan girdeji;
- hyzmat edýän ýnümçilikleriň we hojalyklaryň harytlaryň satuwyndan girdeji.

2. Çykdaýjylaryň jemi kesgitlenilýär:
- önümçilige we öz öndürýän harytlaryň satuwyna harçlanmalar;
- emläk satuwynda edilýän çykdajylar;

- gymmat baha kagyzlarynyň satuwyndaky harçlanmalar;
- emläk satuwynda edilýän çykdajylar;
- gymmat baha kagyzlarynyň satuwyndaky harçlanmalar;
- satyn alynma harytlaryň satuwyndaky harçlanmala;
- esasy serişdeleriň satuwyndaky harçlanmalar;
- hyzmat ediş önümçilikleri we hojalyklary tarapyndan harytlar satuwynda edilen çykdajylar.

Harçlanmalaryň umumy jemi tamamlanmadyk gurluşygyňgalyndy jemine, ammardaky iýmitleriň galyndy jemine we düşürilen, emma hasaplaşyk döwrüniň soňuna tölenilmedik önümiň jemine kemeldilýär.

3. salgyt salynýan gazanç ululygy hasaplanylýar, ol aşakdakylardan emele gelýär:

- öz öndüren önümiň (işiň, hyzmatyň) satuwyndan girdeji, şeýle hem emläk, esasy serişdeler we satyn alma harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satuwyndan girdeji (ýitgi);
- gymmat baha kagyzlaryň satuwyndan girdeji (ýitgi);
- hyzmat ediş önümçilikleriniň we hojalyklarynyň önüminiň, işiniň satuwyndan girdeji (ýitgi);
- satuwa degişli bolmadyk amallardan girdeji (ýitgi)




Sur. 8.6 Salgyt bazasynyň emele gelmegi.

## Girdejä salynýan salgyt.

Girdejä saalgyt stawkasy 24% möçberde bellenilýär we kanuna laýyklykda dürli derejedäki býujetler arasynda göterim gatnaşygynda paýlaylýar (8.7)




Sur. 8.7 Girdejä salynýan salgydyň paýlanmasy.

## 8.4. Kärhana işiniň haýyrlylygy (düşewintliligi)

Kärhananyň önümçilik – hojalyk hereketiniň netijeliliginiň möhüm görkezijisi bolmak bilen gazanç onuň netijeliligi barada doly düşünje berip bilmeýär, sebäbi harçlanylýan gorlaryň ululygyny hasaba almaýar. Kärhananyň önümçilik – hojalyk işiniň netijeliligi haýyrlylyk (düşewintlilik) görkezijileriniň ulgamy bilen bahalandyrlýar.

Hereketiň netijeliliginiň bahasynyň ölçegi hökmünde serediýän umumylaşdyrjy görkezijisiniň bolmagy, kärhananyň maliýe we ykdysady ýagdaýynyň doly suratyny emele getirmäge ýardam berýär.

Haýyrlylyk görkezijileriniň ulgamy öz içine alýar: - kärhananyň aktiwleriniň girdejiligini,

- hususy kapitalyň girdejililigi;
- satuwyň (ýerlenilmäniň) girdejililigi;
- önümçiligiň girdejililigi;
- önümiň girdejililigi.

Umumy görnüşde haýyrlylyk (girdejililik) 100 (b%) köpeldilen hereketiň (işiň) belli bir netijesini şöhlelendirýän gazanç ölçegine (görkezijisine) bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

$$\mathbf{D=G/D_g \cdot 100}$$

$\mathbf{D_g}$– görkeziji derejesi.

Anyk maksatlara baglylykda haýyrlylyk balans, arassa we paýlanylmadyk gazanç boýunça kesgitlenilýär.

Aktiwleriň girdejililigi balans we arassa gazanç boýunça kesgitlenilýär.

$$\mathbf{D_a=G_b /A \cdot 100}$$

ýa-da

$$\mathbf{D_a=G_a /A \cdot 100}$$

Şu ýerde: $G_b$ **we** $G_a$– degişlilikde balans we arassa gazanç, man**.,** **A** – kärhana aktiwleriniň ululygy (ýylyň başyna ýa-daahyryna, ýa-da otaça ýyllyk),man..

Aktiwleriň haýyrlylygy aktiwlere goýlup, kapitalyň rublyna alnan, balans gazanjyň göterimini ýa-da aktiwleriň rublyna hasabyndan kärhanada galýan arassa girdejiniň göterimini häsiýetlendirýär.

Hususy kapitalyň haýyrlylygy hususyýetçiler tarapyndan goýlan her bir rublyndan kärhananyň görýän gazanjyny görkezýär.

$$D_{hk}=G_{hk}/K_h \cdot 100$$

ýa-da

$$D_{hk}=G_p /K_h \cdot 100$$

Şu ýerde**:** $G_p$– kärhananyň paýlanylmadyk gazanjy;
$K_h$– kärhananyň hususy kapitaly.
Satuwlaryň (ýerlemeleriň) haýyrlylygy kärhananyň önümiň satuwyndan girdejiniň her bir manadyndan alýan gazanjynyň göterimini häsiýetlendirýär.

$$D_ý=G_b /G_s \cdot 100$$

Şu ýerde : $G_s$– önüm satuwyndan alnan girdeji (Goşmaça gymmata salgytsyz we gümrük haksyz).

Önümçiligiň haýyrlylygy – bu balans gazanjynyň esasy önümçilik gaznalaryň **(EF)** we dolanşyk serişdeleriň **(DS)** ortaça ýyllyk gymmatynyň jemine bolan gatnaşygy:

$$D_ö=G_b /(EF +DS) \cdot 100$$

Önümiň haýyrlylygy balans gazanjynyň önümiň öndürilmegine edilýän harçlanmalaryna bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär.

$$D_{önüm}=G_b /H \cdot 100$$

Önümçiligiň haýyrlylygynyň çägini kesgitlemek üçin, haýyrlylyk böwediniň kesgitlenilmegini ulanmak bilen, satuwdan girdejiniň jemlenen, şeýle hem üýtgeýän we hemişelik harçlanmalry bilen deňeşdirilmegini ulanýarlar.

Haýyrlylyk böwedi – bu kärhananyň gazanjy hem, ýitgisi hem bolmaýan, ýagny önüm satuwyndan girdejiniň üsti bilen çykdaýjylar diňe ýapylýan, önüm öndürmekligiň (burawlama, gazyp çykarma, ulag, gaýtadan işläp taýýarlama göwrümi) we onuň satuwyndan girdeji almaklygyň möçberidir.

Geljekde önüm öndürmekligiň ýokarlanmasy kärhanany haýyrly, peselmesi – zyýan çekiji edýär.

Haýyrlylyk böwedi

$$\mathbf{HB = H_{hem}/(G_s + H_{üýt.})\ G_s}$$

şu ýerde: $\mathbf{H_{hem.}, H_{üýt.}}$ -önüm öndürmeklige çykdaýjylaryň hemişeki we üýtgeýän bölegi (nebit gazyp çykarmakda, takmynan degişlilikde 65 we 35%)

# ULANAN EDEBIÝÄTLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.Tom I II III. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Tom I II III. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. Beýik Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň ýangyç-energetika pudagy Aşgabat ş. 2009ý.
11. Dünýäniň gaz kartasyndaky täze ugur. Aşgabat ş. 2009ý.
12. Türkmenistanyň Nebiti – gazy we mineral serişdeleri Aşgabat ş. 2009ý.
13. Türkmenistanyň nebit gaz pudagy täze Galkynyşlar eýýamynda Aşgabat 2009ý.
14. Дунаев Ф., Егоров В. Экономика нефтяной и газовой промышленности « М.,Недра 1988 г.

15. Егорин Р. « Экономический анализ деятельности геологических организаций», М, Недра 1988 г.
16. Фрайдо И., «Финансы нефтяной и газовой промышленности», М, Недра 1988г.
17. Зуев В, Никотин А. «Практикум по экономике организации и планирования» М, Недра 1988 г.
18. Haklemdiýew N. “Gaz we Türkmenistanyň ykdysadyýeti” Aşgabat, Ylym , 1992 ý.
19. Миловидов К. Кредит и методы оценки эффективности воспроизводства запасов нефти и газа». Недра, 1999 г.
20. Богданчиков С.М., Перчик А.И. Соглашение о разделе продукции – М Нефть и газ, 1999г.
21. Волков О.И. Экономика предприятия: Учебник/Под ред. Проф. Волков О.И. М: ИНФРА-М 2006г.
22. Выварец А.Д. Экономика предприятия: учебник для студентов вузов по специальности 080502 «Экономика и управление на предприятии (по отраслям)» - М: ЮНИТИ-ДАНА 2007г.
23. Зубарева В.Д. Финансово – экономический анализ проектных решений в нефтегазовой промышленности Ь., Нефть и газ 2000г.
24. Мастепанов А.М. «Топливно-энергетический комплекс России на рубеже веков: состояние, проблемы, перспективы развития»и – М Энергия 2001г.
25. Раицикий К.А. Экономика организации (предприятия): Учебник. М: Дашков и К 2003г.
26. Сергеев И.В. Экономика предприятия. М: Финансы и статистика 2005г.
27. Финансы предприятий нефтеназовой промышленности пол.ред. Зубаревой В.Д., Злотниковой Л.Г. и др. М: 2000г.
28. Экономика предприятия под. Ред. Проф. Волков О.И. М: ИНФРА-М 2001г.
29. Экономика предприятия / Под ред. Проф. Палеха А.С. Ростов – н/Д Феникс 2002г.

# MAZMUNY

**Giriş.................................................................... 7**

**I Bap...................................................................... 10**

**II Bap.Ýurduň nebit gaz resurslaryny dolandyrmak........................................................ 32**
2.1.Nebit gaz toplumynyň (kompeksiniň) kärhanalar… 32
2.2.Nebit gaz resurslarynyň dolandyrylmasynyň häzirki döwür beýany……………………………….. 38
2.3.Nebit gaz resurslarynyň peýdalanmasynda daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagy……………………... 42
2.4.Nebit gaz toplumynyň Döwlet tarapyndan dolandyrylyşy………………..……………………… 45

**III Bap.Nebit gaz toplumynyň kärhanalarynyň esasy fondlary (gaznasy)……………............................ 47**
3.1.Esasy fondlar kärhananyň balansynyň aktiwiniň has ähmiýetli maddasy hökmünde………………….. 47
3.2.Maddy esasy fondlaryň düzümi we gurluşy. Olary bahalandyrma usullary……........................................ 49
3.3.Esasy fondlaryň amortizasiýasy……….………..... 57
3.4.Esasy fondlaryň peýdalanylmasynyň görkezijileri.. 59
3.5.Bazar ykdysadyýetinde önümçilik kuwwatynyň netijeli peýdalanylmagynyň konsepsiýasy(özeni)…... 70

**IV Bap.Nebit gaz toplumyndaky kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleri……..………………………… 88**
4.1.Dolanyşyk serişdeleriň düzümi we gurluşy………. 88
4.2.Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak (normirlemek)....................................................……. 92
4.3.Dolanyşyk serişdeleriň peýdalanylmasynyň netijeliliginiň görkezijileri…………………………..... 103

**V Bap.Nebit gaz toplumynyň kärhanalardaky işgärler we olaryň zähmet haky…………………… 112**
5.1.Kärhananyň personalynyň düzümi we klassifikasiýasy……………………………..…….... 112
5.2.Ilatyň iş bilen meşgullygy we işsizlik……………..... 120
5.3.Kärhana işgärleriniň zähmetine hak töleme………. 130

**VI Bap.Nebit gaz pudagynda önümçilik borçlanmalarynyň emele gelşi……..............……... 144**
6.1.Çykdaýjylaryň düzümi, klassifikasiýasy we önümiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy…........... 144
6.2.Nebit gaz gözleg işleriniň özüne düşýän gymmaty........................................................................ 149
6.3.Burawlama işleriniň özüne düşýän gymmaty…….. 151
6.4. Nebit we gazy gazyp almaklygyň özüne düşýän gymmaty………...........................................……..... 155
6.5.Nebit önümleriniň özüne düşýän gymmaty..……… 160
6.6.Nebit we gazy daşama we saklama gurluşynyň (sistemasynyň) özüne düşýän gymmatlygy...……….. 162

**VII Bap. Kärhanada nyrhyň emele gelmesi............ 166**
7.1.Nyrh syýasaty........................................................ 166
7.2. Nyrhyň ýerine ýetirýän hyzmatlary...................... 168
7.3. Bazar şertlerinde önüm nyrhynyň emele gelşi........ 170
7.4. Nyrhyň düzümi we görnüşleri.............................. 172
7.5. Nyrh kesgitlenme usuly........................................ 177
7.6. Nyrhlary frankirleme............................................ 179

**VIII Bap. Senagat önümçiliginiň gazanjy we peýdalylygy.............................................................. 187**

8.1. Gazanjyň düýp esasy, ähmiýeti, ýerine ýetirýän hyzmaty. Gazanç ululygynyň üýtgemegine täsir edýän ýagdaýlar...................................................... 186
8.2 Gazanjyň emele gelmesi we bölünişi...................... 191

**Ulanan edebiýatlar…………………………………..…** 210